**A.Kazygulyýew, O.Geldimuhammedowa,**
**O.Çaryýewa**

# DAŞARY YKDYSADY IŞ

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat — 2011

UOK 339.9:378
K 32

A. Kazygulyýew we başg.
K 32 **Daşary ykdysady iş.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Bu okuw gollanmasy ykdysady hünärler boýunça hususanda, daşary ykdysady gatnaşyklar boýunça taýýarlanýan talyplar, bu ugurda zähmet çekýän mugallymlardyr hünärmenler, şeýle-de halkara gatnaşyklar bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenýär.

TDKP № 55, 2011 KBK 65.9(2 Tü)8 ýa73

© A. Kazygulyýew we başg., 2011




**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Güneşli diýarymyz ýurt Garaşsyzlygyny gazanandan soňra dünýä döwletleri bilen ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýdy. Hormatly Prezidentimiziň ýöredýän parasatly daşary syýasaty ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynyň binýady bolup çykyş edýär. Hoşmeýilli, ikitaraplaýyn bähbitli gatnaşyklara esaslanýan Türkmenistan häzirki günde dünýäniň 129-dan gowrak ýurdy bilen diplomatik gatnaşyklary, 104-den gowrak ýurdy bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýdy. Häzirki wagtda ýurdumyz bilen ysnyşykly gatnaşyklary amala aşyrmaga meýilli döwletleriň sany barha artýar.

Bazar ykdysadyýetine geçmekligi tapgyrma-tapgyr amala aşyrmaga girişen türkmen jemgyýetinde öň känbir ulanylmaýan sözler peýda bolup başlady, ýagny dünýä bazary, paýnama, telekeçi, dünýä bahalary, kapitalyň halkara hereketi, işçi güýjüniň migrasiýasy we ş.m. Jemgyýete täze ornaşan sözleriň köpüsi diňe daşary ykdysady gatnaşyklar sferasynda ýa-da ykdysadyýet pudagynda zähmet çekýänlere düşnükli bolaýmasa, giň halk köpçüligi üçin onuň nämedigi nämälimligine galýardy. Onuň hem sebäbi öňki soýuz döwründe daşary söwdany diňe döwletiň ygtyýarly edilen we berk gözegçilik astynda saklaýan edaralary alyp barýardy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda bolsa ýurdumyzda telekeçilige giň ýol açylandan soň dünýä bazary, halkara bahalary ýaly düşünjeler bilen ýaş türkmen telekeçileri we hünärmenleri ýüzbe-ýüz boldular. Şonuň üçin «Daşary ykdysady işi» öwrenmek şu günki Täze Galkynyş zamanasynyň zerur talabydyr.

Bu kitapda dünýä hojalygynyň emele gelmegi, onuň emele gelmegine täsir edýän faktorlar, häzirki zaman dünýä bazarynyň aýratynlyklary, kapitalyň halkara hereketiniň häzirki akym meýilleri, Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary, ýurdumyzyň dünýä

hojalygyndaky orny, halkara gatnaşyklaryň ulag üpjünçiligi, halkara gatnaşyklaryň hukuk üpjünçiligi ýaly meselelere seredilýär.

Okuw gollanmasynyň esasy maksady talyplara daşary ykdysady amallaryň tehnikasyny, olaryň görnüşlerini we olary durmuşa geçirmegiň usullaryny düşündirmekden ybaratdyr.

# 1-nji BAP. HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLARY ÖSDÜRMEGIŇ ÄHMIÝETI

## 1.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde daşary bazaryň zerurlygy

Halkara söwda gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Halkara alyş-çalyş gul eýeçilik we feodalizm gurluşynda-da alnyp barlypdyr. Ýöne, halkara söwda öndürilen önümleriň az bölegi gatnaşdyrylypdyr. Bu önümlere gymmat bahaly matalar, sütükler, minerallar we geň-enaýy zatlar degişlidir. Kapitalistik jemgyýetçilik-ykdysady gurluşa çenli hojalyk natural häsiýetli bolupdyr. Önümler belli bir hojalyklarda, uly bolmadyk territoriýalarda öndürilipdir we sarp edilipdir.

Feodalizmiň dargamagy bilen kapitalistik gatnaşyklar ösüp başlaýar. Natural hojalykdan haryt-pul gatnaşyklaryna geçilip başlanmagy halkara söwdanyň ösmegine uly itergi berdi. Kapitalizmiň ýola goýulmagy, milli hojalyklaryň döremegi, milli döwletleriň döredilmegi, milli bazarlaryň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Milli döwletleriň döredilmegi bazar gatnaşyklaryny ösdürmegiň birinji tapgyry bolup, ol içerki milli hojalygyň öndüriji güýçleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň çalt ösmegine alyp bardy. Mundan beýläkki ösüş ýoly milli hojalyklaryň öndüriji güýçleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

Bazar ykdysadyýetiniň ösmegi milletleriň iki sany taryhy meýlini, ýagny:

birinjiden, milli döwletleriň döredilmegine, milletler arasyndaky gapma-garşylyklara garşy göreşe, milli durmuşyň we milli hereketiň oýanmagyna;

ikinjiden, milletleriň biri-birine goşulyşmagynyň, kapitalyň halkara hereketiniň, ykdysadyýetiň, ylmyň, syýasatyň we ş.m. ösmegine getirýär.

Öndüriji güýçleriň ösmegi iri senagatyň emele gelmeginde-de wajyp ähmiýete eýedir. Iri senagatyň döremegi bolsa öz gezeginde bazar gatnaşyklary şertlerinde döwletleriň arasyndaky hojalyk gatnaşyklarynyň hil taýdan ösmegine getirdi. Netijede, bu ýagdaý halkara ykdysady gatnaşyklarda düýpli öwrülişigiň emele gelmegine alyp bardy.

Öndüriji güýçleriň ösüşindäki progres önümçiligiň göwrüminiň ulalmagyna, harytlaryň ulag şertleriniň gowulaşmagyna we netijede döwletara haryt alyş-çalşygynyň ösmegine, şunuň bilen birlikde iri maşyn gurluşygynyň aýry-aýry döwletleriň halkara söwdasyna bagly bolmagyna getirdi. Sebäbi belli bir territoriýada öndürilýän önüm milli bazaryň isleginden has ýokarydyr. Şeýlelikde, öndürilen önümleri satmak üçin daşarky bazarlaryň zerurlygy ýüze çykýar.

Öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmak önümçiligiň senagatlaşdyrylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Senagatlaşmak öndürilýän önümleriň goýberilişini artdyrmak, täze pudaklaryň we täze önümçilikleriň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Bu proses öz gezeginde ýangyjyň dürli görnüşlerine, çig mala we materiallara bolan islegi ýokarlandyrýar. Hemme döwletlerde tebigy baýlyklaryň görnüşi, ýerleşişi gyradeñ däldir. Şonuň üçin tebigy baýlygy az bolan ýurtlar, ony beýleki döwletlerden satyn almaga mejbur bolỳarlar.

Tehniki ösüş häzirki zaman şertlerde çig mallaryň tygşytly, köptaraplaýyn peýdalanylmagyna, täze sintetiki materiallaryñ döredilmegine, galyndysyz tehnologiýa geçilmegine getirdi. Netijede çig mallary import edýän döwletleriň daşarky çeşmelere garaşlylygy peseldi. Mysal üçin, geçen asyryň 70-nji ýyllarynda dünýä hojalygynda ýüze çykan ýangyç krizisi zerarly täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy netijesinde ösen döwletlerde ýangyjyň sarp edilişi 35% pese gaçdy.

Ilatyň köpelmegi, täze zawod-fabrikleriň gurulmagy bilen öňi-soňy çig maly import edýän döwletleriň islegi barha artýar. Käbir döwletler öz çig mal isleginiň agramly bölegini importyň hasabyna kanagatlandyrýar.

Dünỳäde, aýratynam Günbatar Ýewropada iri senagatyň çalt ösmegi iri senagatly şäherleriň döremegine getirdi. Şäher ilatynyň

ösmegi oba hojalygynda zähmet çekýänleriň senagata çekilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu ýurtlarda oba hojalygy ilaty azyk bilen üpjün edip bilmese-de, adamlaryň şähere göçmegi has çaltlaşdy. Munuň sebäbini şäheriň sosial-medeni ýagdaýynyň obanyňkydan has ýokary bolmagy bilen düşündirip bolar.

Döwletleriň senagatlaşmagy oba hojalygyna-da öz täsirini ýetirdi. Oba hojalygynyñ mehanizmleşdirilmegi oba hojalyk önüminiň öndürilişine öz täsirini ýetirdi. Emma, oba hojalygyň ösüşini senagat bilen deňeşdireniňde pesdir. Sonuň üçin günbatar ýurtlary azyk önümleri bilen özüni doly ekläp bilmeýär. Şeýle-de yssy klimatda ýetişýän önümlere bolan isleg has ýokarlanýar. Ol önümlere kakao, çaý, kofe, subtropik önümler degişlidir.

Ösen döwletleriň oba hojalygynyň tehniki taýdan öwrülişigi Beýik Watançylyk urşundan soň başlandy. Öwrülişigiň netijesinde oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, zähmet öndürilijigini ýokarlandyrmak başartdy. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda öz-özüňi üpjün etmek syýasaty ýöredilip başlandy. Häzirki wagtda hem ösen ýurtlar azyk önümleriniň ep-esli bölegini import edýärler.

Maşyn senagaty—munuň özi köpçülikleýin önüm öndürmeklikdir. Bu önümçiligi guramak üçin zähmet şertleriniň gowulanmagy we zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy wajypdyr. Şeýle hem önümçiligiň ýöriteleşmesiniň çuňlaşmagy zerurdyr. Köpçülikleýin önüm öndürilişiň ýöriteleşmesiniň ösmegi täze bir meseläni ýüze çykardy. Ol mesele hem öndürilen önümleri milli bazaryň göterip bilijiligidir. Meselem, käbir maşynlar we enjamlar belli bir döwletde az möçberde sarp edilýär. Emma, käbir iri senagatly döwletlerde belli-belli enjamlary öndürmek amatlydyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň şertlerinde kosmiki enjamlary ýa-da kömür şahtalarynda ulanylýan enjamlary öndürmegiň ýa-da satyn almagyň hiç-hili ähmiýeti ýok. Emma, Russiýanyň şertlerinde bu enjamlary öndürmek peýdalydyr. Ýöne, belli bir önümçilige ýöriteleşmedik, emma, şol önümçilik hereket edýän ýurtlar önümçilik üçin zerur bolan enjamlary satyn alýar. Mysal üçin, Türkmenistan kagyz önümçiligine ýöriteleşen diýip aýdyp bolmaz, emma, hereket edýän kagyz kombinaty üçin dürli önümçilik enjamlaryny bu ugra ýöriteleşen ýurtlardan satyn alýar. Netijede ýöriteleşen önümçilik diňe bir içerki bazar üçin däl, eýsem daşarky bazar üçin hem zerurdyr.

Telekeçiler öz peýdalaryny has giňeltmek maksady bilen öndüren önümlerini daşarky bazarlarda ýerleşdirmeklige ymtylýarlar. Taýyn önümlerini daşarky bazarlara ugradyp başlan döwletler bolup ilkinji senagatlaşyp başlan ýurtlar çykyş edýär. Olar öz taýyn önümlerini ösüp gelýän döwletlere ugradýarlar we olardan azyk hem-de çig mallary import edýärler.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde öndürijiler ilki bilen ösüp gelýän ýurtlara däl-de, ösen ýurtlaryň bazaryna okdurylýarlar. Munuň özi iki maksady yzarlaýar. Birinjiden, ösen ýurtlaryň sarp edijiligi has ýokary, ikinjiden ýerli öndürijini bäsleşikden mahrum etmek üçin. Şeýlelikde, Beýik Watançylyk urşundan soň YTR-iň netijesinde ýurtlaryň arasyndaky haryt alyş-çalşygy has ýiti bäsleşige öwrüldi.

Geçen asyryň 70—80-nji ýyllarynda ykdysadyýetde daşary söwdanyň ähmiýeti has artyp başlady. Ösen ýurtlarda bu görkeziji eksportyň jemi içerki önüme bolan gatnaşygynda aňladylyp başlandy. Munuň özi ahyrky jemgyýetçilik önümiň näçe böleginiň daşarky bazarlarda ýerleşdirilendigini görkezýär. Bu gatnaşygy şeýle formula bilen aňladyp bileris:

$$D=E/JJÖ$$

bu ýerde: E—eksporty, JJÖ—ýurduň jemi jemgyýetçilik önümini aňladýar (bu formulada eksportyň diňe maddy düzümi göz öňünde tutulýar).

YTP şertlerinde hemme döwletleriň pudaklarynyň eksport paýy artýar, diýip aýdyp bolmaz. Täze döredilen önümçilik ilki bilen milli bazaryň islegini kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. Şonuň üçin önümçiligiň eksportdaky paýy belli bir wagt aralygynda üýtgäp biler. Ýöne, islendik önümçiligiň eksporta nazarlanmasy üýtgewsizligine galýar.

Territoriýasy uly bolmadyk we az ilatly ösen döwletleriň daşary ykdysady gatnaşyklara baglylygy has güýçlüdir. Bu döwletleriň häzirki zaman ägirt uly önümçiligini guramaga mümkinçiligi bolmaýar. Bu döwletlerde çäkli önümçilik pudaklary hereket edýär. Şonuň üçin bu döwletleriň jemi içerki önüminiň ýarysyna golaýy eksport edilýän bolsa, ilatyň islegini kanagatlandyrmak üçin JIÖ-niň ýarysyna golaýy import edilýär. Şeýle döwletlere Niderlandlar, Belgiýa, Norwegiýa degişlidir. Şonuň üçin bu döwletlerde täze ylym siňňitli önümçilik, halkara ýöriteleşme we halkara kooperirlenme agdyklyk edýär.

Ösen döwletleriň içinde daşary ykdysady gatnaşyklara garaşlylygy pes bolan döwlet ABŞ-dyr. Bu döwletiň önümçiligi toplumlaýyn häsiýete mahsusdyr. Ýöne YTP şertlerinde bu ýurduň önümleri öz bäsdeşlerinden yza galýar.

Umuman alanyňda, daşarky bazar ösen we ösüp gelýän döwletler üçin wajyp ähmiýete eýe bolmagynda galýar.

## 1.2. Häzirki zaman dünýä bazarynyň aýratynlyklary

Halkara söwda öz gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Emma dünýä bazary, takmynan, XVI asyrda kemala gelip başlaýar. Dünýä bazarynyň emele gelmegi kapitalistik jemgyýetçilik gurluşynyñ ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Halkara zähmet bölünişigi esasynda önümçiligiň ýöriteleşmesiniň çuňlaşmagy bolup geçýär. Netijede döwletleriň arasynda haryt alyş-çalşygy barha ösüp, milli bazarlaryň biri-biri bilen berk baglanyşygy emele gelýär.

Dünýä söwdasynyň düzümi üýtgäp durýar. Dünýä haryt dolanyşygynyň irki döwründe ösüp gelýän döwletleriň eksportyny çig mal we azyk önümleri tutýardy. Ösen ýurtlaryň eksporty senagat önümlerinden ybaratdy. Ösüp gelýän ýurtlaryň eksportynda düýpli düzümleýin üýtgeşiklik bolmasa-da, ösen ýurtlaryň eksportynda birnäçe gezek üýtgeşme bolup geçdi. Halkara söwdanyň düzüminiň üýtgemeginiň esasy faktory bolup, kapitalyň eksport edilmegi çykyş edýär. Kapitalyň eksport edilmegi bilen ösüp gelýän döwletler indi taýyn önümi däl-de, şol önümi öndürmek üçin zerur bolan enjamlary satyn alyp başladylar. Munuň özi Beýik Watançylyk urşundan soňky döwürde dünýä haryt dolanyşygynyň düzüminde enjamlaryň wajyp orny eýelemegine getirdi. Önümçilik enjamlarynyň söwdasynyň ýokarlanmagy, uruşdan soňky döwürde döwletleriň arasyndaky zähmet bölünişiginiň has çuňlaşmagyna alyp bardy.

Milli bazar bilen dünýä bazarynyň aýratynlyklaryny tapawutlandyrmak gerek. Milli bazardaky harytlaryň hereketi ykdysady faktorlar bilen şertlendirilendir. Ýagny, kärhana bilen kärhananyň arasyndaky, welaýat bilen welaýatyň arasyndaky gatnaşyk we ş.m. Milli bazardaky harytlaryň hereketine hiç-hili çäklendirme ýokdur. Emma, milli bazarlaryň arasyndaky haryt alyş-çalşygyna, milli bazarda öndürilen harytlaryň hemmesi gatnaşman diňe çäkli bir bölegi gatnaşýar.

Ýene-de bir tapawutly aýratynlygy bolup, dünýä bazarynda dünýä bahalarynyň hereket etmegidir.

Dünýä bazarynda harytlaryň ýeke bir maddylaşdyrylan görnüşinden başga-da dünýäniň hyzmatlar bazary hem hereket edýär. Bu hyzmatlar, hususan-da, ylmy-tehniki häsiýetli bolup, ol ygtyýarnamalar halkara söwdanyň ösmegine uly itergi berdi. Umuman dünýä bazary döwletara haryt alyş-çalşygy bilen häsiýetlendirilýär.

Dünýä hojalygy bazar ykdysadyýeti şertlerinde kapitalistik ýurtlaryň arasyndaky däp bolan ýiti bäsleşik göreşi esasynda ösýär. Aýry-aýry döwletleriň daşary söwdasynyň düzümi, geografiýasy, bäsleşige ukyply harytlary esasynda dünýä bazaryndaky orny üýtgeýär. Bu üýtgeşme belli bir döwletleriň peýdasyna bolsa, beýleki bir döwletler zyýana galýar. Ýagny, bäsleşige ukyply harytlary öndürýän döwletiň dünýä bazaryndaky orny barha giňeýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde dünýä bazary goşmaça gymmatyñ we peýdanyň möçberini ýokarlandyrmagyň serişdesi bolup çykyş edýär. Bu ýagdaý ösüp gelýän döwletleriň dürli potensialyny peýdalanyp, deň güýçli bolmadyk alyş-çalşygyň esasynda bolup geçýär.

Monopolistik kapitalizm eýýamynda dünýä bazarynda iri halkara monopoliýalar agalyk edýärdi. Olar dünýä bazaryny özara paýlaşyp, kesgitli harytlara diňe öz bahalaryny goýýardylar. Bu monopoliýalar häzir hem hereket edýär. Indi olar öz daşky keşplerini birneme üýtgedip, halkara konsernler ýa-da trestler görnüşinde çykyş edýärler. Bu monopoliýalara ABŞ-nyň, Angliýanyň we beýleki ösen ýurtlaryň trans milli kompaniýalary (TMK) degişlidir.

Dünýä bazarynyň monopoliýalaşan derejesini milli bazarlaryň monopoliýalaşan derejesi bilen deňeşdireniňde pesdir. Sebäbi dünýä bazaryna öz döwletlerinden uly goldaw alýan köpsanly TMK gatnaşýar. Munuň özi ýiti bäsleşigiň döremegine we hödürlemäniň ösmegine getirýär.

Emma, milli bazaryň belli-belli pudaklarynda bir-iki sany monopoliýalar hereket edýär. Bular uzak ýyllaryň dowamynda öz bäsdeşlerini tozduran ýa-da özüne birikdiren we şunuň netijesinde

ägirt uly güýje öwrülen monopoliýalardyr. Bu monopoliýalar käbir döwletlerde bir pudagy tutuşlygyna diýen ýaly öz ellerinde saklaýarlar. Şonuň üçin şeýle kompaniýalary hereket edýän pudagyndan çetleşdirmek örän çetin. Mysal üçin, ABŞ-da «Boingi» uçar gurluşygyndan, «Microsoft» kompaniýasyny kompýuter programmirlemesinden we ş.m.

Dünýä bazarynyň monopoliýalaşan derejesi milli bazarlara garanyňda pes diýsegem, ýokary derejede ýöriteleşen, çylşyrymly pudaklar diňe ösen döwletleriň elindedir. Käbir ugurlarda bir ýa--da iki döwletiň agalygy dowam edýär. Muňa mysal hökmünde atom tehnologiýasyny, kosmos senagatyny görkezmek bolar. Şu iki pudakda monopollaşma has hem güýçlenýär. Mysal hökmünde Russiýa Federasiýasy tarapyndan Ýer orbitasyna çykarylan harby we hojalyk taýdan hyzmat etmäge ukyply «GLONASS» ulgamyny görkezmek bolar.

Umuman dünýä bazaryndaky bäsleşikde esasy orun ösen ýurtlara degişlidir. Olar dürli çäreler arkaly milli bazaryny daşary ýurt harytlaryndan goramak bilen çäklenmän, diňe eksport maksatly önümçiligi döretmek syýasatyny alyp barýarlar.

Häzirki zaman dünýä bazarynyň häsiýetli alamatlarynyň biri halkara söwdany sazlaşdyrmakda döwlet monopolistik formasynyň barha ösmegidir, ýagny Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB), Bütindünýä söwda guramasynyñ (BSG) döredilmegi. Bu guramalar dünýä haryt söwdasyna düýpli täsir edýärler.

Bütindünýä söwda guramasynyň halkara söwdany ösdürmekdäki ähmiýeti örän ýokarydyr. Halkara söwdany erkinleşdirmek baradaky edilen görnükli hereketler Beýik Watançylyk urşundan soň, ýagny 1947-nji ýylda amala aşyryldy. Ilki 23 döwletiň gatnaşmagynda BSG döredildi. Onuň agzalarynyň sanynyň artmagy häzir hem dowam edýär. Bu guramany döretmegiň maksady dünýä ýüzünde ykdysady gepleşikleriň we amallaryň bütewi hukuk ulgamyny döretmekden ybaratdyr. Bu gurama girýän ýurtlar hoşmeýilli eglişikler etmeklige borçlanýarlar. Mysal üçin, ABŞ haýsy hem bolsa bir ýurda tarifleri aşakladýar. Meselem, Awstraliýanyň ýüň we ýüň önümlerine salynýan tarifler 20%-den 10%-e çenli peseldildi.

BSG-niň aşakdaky şertlerini ýerine ýetirmek hökmandyr:

1. Ösüp gelýän ýurtlar ösen ýurtlaryň önümlerine kwota goýmalydyr.
2. Söwda bloklary mysal üçin, Ýewropa Bileleşigi bu bloga girmeýän ýurtlara ýeňilliklere ýol bermeýär.
3. Ykdysadyýet kynçylygyny başdan geçirýän ýurt tarif ýeňilligini etmäge borçlanmaýar.
4. Taraplar tarifler baradaky ylalaşyga gol çekişmän hereket edýän düzgün boýunça ylalaşýarlar.
5. Döwletler dürli çekişmeler ýüze çykan ýagdaýynda BSG-niň kanunlaryna ýüz tutmalydyr.
6. Söwda çekişmeleri harby, syýasy dartgynlyklarda ýüze çykyp bilýär diýlip hasap edilýär.

Bütindünýä söwda guramasy halkara söwda gözegçilik ediji gurama hökmünde-de çykyş edýär, ýagny söwda-da ýüze çykýan arz-şikaýatlara hem seredýär. Arz-şikaýata serediliş tertibi şeýledir, ýagny şikaýatçy öz arzyny subut etmelidir. Beýleki döwletler bolsa düzgüni bozujydan talap bildirýärler. Eger-de bildirilýän talap ýerine ýetirilmese, onda oňa dürli ykdysady gysyşlary görkezýärler.

## 1.3. Dünýä söwdasynyñ düzümi we kapital eksporty

Beýik Watançylyk urşundan soň dünýä söwdasynyň ösüşi çalt depginler bilen artyp başlady. Dünýä söwdasynyň çalt depginler bilen ösmegine iki sany faktor täsir etdi. Birinji faktora elmydama bolşy ýaly YTR degişlidir. YTR-iñ ösüş şertleri köp döwletlerde köne önümçiligiň tehniki taýdan täzeçe guralmagy, täze pudaklaryň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle hem belli bir derejede kapitalistik ýurtlaryň arasynda özleriniň material ýagdaýlaryny gowulandyrmak ugrundaky göreş, monopoliýalara peýdany köpeltmekligi zähmet hakyny peseltmegiň hasabyna däl-de, diňe tehniki ösüşiň ýoly bilen gitmeklige mejbur edilmegi bu ýurtlarda belli bir amatlylyk döretdi. Şeýle hem dünýä hojalygynyň iki ulgama bölünmegi kapitalistik ýurtlaryň dolandyryjy toparlarynyň esasy ünsüni ykdysadyýetiň ösüş derejesine bermegine getirdi. Munuň özi bir tarapdan syýasy maksatlary hem yzarlaýardy.

Ýokarda bellenilip geçilenler uruşdan soňky döwürde kapitalistik ýurtlara özleriniň daşary söwdasyny giňeltmeklige amatly şert döretdi.

Monopolistik kapitalizm şertlerinde daşary söwdanyň ösdürilmeginiň täze faktory ýüze çykýar. Bu faktor kapitalyň daşyna çykarylmagydyr. Köne kapitalizm üçin harydyň daşyna çykarylmagy häsiýetlidi. Täze kapitalizm üçin bolsa, kapitalyň daşyna çykarylmagy häsiýetlidir. Kapitalyň daşyna çykarylmagy haryt söwdasynyň peselmegine getirmän, tersine, halkara söwdanyň ösmegine alyp barýar.

Daşary ýurt maýasynyň ösüp gelýän döwletleriň ykdysadyýetine çekilmegi, hususan-da eksportçylyk pudagyna goýulmagy maýany import edýän ýurduň ýöriteleşmesiniň çuňlaşmagyna getirýär. Bu bolsa öz gezeginde ösüp gelýän ýurtlaryň dünýä bazaryna öz harytlaryny çykarmagyna mümkinçilik berýär. Maýa çykarýan, hususan-da telekeçilik maýasyny çykarýan ýurda daşary ýurtda döredilen önümçilikden özüne zerur bolan önümi satyn almaga mümkinçilik berilýär. Şeýle kärhanalarda öndürilen harytlar, ýerli öndürijileriň harytlaryndan arzan bolýar. Mysal üçin, ABŞ-nyň «IBM» kompaniýasy özüniň zawodlarynyň köpüsini daşary bazarlarda gurup başlady. ABŞ-nyň öz içinde öndürilen kompýuterlerden, «IBM» kompaniýasynyň Türkiýede öndüren kompýuterleri has arzan. Munuň özi bäsleşik üçin uly amatlylyk döredýär.

Daşary ýurtlara uly möçberde maýa çykarýan kärhanalar ýuwaş-ýuwaşdan halkara monopoliýalaryna öwrülýärler. Bu proses, aýratyn-da YTP şertlerinde has güýçlenýär.

## 1.4. Senagat taýdan ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň esasy ykdysady meseleleri

Senagat taýdan ösen we ösüp gelýän ýurtlarda, esasan, 6 sany ykdysady mesele ýüze çykýar. Bu meselelere şu aşakdakylar degişlidir:

1. Ykdysady ösüş.
2. Inflýasiýa (puluň hümmetsizlenmegi).
3. Söwda strategiýasy.
4. Daşary söwda dolanyşygynyň oňyn bolmazlygy.

5. Döwletara bergidarlyk.
6. Ilatyň garyplygy.

Indi şu meseleler barada aýratynlykda durup geçeliň.

**Ykdysady ösüş.** Ykdysady ösüş—munuň özi jemi içerki önümiň (JIO) ýyllyk artyşydyr. Bu ösüşe ýerli we daşary ýurt kärhanalary täsir edýär. Daşary ýurt kärhanasynyň beýleki bir ýurduň ykdysadyýetine aralaşmagy üçin ýurtda ykdysadyýeti ösdürmek baradaky döwrebap kanunlar we syýasy durnuklylyk zerurdyr. Ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň ösen ýurtlara garanyňda ýokary bolmagy hem maỳa goỳumlaryň töwekgelçiliginiň ýokary bolup galmagyny aradan aýyrmaýar.

Ykdysady ösüş hemme ýurtlarda, sebitlerde gyradeň däldir. Bu ýagdaý JIÖ-niň jan başyna düşüşiniň birmeňzeş bolmazlygyna getirýär. Käbir ýurtlarda bu görkeziji birden ýokarlandy. Bu ýurtlara nebit gazyp alỳan ýurtlar mysal bolup biler. Olar nebitiň hasabyna bu görkezijini ýokarlandyrdylar. Käbir ýurtlar döwlet eýeçiligindäki önümçilikleri hususyýetçilige bermegiñ hasabyna JIÖ-niñ artyşyny ýokarlandyrdylar. Mysal üçin, Angliýanyň ulag ulgamynyň tutuşlygyna hususyýetçilige berilmegi bu pudagyň netijesiz işlemeginiň öňüni aldy. Emma, ilatyň köpelişi bilen ykdysady ösüşiň arasyndaky oňaýsyz tapawudyň esasynda ilatyň sosial ýagdaýy barha aşaklaýar.

**Hümmetsizlenme.** Puluň hümmetsizlenmegi islendik döwletiň öňündäki hemişelik meseleleriň biri bolup durýar. Puluň hümmetsizlenmegi öňi bilen halkyñ durmuş-ykdysady ýagdaýyna oňaỳsyz täsir edýär. Umuman hümmetsizlenmegi ykdysady ösüşiň derejesi bilen kesgitleýän hem bolsalar, bu ýagdaý ösen ýurtlarda hem ýüze çykýar. Ýöne, ýokary ykdysady ösüş hümmetsizlenmegiň ösüşini bökdeýär. Hümmetsizlenmegiň derejesi käbir ýurtlarda örän ýokarydyr. Mysal üçin, 1980—1988-nji ýyllar aralygynda bu görkeziji Argentinada—290,5%, Braziliýada—188,7%, Boliwiýada—482,8%, Peruda—119,1%, Ysraýylda—136,6%-e barabar boldy. Hatda Braziliýada 1980-nji ýyllaryň ahyrynda bu görkeziji 1000%-e çenli baryp ýetdi.

Ýokary hümmetsizlenme hojalyk birliginiň içerki we daşarky amallaryny kynlaşdyrýar. Oňa girdejisiz galmak howpuny döredýär. Mundan sowlup geçmek üçin hümmetsizlenmegiň ösüş derejesini

kesgitlemeli. Emma, hümmetsizlenmegiň ösüşini öňünden kesgitlemek kyndyr. Ony diňe çaklamak mümkin. Hümmetsizlenme şertlerinde kärhana öndüren harytlaryna gaty ýokary baha kesýär. Bu ýagdaýyň özi bazarda pul ýetmezçiligi zerarly hümmetsizlenmegi belli bir derejede saklaýar.

Harydyň bahasyny çalşylýan kurs esasynda hem wagtlaýynça saklap bolýar. Emma, çalşylýan walýutanyň özi hümmetsizlenmä uçran bolsa, onda kompaniýa halkara bazarda öz ornuny gowşatmak howpy abanýar. Onuň üçin diňe demping (harydy bahasyndan arzan satmak) ýoly galýar. Emma, bu ýol hem howpludyr. Sebäbi hümmetsizlenmegiň näçe wagta çekjekdigi belli däldir.

Hümmetsizlenme ýurduň hökümeti bilen ilatyň arasynda syýasy deňagramlylygy bozýar. Eger-de hökümet bazara gözegçilik edip, zähmet hakynyň ösüşini düzgünleşdirmese, halkyň hakyky (real) girdejileri pese gaçýar. Bu ýagdaý bolsa nägilelige alyp barýar.

**Daşary söwda strategiýasy.** Ýurtlaryň daşary söwda syýasatlary ykdysady aýratynlyklaryndan gelip çykýar. Ösen ýurtlar harytlaryň arzan düşýänini özi öndürip, gymmat düşýänini import edýärler. «Aziýa aždarhalary» we Ýaponiýa ýaly ýurtlar önümçiligi eksporta gönükdirýärler. Argentina, Filippinler ýaly ýurtlar önümçiligi, esasan, içerki bazar üçin niýetleýärler.

**Daşary söwda dolanyşygynyň oňyn bolmazlygy.** Ýurtlaryň daşary söwda dolanyşygynyň oňyn bolmazlygy ýurtlaryň geljegi üçin ynjalyksyzlyk döredýär. Bu ýagdaý ösüp gelýän ýurtlarda has hem ýiti ýüze çykýar. Emma, bu ýagdaý diňe ösüp gelýän ýurtlarda däl, eýsem, ösen ýurtlarda hem ýüze çykyp biler. Mysal üçin, ABŞ-nyň daşary söwdasy birnäçe ýyllap oňyn däldir. 2005-nji ýylda ABŞ-nyň daşary söwdasynda eksport 500 million dollar, import bolsa 1,1 trillion dollara deň boldy.

**Döwletara bergidarlyk.** Döwletara bergidarlyk ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň deň däldigi esasynda ýüze çykýar. Oňa dürli döwürlerde ýüze çykýan krizisler hem täsir edýär. Mysal üçin, 1970--nji ýyllarda ýüze çykan energiýa krizisinden soň, dünýä ýurtlarynyň ABŞ-a bergisi 100 mlrd dollar bolan bolsa, 1980-nji ýyllarda bu görkeziji 1 trln 336 mlrd dollara ýetdi.

**Halkyň garyplygy.** BMG-niň «Dünýäniň ösüşi» baradaky

dokladynda bu mesele uly orun tutýar. Dünýä ylmynyň gazananlary netijesinde adamyň ýaşaýyş derejesi ýokarlandy. BMG-niň hasaplamagyna görä, bir adama düşýän ýyllyk girdeji 370 dollardan pes bolsa, onda ol garyp hasap edilýär. Häzir şeýle girdejili adamlaryň sany dünýä boýunça milliardlarçadyr. Halkyň garyplygyna JIÖ-niň ösüşiniň pesligi, dogluşyň ýokarylygy esasy täsir ediji faktordyr. Garyplykdan çykmak üçin BMG iki sany ýoly teklip edýär.

1. ***Ykdysady ösüşiň netijeli görnüşi***—zähmeti köp talap edýän önümçilik, tehnologik täzelikleriň peýdalanylmagy.

2. ***Sosial şertleri döretmeklik***—ýagny bilim, saglygy goraýyş, şeýle hem dogluşy gözegçilikde saklamak.

Birinji ýagdaýda esasy orun TMK degişli diýlip hasap edilýär. Ikinji ýagdaýda bolsa esasy orun döwlete degişli.

## 1.5. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň orny

Islendik milli ykdysadyýet daşary söwda bilen baglanyşyklydyr. Ýurduň dünýä hojalygyndaky orny onuň daşary söwdasynyň möçberi bilen kesgitlenýär. Eger-de ýurduň daşary söwdasy näçe uly bolsa, onda ol dünýä hojalygyna şonça integrirlenen bolýar ýa-da tersine, daşary söwda näçe pes bolsa şonça hem baglanyşyk gowşakdyr.

Eksportyň ýokarlanmagy milli ykdysadyýetiň ösüşine oňaýly täsir edýär. Sebäbi eksport edilen harytlar ilki milli hojalykda öndürilýär we soňra ýurduň daşyna iberilýär. Başgaça aýdanymyzda, eksport edilen harytlar jemi içerki önümiň bir bölegidir. Şonuň üçin JIÖ-niň eksportlyk bölegi artýan bolsa, onda ol durnukly ykdysady şertlerde jemi içerki önümiň hem ösüşini üpjün edýär.

Käbir döwletleriň jemi içerki önüminde eksportlyk harytlaryň paýy ýokary. Mysal üçin, Ýaponiýanyň jemi içerki önüminiň eksport edilen bölegi, takmynan, 10%, ABŞ-nyňky 4-5%, Germaniýanyňky 5—6%-e barabar. Bu görkeziji eksporty JIÖ bölmek arkaly kesgitlenýär.

Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ýylsaýyn ýokarlanmagy, eksportymyzy ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Yurdumyzyň eksport kuwwaty her näçe ýokarlansa, milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy şonça-da artýar. Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy yurduň daşary söwdasy bilen

kesgitlenýär. Şu nukdaýnazardan seredenimizde ýurdumyzyň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy barha pugtalanýar diýip, arkaýyn aýdyp bileris. Bu aýdylanlary bolsa ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň ýylsaýyn ýokarlanmagy bilen delillendirip bolar. Ýurdumyzyň 2007-nji ýyldaky daşary söwdasynyň degişli döwür bilen deňeşdireniňde 40%-e golaý ösmegi, şeýle hem eksportymyzyň importymyzdan has ýokary bolmagy, ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin amatly şertleri döredýär. Ýagny, daşary söwdamyzyň oňaýly bolmagy, ykdysadyýetimiz üçin zerur bolan daşary ýurt walýutasynyň yzygiderli gelip durmagyny üpjün edýär. Daşary söwdamyzyň ýylsaýyn ösmegi bir tarapdan ykdysadyýetimiziň barha pugtalanýandygyny we halkymyzyň sosial-medeni ýagdaýynyň barha gowulanýandygyny alamatlandyrsa, beýleki tarapdan milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň barha çaltlaşýandygyny görkezýär. Şu ýerde aýratyn bir begendiriji görkezijini getirmelidiris. Ýagny, ýurdumyzyň daşary söwdasynyň ösüşi, dünýäniň söwda dolanyşygynyň ösüşinden has çaltdyr. Halkara bilermenler dünýä söwdasynyň her ýyl 2—3% depgin bilen ösýändigini belleýärler. Bu ösüş dünýä döwletleriniň daşary söwdasynyň jemi arkaly kesgitlenýär. Diýmek, şu görkeziji arkaly deňeşdirenimizde ýurdumyzyň daşary söwdasynyň onlarça esse artykdygyny görüp bolýar. Ýagny, dünýä söwdasynyň artyşy her ýyl 2—3%-e deň bolsa, ýurdumyzyň daşary söwdasynyň artyşy 40%-e barabar. Bu deňeşdirme milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna goşulyşmak we ony barha giňeltmek prosesiniň çalt depginler bilen bolup geçýändigini subut edýär. Ýurdumyzyň eksportynyň we importynyň artyşyny dünýä söwdasynyň ösüşi bilen hem deňeşdirmek bolar. Şeýle deňeşdirmäni geçirmek üçin bize ýene-de esasy görkeziji bolup dünýäniň jemi söwdasy çykyş edỳär. Dünýäniň eksportyny ýa-da importyny hasaplamak üçin döwletleriň daşary söwdasynyň jemini ikä bölmeli. Dünýä söwdasynyň ikä bölünmegi bize dünýäniň eksportyny ýa-da importyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Sebäbi dünýäniň eksporty dünýäniň importyna deňdir. Şu görkezijileriň ikisi boýunça deňeşdireniňde-de, ýurdumyzyň eksportynyň we importynyň ösüş depgininiň has ýokarydygyny görüp bolýar. 2007-nji ýylyň jemine seredenimizde ýurdumyzyň eksportynyň we importynyň bilelikde 40%-e golaý ösendigine göz ýetirip bolýar. Bu getirilen deňeşdirmeler ýurdumyzyň daşary söwdasynyň ösüşiniň

dünýäniň söwdasynyň ösüşinden has ýokarydygyny subut edýär. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň ýokarylygy wagtlaýyn häsiýete eýe bolman, indiki ösüşlerimize badalga berýär. Sebäbi yurdumyzyň ykdysady kuwwaty egsilmezdir. Ýurdumyzyň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň has çaltlaşmagynyň we has çuňlaşmagynyň aýdyň kepilnamasy bolup kabul edilen milli maksatnamalarymyz çykyş edyär. Milli maksatnamalarymyzda bellenilen sepgitler ýurdumyzyň dünýä ykdysadyýetiniň iň bir kuwwatly we dünýä hojalygyna iň bir integrirlenen döwletleriň biri bolmaklyga getirýär. Ýurdumyzyň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň has çaltlaşmagyna ýeke bir içerki syýasaty däl, eýsem daşary ykdysady syýasaty hem uly täsir edýär. Sebäbi daşary ykdysady syýasat umumy ykdysady syýasatyň aýrylmaz bir bölegidir. Sebäbi eksport edilyän harytlar jemi içerki önümiň bir bölegidir. Hut şu nukdaýnazardan ugur alýan Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet baştutanlygyna saýlanan ilkinji günlerinden başlap ýurdumyzyň daşary gatnaşyklaryny mundan hem beýläk ösdürmeklige aýratyn üns berip başlady. Ỳokarda aỳdylanlara hormatly Prezidentimiziň dürli ýurtlara resmi iş saparlaryny mysal getirip bileris. Bu saparlarynyň hemmesinde-de hormatly Prezidentimiziň esasy maksady dürli döwletler bilen ýurdumyzyň daşary söwdasyny ösdürmek bolupdy. Bu saparlaryñ netijesine baha berlende ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň we daşary gatnaşyklarynyň ösmeginde täze bir döwrüň daňynyň atandygyny görmek bolýar. Ýagny, ýurdumyzyň eksportynyň we importynyň ösmegi, milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygynda esasy orny eýeleýän döwletleriň birine öwrülendigini aňladýar. Umuman alanyňda, ýokardaky aýdylanlar dünýä ykdysadyýetiniň geografiýasynda Türkmenistan atly täze bir ykdysady merkeziň emele gelendigini görkezýär.

# 2-nji BAP. HALKARA SÖWDADAKY ŞERTNAMALAR

## 2.1. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň mazmuny

Daşary söwda amallary—munuň özi dürli döwletleriň we olara degişli hojalyk birlikleriň arasyndaky haryt alyş-çalyş işleriniň toplumydyr. Bu işleriň düzümine bazardaky anyk harydyň hereketini öwrenmek, harydyň reklama işleri, ýerleşdirmek ulgamyny döretmek, täjirçilik teklipleri we islegi öwrenmek, gepleşikleri geçirmek şertnamalary baglaşmak we ony ýerine ýetirmek ýaly işler degişlidir.

Daşary söwda amallarynyň esasy elementi bolup şertnama çykyş edýär. Şertnamanyň predmeti bolup alyş-çalyş edilýän haryt, potratçylyk we kärende çykyş edýär.

Baglaşylan şertnamalary ýerine ýetirmek üçin kömekçi şertnamalar baglaşylýar. Kömekçi şertnamalar maslahat beriş firmalary, reklama agentlikleri, söwda araçylary, ýük daşaýjy firmalar bilen baglaşylýar.

Halkara söwdada daşary söwda amallarynyň dört görnüşi tapawutlandyrylýar:

**Eksport amallary**—daşary ýurtlara öz harydyňy satmaklyga düşünilýär (eksport sözi italýan sözi bolup **eks**—*gitmek, gitdi,* **port**—*deňiz duralgasy*, ýagny portuň üsti bilen serhetden daşyna çykarylmagy aňladýar).

**Import amallary**—daşary ýurtlardan ýurduň içine haryt getirmeklige aýdylýar (import sözi hem italýan sözi bolup **im**—*gelmek*, *geldi* diýen manyny aňladýar). Eksport we import amallary mazmun taýdan birmeňzeşdir. Ýagny, bir ýurt üçin eksport beýleki ýurt üçin import bolup durýar we tersine, bir ýurt üçin import beýleki ýurt üçin eksport bolup durýar. Bu ýerde esasy üýtgeýän zat söwda hyzmatdaşlardyr.

**Reeksport amallary**—ozal import edilen harytlary gaýtadan eksport etmeklige düşünilýär. Mysal üçin, Taýwanyň eksporty jemi içerki önümiň 130%-i diýip hasap edilýär. Eger-de jemi içerki önümi tutuşlygyna eksport edenimizde-de, ol 100% bolmaly. Onda bu ýerde 30% nireden geldi? Taýwanyň geografiki ýerleşişine seredeliň. Söwda gämileriniň gatnaw ýollarynyň ugrunda ýerleşýän bu döwlet öz kenarlarynda düşleýän gämilerden ýükleri satyn alýar we beýleki birine satýar. Bu amallara çig maly we ýarym fabrikaty gaýtadan işläp satmaklyk hem degişlidir.

**Reimport amallary**—öň satylan harydyñ gaýtadan yzyna satyn alynmagyna aýdylýar. Mysal üçin, Wengriýa özünde öndürilýän elektrik energiýasynyň gymmat düşýänligi sebäpli elektrik energiýasyny köp talap edýän alýuminiý toýnuny Russiýa ugradýar we taýyn alýuminini yzyna alýar. Töleg görnüşi hökmünde taýyn alýumininiň bir bölegi Russiýada galdyrylýar.

## 2.2. Haryt alyp-satmak hakyndaky şertnamalaryň düzümi

Daşary söwda amallary halkara şertnamalar arkaly amala aşyrylýar. Şertnama boýun alnan borçnamalary ýerine ýetirmegiň kepili bolup çykyş edýär.

Halkara şertnamalaryň mazmuny aşakdakylardan ybaratdyr:

**Taraplaryň kesgitlenmegi.** Şertnama hakykatdan-da taraplaryň kesgitlenmegi bilen başlanýar. Ýagny, alyjy we satyjy bolup kim çykyş edýär? Firma, gurama we ş.m.

**Şertnamanyň predmeti.** Harydyň gysgaça atlary we şertnamanyň görnüşi kesgitlenýär. Şertnamanyň görnüşlerine potratçylyk, kärende, garşylyklaýyn, barter we ş. m. degişlidir.

**Ýük ugratmagyň bazis şertleri.** Bu şertlere alyjynyň we satyjynyň ýükleri ugratmak we eltmek bilen baglanyşykly işleri borçnamalaýyn paýlaşmak amallary degişlidir. Ýük ugradylyşyny düzgünleşdirmek üçin Halkara söwda palatasy (HSP) tarapyndan «Inkoterms» ýygyndysy esasy gollanma bolup hyzmat edýär. Bu ýygyndy ilkinji gezek Halkara söwda palatasy (HSP) tarapyndan 1936-njy ýylda söwda adalgalaryny düşündirmegiň halkara düzgünleriniň jemini çap etdi. Bu düzgünler «Inkoterms–1936» ady bilen bellidir. Bu düzgünlere soňra 1953, 1967, 1976, 1980, 1990-njy

ýyllarda we häzirki wagtda 2000-nji ýylda häzirki zaman tejribesine laýyk getirmek üçin HSP tarapyndan düzedişler we goşmaçalar girizildi. Häzirki wagtda bu ýygyndy «Inkoterms–2000» ady bilen hereket edýär.

**Ýüki ugratmagyň möhleti.** Şertnamada hökman ýüki ugratmagyň möhleti senenama hasaby boýunça görkezilýär. Şeýle hem şol möhletiň içine ugradyjynyň ýüki gyssagly ugratmagy ýa--da alyjynyň ýüki wagtyndan öň talap edip bilmegi ýaly şertler hem girizilýär.

**Harydyň mukdary**. Bu bölümde harydyň möçberi görkezilýär. Harydyň möçberi sanda, jübütde, komplektde görkezilýär. Şeýle hem iberilen harydyň sanyna haýsy guramanyň kepil geçýändigi we oňa haýsy resminamalaryň şaýatlyk edýändigi bellenilýär.

**Harydyň bahasy we şertnamanyň jemi bahasy**. Bu bölümde, adatça, harydyň bir birliginiň bahasy we şertnamanyň jemi bahasy görkezilýär. Daşary söwda şertnamalarynda baha kesgitlenende dünýä bahalaryndan ugur alynýar.

Harydyň jemi bahasy bilen şertnamanyň jemi bahasynyň arasynda tapawut bardyr. Şertnamanyň jemi bahasy harydyň jemi bahasyndan ýokarydyr. Sebäbi ol öz içine ýol çykdajylaryny, ätiýaçlandyrma, gümrük işlerini hem alýar.

Harydyň jemi bahasy kesgitlenende ilki bir anyk harydyň bahasy kesgitlenýär we şol baha hem harydyň jemi sanyna köpeldilýär. Bahalary iki tarap hem öňünden hasaplaýar. Şeýle-de harydyň bahasyna inderim (skidka) bermek hem göz öňünde tutulyp bilner.

**Töleg şertleri.** Şertnamada, adatça, özara töleg şertleri anyk görnüşde yzygiderli beýan edilýär. Töleg görnüşlerine inkasso, telegraf, awans (hakuç), weksel, tratta, bank kepilligi we ş.m. degişlidir. Harydyň satylan wagty bilen töleg wagtynyň gabat gelmezligi mümkin. Bu ýagdaýda ýüze çykaýjak ýitgilerden gaça durmak üçin dürli walýuta ylalaşyklary ulanylýar. Ýagny, şertnamada görkezilen walýuta durnuksyz häsiýete eýe bolsa, onda ylalaşyga laýyklykda başga walýutada tölenilýär. Käbir halatda tölegde «walýuta sebedi» hem ulanylýar. Munuň özi harydyň töleginiň birnäçe walýutada tölenmegini aňladýar.

**Gaplamak we belgilemek** (упаковка и маркировка). Harydy

gaplamak ýüki ugratmaklygyň bazis şertlerine degişlidir. FOB we SIF şertlerine laýyklykda deňiz üsti bilen ugradylýan ýükler deňiz şertlerine laýyklykda gaplanýar (gury ýer bilen ugradylýan ýükler gury ýer şertlerine laýyk gaplanýar).

Ýüki belgilemek halkara kadalary we satyn alyjynyň ýörite talaby esasynda ýerine ýetirilýär. Harydy belgilemek işi, esasan, reklama işlerinde netijeli hasaplanýar.

**Harydyň hili.** Şertnamada harydyň ýa-da ýerine ýetirilen işiň hil tarapy möhüm ähmiýete eýedir. Harydy ýa-da hyzmaty satyjy satyn alyjynyň öňünde satan harydynyň we hyzmatynyň hiline kepil geçýär. Bellenen möhletiň dowamynda satylan harydyň ýa-da hyzmatyň hili bellenen talaba laýyk gelmese, satyn alyjy nägilelik bildirmek hukugyny öz elinde saklaýar. Şeýle ýagdaý ýüze çykan halatynda taraplar täzeden ylalaşyga gelýärler. Mysal üçin, gurlan gurluşyk desgasynyň bir bölegi talap edilýän hile gabat gelmese ýa-da alnan enjam wagtyndan öň hatardan çyksa, satyjy bu ýagdaýy öz serişdesiniň hasabyna düzedýär.

Hili barlamak, ýitgileri peseltmek maksady bilen harydyň ýa-da hyzmatyň hiline ýörite hünärmenler, ýöriteleşdirilen firmalar gözegçilik edip biler.

Kepillik möhleti tamamlanýança satyn alyjy nägilelik bildirmek hukugyny elinde saklaýar. Harydyň ýa-da hyzmatyň kepillik möhleti tamamlanansoň, satyn alyjy nägilelik bildirmek hukugyndan mahrum bolýar.

**Ätiýaçlandyrma.** Harytlaryň ätiýaçlandyrma işi ýüki daşamagyň ulag şertleri bilen baglanyşyklydyr. Ätiýaçlandyrmak meýletin esasda amala aşyrylýar. Halkara tejribesinde ýük ätiýaçlandyrylanda ätiýaçlandyrma tölegi hökmünde ýüküň umumy bahasynyň 10%-i ätiýaçlandyrylýar. Munuň özi ýüküň bahasynyň 10% ýokarlanmagyna getirýär.

Şertnamada ätiýaçlandyrmanyň görnüşleri ýa-da töwekgelçiligiň görnüşleri görkezilýär. Eger-de töwekgelçilikleriň görnüşi görkezilmedik bolsa, onda ähli jogapkärçilik ätiýaçlandyryjy tarapyň boýnuna düşýär.

**Öňüni alyp bolmajak ýagdaýlar.** Şertnamanyň şertleri ýerine

ýetirilende kä halatda öňüni alyp bolmajak ýagdaýlar ýüze çykýar. Halkara tejribesinde bu ýagdaý fors-mažor diýlip atlandyrylýar. Fors--mažor ýagdaýlara ýer yranmasy, suw alma, apy-tupanlar, epidemiýa, harby hereketler, iş taşlaýyşlar, şertnamany ýerine ýetirmeklige hökümetiň päsgelçilikleri degişlidir.

Fors-mažor ýagdaýynda şertnamany saklamak, amatsyz netijeleri aradan aýyrmak, kä halatda bolsa temmi (sanksiýa) ýaly çäreler ulanylýar.

Şertnamada fors-mažor diýlip tassyklanmagy üçin Halkara söwda palatasynyň tassyklamasy görkezilmelidir. Söwda palatasy hakykat-dan-da «fors-mažor» ýagdaý diýip tassyklandan soňra, taraplaryň haýsy hem bolsa biriniň nägilelik görkezmegi peýdasyzdyr.

**Temmi (sanksiýa).** Söwda hereketleriniň barşynda taraplaryň birden-biriniň borçnamasyny ýerine ýetirip bilmezligi mümkin. Meselem, satyjy harytlaryň wagtynda öndürip ýetişmezligi, daşaýjynyň ýüki öz wagtynda ugradyp bilmezligi, alyjynyň ýüki wagtynda kabul edip bilmezligi we ş.m.

Temmi jerimesi halkara tejribesinde, adatça, şu aşakdaky möçberlerde ulanylýar:

a) 1 günden 30 güne çenli—0,05%;

b) 30 günden 60 güne çenli—0,08%;

ç) 60 günden hem geçse—0,12%. Bu jerime her gün üçin salynýar we her gezekki jerime ýüküň jemi bahasyndan tutulýar. Temmi jerimesiniň ýokary çägi 8%-den geçmeli däldir.

Harydyň ýa-da hyzmatyň hili bellenen standarta laýyk gelmese hem, temmi jerimesi ulanylyp bilner.

**Jedelli meseleleri çözmek.** Şertnamanyň ýerine ýetirilmezligi bilen baglanyşykly işleri taraplar özara gepleşikleriň esasynda çözmäge synanyşýarlar. Synanyşyk başa barmasa, arbitraža, ýagny üçünji tarapa ýüz tutýarlar. Arbitražyň gelen netijesi gutarnyklydyr we täzeden bildirilen nägilelik seredilmäge degişli däldir.

**Şertnamanyň beýleki şertleri.** Şertnamanyň beýleki şertleri köp sanlydyr. Olary doly sanamak mümkin däl. Ýöne olaryň köp gabat gelýäni aşakdakylardyr:

—şertnamany baglaşmagyň, bes etmegiň we üýtgeşme girizmegiň tertibi;

—eksportýoryň harydyň tehniki resminamalaryny bermeklige borçlanmagy;

—harydyň ugradylanyny habar bermek;

—nägilelikleri bildirmegiň möhleti we tertibi;

—ýörite synag şertleri;

—arz etmek möhleti;

—taraplaryň çykarylan we getirilen ygtyýarnamalary kabul etmegi;

—taraplaryň gümrük salgytlary we ýygymlary boýunça ylalaşyklary;

—gurnama işleriniň şertleri;

—ätiýaçlyk şaýlary bilen üpjün etmek we tehniki taýdan gurnamak işleriniň şertleri.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä ýurtlarynyň arasynda halkara söwdada şertnamalaryň borçnamalaryny talabalaýyk ýerine ýetirýän ýurtlaryň hatarynda tanalýar.

## 2.3. Şertnamalaryň görnüşleri we aýratynlyklary

Halkara söwdada alyş-çalyş şertnamalaryndan başga-da şertnamalaryň birnäçe görnüşleri hereket edýär. Olaryň biri hem potratçylyk şertnamasydyr. Potratçylyk şertnamasynyň haryt şertnamasyndan tapawutly taraplary bardyr. Haryt şertnamasynda alyjy we satyjy diňe özara hereket edýärler. Taraplaryň öz üstüne alan borçnamasyny üçünji bir tarapyň üstüne ýüklemäge hukugy ýokdur. Potratçylyk şertnamasynyň tapawutly tarapy hem şundadyr. Ýagny, bir tarapyň öňünde harydy ýa-da hyzmaty boýnuna alan tarap, bu işleriň belli bir bölegini üçünji bir tarapyň ýerine ýetirmegine mümkinçilik berýär. Potratçylyk şertnamalary göwrümi boýunça örän giňdir. Oňa harytlary öndürmek, dürli gurluşyk işlerini amala aşyrmak, önümçiligi enjamlaşdyrmak, taslama-konstruktor işleri degişlidir.

Potratçylyk şertnamasynyň predmeti bolup potratçynyň ýerine ýetirýän we buýrujynyň kabul eden işi çykyş edýär. Mysal üçin, potratçy taslamany, gurluşygy, önümçiligi ulanmaga taýýarlaýar we desgany buýruja ylalaşylan häsiýetde tabşyrýar.

Potratçylyk şertnamasynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem öz ýerine ýetirýän işleri üçin buýrujynyň öňünde doly jogapkärçilik

çekýänligidir. Potratçynyň özi hem başga bir tarapy potratçylyga tutup biler. Ýöne işiň möhleti, hili, jogapkärçiligi üýtgemeýär.

Potratçylyk işiniñ aýratynlyklarynyň ýene biri hem bellenen işi bellenen möhletde buýrujynyň gözegçiligi astynda ýerine ýetirmek we tabşyrmakdyr. Buýrujy hem öz gezeginde işi kabul edýär we edilen işiň tölegini töleýär.

Potratçylyk şertnamasynyň baha meselesi hem aýratynlyklara eýedir. Şertnamalaryň käbirinde işler ýerine ýetirilen badyna tölenilýär. Käbir şertnamalarda potratçylyk tölegi has uzaga çekýär.

**Kärende şertnamalary.** Halkara söwdada giňden ulanylýan şertnamalaryň biri hem kärende şertnamalarydyr. Kärende şertnamalary—emlägi ylalaşylan töleg esasynda başga bir tarapa wagtlaýyn ulanmaga bermegiň hukuk esasy bolup çykyş edýär. Halkara söwdada emlägi kärendä bermegiň üç görnüşi hereket edýär, ýagny gysga, orta, uzak möhletli kärende. Gysga möhletli kärendä—*reýting*, orta möhletli kärendä—*haýring*, uzak möhletli kärendä—*lizing* diýilýär.

**Reýting.** Halkara tejribesinde gysga möhletli—reýting şertnamalary örän seýrek ulanylýar. Şeýle şertnamalaryň predmeti bolup, ulag serişdeleri, syýahatçylyk we beýleki maksatlar üçin gysga wagtyň dowamynda peýdalanylýan harytlar çykyş edýär. Adatça, şeýle şertnamalary giňden ulanýanlar kärende ulaglarydyr. Bu ulaglara gämiler, uçarlar, dikuçarlar, awtobuslar, ýük maşynlary degişlidir. Ady agzalan ulaglaryň ekipažy ýa-da sürüjisi bar bolsa taým-çarter, ekipažsyz ýa-da sürüjisi bolmadyk ulaglara berbout diýilýär (**berbout** iňlis sözi bolup *sergezdan* diýmekligi aňladýar).

Reýting şertnamalarynyň töleg şertleri dünýä bazaryndaky isleg we teklibiň esasynda, şeýle hem öňden hereket edýän bahalaryň esasynda kesgitlenýär.

**Haýring.** Halkara tejribesinde orta möhletli kärende (haýring) şertnamalary häli-şindi ulanylýar. Haýring şertnamalarynyň esasy predmeti bolup ulag serişdeleri, ýol-gurluşyk tehnikalary, oba hojalyk maşynlary çykyş edýär. Bu şertnamalar, esasan, möwsümleýin häsiýete eýedir. Mysal üçin, gyşyň has uzak dowam edip, maýyl günler az bolan ýurtlarda gurluşyk işlerini has çalt alyp barmaga mejbur bolýarlar.

Şonuň üçin bu ýerlerde tehnikalary bir ýere jemlemek zerurlygy ýüze çykýar. Bu ýagdaýda haýring şertnamasynyň ähmiýeti uludyr. Haýring kärende töleginiň derejesi, isleg we teklibiň esasynda emele gelýär. Ulag serişdelerini kärendä bermeklik dolandyryjy işgärli ýa-da işgärsiz bolup biler. Ulag serişdeleriniň abatlygy, işleýşiniň sazlygy, kärendä berlendäki we yza gaýtarylandaky tehniki ýagdaýy şertnama arkaly ylalaşylýar.

**Lizing.** Kärende şertnamalarynyň halkara söwdada iň giň ýaýrany lizing şertnamalarydyr. Lizing şertnamalarynyň predmeti bolup gurluşyk-montaž, tehnologiki enjamlar, dürli ulag serişdeleri çykyş edýär. Senagat kärhanalary hem tutuşlygyna kärendesine berlip bilner.

Lizing amaly şeýle ýagdaýda amala aşyrylýar, ýagny öndüriji kärendä berijä kärende emlägini öndürip berýär. Kärende beriji bankyň we beýleki maliýe guramalarynyň beren karzyny öndürijä geçirýär. Kärende beriji kärende predmetini kärende alyja ulanmaga berýär. Lizing alyjy kärende tölegi esasynda özüniň bergisini üzýär we girdeji gazanýar. Kärende beriji kärende predmetini öz serişdeleriniň hasabyna beren bolsa, onda oňa *maliýe lizingi* diýilýär.

Lizing şertnamasynyň predmeti hemişe pugta gözegçilik astynda saklanýar. Kärende şertnamasynda kärende predmetiniň möhleti we kärendäniň möhleti dolansoň, kärende alyjynyň predmeti satyn almaga hukugy saklanýar. Şertnamanyň şertleri talabalaýyk ýerine ýetirilýän bolsa, ony bozmaga hiç tarapyň hukugy bolmaýar. Şertnama diňe kärende predmeti wagtynda ugradylmasa, predmetiň tehniki we hil derejesi standarta gabat gelmese, töleg şertleri yzygiderli ýerine ýetirilmese bozulyp bilner.

Kärende alyjynyň kärende predmetiniň tehniki kepilligi bellenen talaba laýyk gelmese aluw-satuw şertnamasyndaky tehniki jerime hökmünde kärende tölegini bermezlige hukugy bardyr.

Kärende şertnamasynda kärende predmetiniň möhleti we kärende tölegi üýtgedilip bilner. Munuň sebäbi bolup, bankyň göterim derejesini ýokarlandyrmagy, bahalaryň üýtgemegi ýaly ýagdaýlar çykyş edip biler.

Kärende şertnamasynda kärende emlägine bolan eýeçilik hukugy

kärendä beriji tarapyň özünde saklanýar. Kärendä beriji kärende predmetiniň tehniki syrlaryny açmaklyga borçlanmaýar.

Bu şertnamada hem fors-mažor ýagdaýlary göz öňünde tutulýar. Şeýle ýagdaý ýüze çykanda aluw-satuw şertnamasynyň şertleri ulanylýar.

**Garşylyklaýyn söwda şertnamalary.** Garşylyklaýyn söwda şertnamalarynyň häsiýetli aýratynlygy şertnamada eksportýoryň garşylyklaýyn borçnamasynyň görkezilýänligidir. Bu şertnama satyn alyjynyň we satyjynyň walýutalaryny tygşytlamaga we ýerli öndürijileriň bäsleşik ukyplaryny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Garşylyklaýyn söwdanyň aşakdaky görnüşi tapawutlandyrylýar:

**Barter şertnamalary.** Şertnamanyň bu görnüşinde harytlar walýutasyz alyş-çalyş edilýär. Ilki bilen harytlaryň baha deňagramlylygy kesgitlenýär. Şeýle-de ätiýaçlandyrma bahasy, ýüküň ugradylma möhletiniň gijikdirilmezligi, hili pes harytlaryň jerimesi hasaplanylýar. Bu amallarda esasy ýüze çykýan nägilelik bahasy ozal takyklanan harydyň nyrhynyň ýokarlanmagy we harydyň wagtynda ugradylmazlygydyr. Barter amallarynyň galan şertleri aluw-satuw şertnamalaryna meňzeşdir. Şertnamanyň bu görnüşi halkara tejribesinde onçakly giň ýaýran däldir.

**Garşylyklaýyn satyn almak şertnamasy.** Bu şertnamanyň aýratynlygy eksportýor bir ýurda satan harydynyň jemine görä, şol ýurtdan şonça mukdardaky harydy almaklyga borçlanýar. Meselem, Russiýa Türkmenistana 100 million dollarlyk harydy satdy we Türkmenistandan şonça mukdardaky harydy satyn aldy. Bu şertnama, esasan, abraýly banklaryň kepil durmagy esasynda amala aşyrylýar.

Daşary ýurtly satyjy harydy özi satyn alman, üçünji bir tarapa haýyş edip ýa-da görkezme beribem biler. Bu ýagdaý satyjyny gyzyklandyrmaýar. Ozalky eksportýoryň esasy borçnamasy öz satan harydynyň möçberi ýaly harydy satyn almagydyr. Ozalky eksportýor borçnamasyny ýerine ýetirmedik halatynda importýor şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmelidigi baradaky talaby öňe sürmäge hukuklydyr. Şertnamanyň galan şertleri aluw-satuw şertnamasynyň şertleri bilen birmeňzeşdir.

**Çig maly gaýtadan işlemek boýunça şertnamalar.** Bu şertnamalar haýsy ýagdaýda baglaşylýar? Käbir döwletleriñ özleriniň gazylyp alynýan baýlyklaryny öz içinde gaýtadan işlemeklige mümkinçiligi bolmaýar. Emma şeýle mümkinçilik beýleki bir döwletde saklanýar. Mysal üçin, uranyň iň giň ýaýran ýeri Awstraliýadyr. Emma, ony gaýtadan işlemeklige Awstraliýanyň mümkinçiligi ýok. Şonuň üçin bu ýurt çig malyny Russiýa satýar we yzyna taýýar uran ýangyjyny satyn alýar. Bu şertnamada çig mal serişdeleri dünýä bahasyndan satylýar. Taýyn önümi öndürýän döwlet hem öz serhedinde harydy dünýä bahasyndan yzyna satýar. Gaýtadan işleýän tarapyň töleg şertleri şertnamada tassyklanýar.

**Satyn alnan enjamlary komplektleşdirmek şertnamasy.** Şertnamanyň  bu görnüşi häzirki wagtda dünýä tejribesinde giňden ýaýrandyr. Bu şertnamanyň esasy şerti gurulýan desganyň hemme detallaryny daşyndan däl-de, ýerli önümçilikde öndürilen harytlary hem ulanmakdan ybaratdyr.

Şeýle şertnamalar, esasan, iri gurluşyk we önümçilik maksatly işlerde amala aşyrylýar. Mysal üçin, Russiýa Eýranyň Buşehr şäherindäki gurýan atom elektrik stansiýasynyň önümçilik serişdeleriniň 70%-ini ýerli kärhanalara sargyt etdi. Muňa bir tarapdan ýerli firmanyň daşary ýurt firmasyna harydy eksport etmegi hökmünde garalýar. Bu şertnamanyň bähbitli tarapy importy peseltmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda şertnamanyň bu görnüşi giňden ulanylýar. Ýurdumyzda iş alyp barýan daşary ýurtly gurluşyk firmalary ýerine ýetirýän gurluşyk desgalarynda ulanýan gurluşyk materiallarynyň agramly bölegini ýerli materiallary ulanmagyň hasabyna amala aşyrýarlar.

# 3-nji BAP. KAPITALYŇ DÜNÝÄ BAZARY WE HALKARA KARZ

## 3.1. Kapitalyň halkara hereketi daşary ykdysady gatnaşyklaryň bir görnüşidir

Hojalyk işiniň halkaralaşmagy döwletleriň arasyndaky haryt we işçi güýjüniň ondan-oňa süýşmegi bilen bir hatarda kapitalyň halkara hereketini hem güýçlendirýär.

Kapitalyň we harydyň milli serhetden daşyna çykmagy mazmun taýdan biri-birinden tapawutlydyr. Daşary ýurtlara haryt ýerleşdirilende gymmatyň öz görnüşini üýtgetmegi bolup geçýär. Ýagny, önümiň gymmaty halkara gymmata öwrülýär. Has sada dilde aýdanyňda, eksport edilen haryt ýerli bahadan däl-de, halkara bahadan satylýar.

Kapitaly eksport etmeklik haryt we pul görnüşinde telekeçilik peýdasyny we göterim almak maksady bilen amala aşyrylýar. Kapitaly eksport etmegiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1.Telekeçilik kapitaly.

2. Ssuda kapitaly.

***Telekeçilik kapitaly*** uzak möhletli daşary ýurt inwestisiýalary, daşary ýurtlarda täze kärhana gurmak, ozalky hereket edýän kärhanalary satyn almak, filial we golçur kärhanalary döretmegiň üsti arkaly amala aşyrylýar. Inwestor tarapyndan daşary ýurtlara goýlan maýa goýumlara gözegçiligiň üpjün edilmegi göni maýa goýumlar diýlip atlandyrylýar. Halkara statistikasynda inwestor goýlan maýanyň 25%-ne gözegçilik edip bilen ýagdaýynda, olar göni maýa goýumlar diýlip hasaplanylýar. Emma ösen ýurtlaryň tejribesinde, hususan-da ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň maýadarlary goýlan maýanyň 10%-ne gözegçilik edip bilen ýagdaýynda-da göni maýa goýum diýip hasaplaýarlar.

***Ssuda kapitaly.*** Daşary ykdysady gatnaşyklarda ssuda kapitalynyň hereketi halkara karzy görnüşinde ýüze çykýar. Halkara karzy—bu bir tarapyň beýleki bir tarapa haryt ýa-da pul görnüşinde möhletlilik, yzyna gaýdyp bermeklik we göterim tölemeklik şerti bilen berýän karzyna düşünilýär. Has giň manyda halkara karzy portfel maỳa goỳumydyr. Ýagny, daşary ýurtlara gymmat bahaly kagyz görnüşinde berlen karzlardyr. Göni maýa goýumlardan tapawutlylykda portfel maýa goýumlara gözegçilik üpjün edilmeýär.

Halkara karzyň ýörelgeleri bank karzynyň ýörelgeleri bilen meňzeşdir. Tapawutly ýeri halkara karzda girew alynmaýar. Girew hökmünde milli we halkara kanunlar çykyş edýär.

Daşary ýurtlara kapital çykarmagyň taryhyna seredeniňde, ssuda kapitaly telekeçilik kapitalyndan has ir ýüze çykypdyr. Ssuda kapitalynyň eksporty kapitalistik jemgyýetçilik gurluşyna çenli halkara ykdysady gatnaşyklaryň esasy görnüşleriniň biri hökmünde ulanylyp gelindi.

Ilkibaşda kapitalyň eksporty geografiki taýdan basybalyjy döwletlerden basylyp alnan ýurtlara tarap gönügipdir. Bu döwürde halkara kapitala häzirki wagtdaky ýaly döwlet tarapyndan düýpli goldaw we gorag bolmandyr.

Koloniýaçylyk gurluşynyň dargamagy, döwletiň monopol kapitalynyň ösmegi, ylmy-tehniki rewolýusiýanyň giňden ýaýramagy, dünýä ykdysadyýetinde çuňňur düzümleýin hereketiň bolup geçmegi, kapitalyň halkara hereketiniň görnüşleriniň we ugurlarynyň üýtgemegine getirdi. Häzirki wagtda oňa aşakdaky häsiýetli alamatlar degişlidir:

**Kapital çykarmakda döwletiň ornunyň ýokarlanmagy.** Bazar ykdysadyýetli ösen döwletlerde diňe bir hususy kapital eksport edilmän, bu iş bilen gönüden-göni döwletiň özi hem gyzyklanýar. Döwlet kapitalyna býujet we döwlete dahylly bolan dürli gaznalarda emele gelen serişdeler degişlidir.

Geçen asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap döwletleriň kapital eksporty has işjeňleşip başlady. Mysal üçin, Beýik Watançylyk urşundan öň ABŞ-nyň döwlete degişli kapitaly eksport edilen umumy kapitalyň 1%-ni tutýardy. Emma, häzirki günde bu görkeziji 30%-den hem geçdi.

Bazar ykdysadyýetli ösen döwletler ösüp gelýän döwletlere «Ösüşe resmi kömek» atly maksatnamanyň çäklerinde dürli ýeňillikli karzlary berýär. Onuň esasy maksady ösüp gelýän döwletler bilen uzak möhletli ykdysady we syýasy bähbitleri üpjün etmekden ybaratdyr. Ösen ýurtlarda döwlet maýasy ýeke bir ikitaraplaýyn esasda bolman, köptaraplaýyn esasda hem amala aşyrylýar. Bu aýdylanlara Halkara walýuta gaznasy, Yslam ösüş banky, Ýewropa ösüş we rekonstruksiýalaşdyryş banky we ş.m. degişlidir.

**Senagat taýdan ösen döwletlerde hususy maýanyň hereketiniň çaltlaşmagy.** Häzirki wagtda dünýäniň hususy maýasynyň ¾ bölegi ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Ösüp gelýän döwletlerde hususy maýanyň görkezijisi barha aşaklaýar. Bu ýagdaýyň sebäbi ykdysady we maliýe krizisler arkaly düşündirilýär. Şeýle hem hususy kapitalyň ugrunyň üýtgemegi hem täsir edýär. Sebäbi hususyýetçiler ylmy-tehniki ösüşiň täsiri astynda önümçilige ylym we kapital siňňitli tehnologiýalary ornaşdyrmaga we ýokary hünär derejeli işçileri ýetişdirmeklige köp çykdajy etmeli bolýarlar. Ondan başga-da, ABŞ-da we beýleki ösen döwletleriň käbirlerinde daşary ýurt maýasy döwlet býujetiniň we töleg balansynyň defisitini (ýetmezçiligini) ýapmak üçin ulanylýar.

**Telekeçilik kapitalynyň paýynyň ýokarlanmagy.** Eger-de I Jahan urşundan öň dünýädäki ähli maýa goýumlaryň 10%-e golaýy göni maýa goýumlary bolup, galany portfel maýa goýumlary bolan bolsa, häzirki wagtda onuň görkezijileri öz orunlaryny çalyşdylar. Göni maýa goýumlaryň çalt ösmegi integrasion birleşmeleriň döremegi, önümçilikleriň halkaralaşmagy we transmilli korporasiýalaryň ösmegi bilen baglydyr. Göni maýa goýumlarynyň amatly we amatsyz taraplary bolup, onuň amatly tarapynda, täze tehnika we tehnologiýa, bäsleşige ukyply harytlar, täze iş orunlary çykyş edýär. Amatsyz tarapyna proteksionistik garaýşyň ösmegi, salgytlaryň peselmegi, töwerekdäki gurşawa goýberilýän harajatlaryň azalmagy we ş.m. degişlidir.

**Kapitaly eksport edýän täze döwletleriň ýüze çykmagy.** Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap ösüp gelýän döwletlerden hem kapital eksport edilip başlandy. Bu döwletlere çalt senagatlaşýan

ýurtlar we OPEK guramasynyň nebiti eksport edýän käbir ýurtlary degişlidir. Çalt senagatlaşýan döwletlerden kapitaly eksport edýän döwletlere Günorta Koreýany we Singapury mysal görkezmek bolar.

OPEK guramasyna girýän döwletleriň içinde kapitaly eksport edýän döwletlere Saud Arabystany we Birleşen Arap Emirliklerini (BAE) görkezmek bolar. Saud Arabystanynyň häzirki wagtda daşary ýurtlara goýan maýasynyň umumy möçberi 1 trln dollara golaý diýip hasap edilýär. Bu ýurtlaryň maýa eksporty nebitden gelýän girdejileriň hasabyna amala aşyrylýar.

Ýöne, ösüp gelýän döwletleriň maýasyny ösen döwletler bilen deňeşdireniňde entek ujypsyzlygyna galýar.

## 3.2. Ssuda kapitalynyň dünýä bazary

Kapitalyň halkara hereketi iki tarapyň bähbidine gulluk etmek maksady bilen herekete getirilýär. Bu hereketiň netijesinde dünýäniň ssuda kapitalynyň gaýtadan paýlamak mehanizmi amala aşyrylýar.

Dünýä bazarynyň ssuda kapitalynyň emele gelmegi kapitalistik jemgyýetçilik gurluşynyň kemala gelip başlamagy bilen bir hatarda ösüp başlaýar we bu proses kapitalistik gatnaşyklaryň doly emele gelmegi bilen tamamlanýar. Bu prosesiň emele gelmegi döwletlerde köp sanly maliýe çeşmeleriniň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Bu karz çeşmeleriniň biri-biri bilen baglanyşygy we onuň hereketi «dünýä ssuda kapitalynyň bazary» diýen düşünjäni emele getirýär.

Dünýä ssuda kapitalynyň bazary gönüden-göni karz beriji bilen karz alyjynyň arasyndaky isleg we teklip esasynda amala aşyrylýar. Bu hereket özüniň mazmuny boýunça toplanan maliýe serişdeleriniň dünýä möçberinde gaýtadan paýlanylmagyny aňladýar. Bir ýere jemlenen ägirt uly pul serişdeleri ssuda kapitalyna öwrülip, döwletleriň arasynda bazar mehanizmi esasynda gaýtadan paýlanylýar. Munuň netijesinde, dünýä hojalygynyň düzümleýin hereketi çaltlaşýar, önümçiligiň halkaralaşmagy güýçlenýär.

Dünýä ssuda kapitalynyň bazaryny özüniň ykdysady mazmuny boýunça iki topara bölmek bolar:

1) dünýäniň pul bazary;

2) dünýäniň kapital bazary.

Dünýäniň pul bazary depozit görnüşinde emele gelýän pul serişdeleridir. Bu serişdelere gysga möhletlilik häsiýetlidir. Ol, esasan, halkara söwdanyň pul dolanyşygyny üpjün edýär.

Ikinji ýagdaýda, ssuda kapitaly ýeke bir pul bolup çykyş etmän, öz-özünden ösýän gymmat görnüşinde-de çykyş edýär. Bu ýerde kapitalyň möhleti dürli maýa goýum işleri maliýeleşdirmek üçin ulanylýar. Dünýäniň kapital bazary öz gezeginde dünýä möçberinde üznüksiz önümçiligiň ösüşine hyzmat edýär.

Ýokardaky aýdylanlara ser salsaň, dünýäniň ssuda kapitalynyň bazarynyň iki topara bölünmegi şertli ýagdaýa eýedir. Sebäbi dünýäniň pul bazary bilen kapital bazary bir göwrä jemlenendir. Has sada dilde aýdanyňda, olaryň birinjisi, pul serişdeleriniň toplanmagyny, ikinjisi bolsa, olaryň karzyna berilmegini aňladýar.

Dünýäniň ssuda kapitalynyň bazary özüniň aýratyn institusional düzümlerine eýedir. Bu bazary esasy emele getirijiler bolup, dürli döwletleriň karz berijileri çykyş edýär. Olara transmilli banklar, maliýe kompaniýalary, birža fondlary degişlidir. Şeýle hem bu bazar geljek üçin toplanýan serişdeleri, hususy firmalary, banklary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we pensiýa fondlary özüne birleşdirýär.

Bu karz-maliýe guramalarynyñ esasy müşderileri bolup, transmilli korporasiýalar, döwlet edaralary, halkara we sebitleýin guramalar çykyş edýär.

Dünýäniň kapital bazary özüniň geografiki ojaklary bilen tapawutlanýar. Ol özüne birnäçe maliýe karz merkezlerini, ýagny karz klublaryny birleşdirýär. Bu merkezler özleriniň köp sanly maliýe karz guramalarynyň üsti bilen dünýä söwdasyny we kapitalyň halkara hereketini üpjün edýärler. Bu merkezlerde dünýäniň walýuta, depozit, karz, ätiýaçlandyryş amallarynyň agramly bölegi amala aşyrylýar.

Dünýäniň maliýe merkezleri bilen kadaly gatnaşyklary alyp barmak üçin aşakdaky şertleriň bolmagy hökmandyr:

—döwletiň ykdysady ösüşiniň ýokary derejesi;

—ýurduň dünýä söwdasyna işjeň gatnaşmagy;

—kapitalyň hereket etmegi üçin ykdysady we ýuridiki şertler;

—ösen bank ulgamy;

—liberal (ýumşak, ýeňil, erkin) walýuta we salgyt kanunçylygy;

—ýurduň amatly geografiki ýerleşişi;

—syýasy taýdan durnuklylyk we ş. m.

Häzirki wagtda dünýäniň kuwwatly maliýe merkezleriniň biri bolup Nýu-Ýork çykyş edýär. Ol ABŞ-nyň kuwwatly ykdysadyýetine we sarp edijiligi boýunça özüniň dünýäde iň kuwwatly bazaryna daýanýar. Nýu-Ýork birža fondy bilen bäsleşip biljek başga maliýe guramasy ýokdur. Ol, esasan, paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar bilen meşhurdyr.

Ýewropanyň esasy maliýe merkezi bolup London çykyş edýär. Bu merkez halkara walýuta, karz, depozit amallary boýunça dünýäde birinji orunda durýar. Şeýle hem täze-täze maliýe amallaryny ornaşdyrmak boýunça hem dünýä lideridir.

Günbatar Ýewropanyň maliýe merkezleriniň biri hem Germaniýanyň Sýurih we Maýn boýundaky Frankfurt şäherleridir. Bu merkezlerde, esasan, uzak möhletli karzlar berilýär.

Ýewropanyň ýene-de bir maliýe merkezleriniň biri Lýuksemburg bolup, ol gysga we orta möhletli karz amallaryna ýöriteleşendir.

Halkara maliýe merkezleriniň arasynda Tokionyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Halkara söwdada bäsleşige ukyply harytlary arkaly dünýäniň iri karz berijileriniň birine öwrülen Ýaponiýa barha globallaşýan dünýä hojalygynda ýapon maýasyny has-da liberallaşdyrýar.

Täzeden bäri ösüp gelýän döwletleriň içinden hem kapital eksport edijiler ýüze çykyp başlady. Bu döwletlere BAE, Saud Arabystany, Bagam adalary, Singapur we ş.m. degişlidir. Bu döwletlerde dürli walýuta we salgyt ýeňillikleri girizilendir. Onuň maksady dünýäniň iri banklaryny we korporasiýalaryny milli ykdysadyýete çekmekden ybaratdyr. Käbir halatlarda salgytdan gizlenmek maksady bilen dünýäniň dürli ýerlerinde amala aşyrylýan amallar bu ýurtlarda hasaba alynýar.

Kapitalyň dünýä bazarynyň ösmegi içerki gapma-garşylyklara we deňagramsyzlyga getirýär. Kapitalyň halkara hereketi önümçiligiň halkaralaşmagy netijesinde beýleki ýurtlaryň ykdysadyýetine aralaşmagyny ýeňilleşdirýär. Beýleki bir tarapdan, daşary ykdysady işe döwletiň goşulyşmagy kapitalyň halkara hereketini bökdeýär. Bu

ýagdaý kapitalyň häsiýetinden hem gelip çykýar. Ýagny, kapital ilkinji nobatda milli ykdysadyýetiň iň girdejili pudaklaryna goýulýar. Munuň özi soňlugy bilen ykdysadyýetiň geljegini howp astynda goýýar. Şonuň üçin köp döwletler milli ykdysadyýetiň girdejili pudaklaryna daşary ýurt maýasynyň çekilişini çäklendirýärler. Mysal üçin, Russiýa Federasiýasy ýurduň nebit-gaz, uçar, elektrik energiýasy we harby senagatlaryna daşary ýurt maýasyny çekmegi çäklendirdi.

Dünýä tejribesinde kapitalyň halkara hereketiniň belli bir ýurtlarda wagtlaýynça tutuşlaýyn togtamagyna getirýän hadysalar hem ýüze çykýar, ýagny harby hereketler, harby dartgynlylyklar, çuňňur ykdysady krizisler. Mysal üçin, Aýlag urşunda ýa-da «Beýik depressiýa» ýyllarynda Yragyň we ABŞ-nyň ykdysadyýetine maýa goýmaga hiç kim milt edip bilmedi.

Geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap dünýäniň maliýe bazarynyň bölünmek meýli ýüze çykyp başlady. Muňa ylmy-tehniki progresiň çalt ösmegi, halkara söwdanyň göwrüminiň barha giňemegi, integrasion birleşmeleriň barha güýçlenmegi, döwletara gatnaşyklarda milli bähbitleriň biri-birine çapraz gelmegi we ş.m. faktorlar täsir etdi. Ilkinji bolup Ýewropa özbaşdak «ýewro bazar» diýlip atlandyrylyp başlandy. Ol häzir hem şeýle atlandyrylýar.

Ýewro bazary dünýäniň kapital bazarynyň ýadrosy hasaplanýar. Ýewropa Bileleşiginiň umumy pul birligi bolan ýewro dolanyşyga girmänkä, bu sebitiň ýurtlarynyň esasy pul serişdesi bolup amerikan dollary çykyş edýärdi. Şeýle-de bu bazarda Angliýanyň we Germaniýanyň pullary hem hereket edýärdi. Ýewronyň dolanyşyga girmegi bilen dollaryň dünýä agalygyna örän uly zarba uruldy. Ýewro zolagyna girýän ýurtlaryň maksady hem şoldy. Häzirki wagtda ýewronyň hümmeti dollara garanyňda barha ýokarlanýar. Ýewropa Bileleşiginiň giňelmek meýli entek hem saklanyp galýar. Munuň özi umumy pul birliginiň hereket ediş çäginiň entekler giňejekdigini görkezýär.

Käbir bilermenler «Ýewronyň dünýädäki ekspansiýasy wagtlaýynça gowşar, sebäbi Ýewropa Bileleşigine täze döwletleriň kabul edilmegi, bu döwletleriň ykdysadyýetine gerek bolan ägirt uly maýalar, täze hile geçmek üçin zerur bolan harajatlar bu sebitiň

maýasynyň dünýäniň beýleki künjeklerine ýaýramagyny bökdär» diýip çaklaýarlar.

Dünýäniň maliýe bazarynyň bölünmegine we amerikan dollarynyň agalygynyň gowşamagyna täsir etjek faktorlaryň ýene biri hem «Ýuwaş umman sebiti ýurtlarynyň integrasiýasyna» (ASEAN) girýän ýurtlaryň umumy pul birligine geçmekçi bolýanlyklarydyr. Bu pul birliginiň ady «Akýu» (ACU—Asian currency) bolup, sözme-söz terjime edeniňde «Aziýanyň umumy pul birligi» diýmegi aňladýar. Bu ykdysady gurama jemi on sany döwlet girip, onuñ düzüminde dünýä ykdysadyýetiniň ägirtleri bolan Ýaponiýa, Günorta Koreýa, hatda Hytaý hem bar. Bu pul birliginiň dolanyşyga girmegi bilen dollaryň dünýä agalygy ýene-de gowşar we dünýäniň kapital bazarynda Aziýanyň kapital bazary emele geler.

## 3.3. Halkara karzyň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde halkara karz üznüksiz önümçiligiň, döwletara söwdanyň ösmegine alyp barýan esasy gurallaryň biridir. Halkara karz ykdysady düşünje hökmünde dürli döwletleriň karz berijileriniň we karz alyjylarynyň arasynda berlen karzy maksadalaýyk ulanmak, alnan karzy yzyna gaýtarmak we göterim tölemek esasynda ulanylýar. Halkara karz gatnaşygyny alyp baryjylar bolup döwletler, banklar, maliýe edaralary, kompaniýalar, umuman dürli ýuridiki we fiziki taraplar çykyş edýärler. Halkara karz önümçilik gatnaşyklarynyň bir elementi hökmünde haryt önümçiliginiň peýda, göterim, walýuta kursy, töleg balansy ýaly düşünjeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Olaryň arasynda esasy orun transmilli korporasiýalara, banklara we ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna degişlidir. Bu gatnaşyga gatnaşýan taraplaryň, ýagny karz berijiniň we alyjynyň maksady girdeji gazanmakdyr. Ssuda kapitalyna tölenýän göterimiň çeşmesi bolup karz alan döwletde döredilýän goşmaça gymmat çykyş edýär.

Halkara karz daşary ykdysady işlerde birnäçe wajyp wezipeleri ýerine ýetirýär. Birinjiden, karz serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagyny üpjün edýär. Ikinjiden, wagtlaýynça boş duran pul serişdeler bilen dürli maýa goýum işlerini maliýeleşdirýär. Üçünjiden,

üznüksiz önümçiligiň işini we öndürilen önümleriň ýerleşdirilişini çaltlandyrýar. Halkara karzy şu wezipeler arkaly dünýä hojalygynyň ösüşine saldamly goşant goşýan hem bolsa onuň amatly we amatsyz netijeleri ýüze çykýar. Halkara karzy öndüriji güýçleriň ösüşini, halkara alyş-çalşyny çaltlandyrýar. Ol dünýä söwdasynyň ösüşine kuwwatly itergi beriji faktor bolup çykyş edýär. Halkara karzynyň ähmiýeti, aýratyn-da daşary bazarlarda maşynlary we enjamlary ýerleşdirmekde ýüze çykýar. Eksportlyk harytlaryň şeýle görnüşlerini karzlaşdyrmak dünýä bazarynda ýiti bäsdeşlik göreşini oýarýar. Bäsdeşlik esasynda karzyň şertleri ýeňilleşdirilýär we karz alyja dürli taslamalary amala aşyrmaga mümkinçilik berilýär.

Beýleki bir tarapdan, karz alyjy döwletde dürli ykdysady deňagramsyzlyga getirýän ýagdaýlar hem seýrek bolmaýar. Karz alnan ägirt uly serişdeler netijesiz ulanylan ýagdaýynda döwletiň ykdysadyýetine agyr zarba urulýar, daşarky bergileriň artmagyna getirýär.

Ösüp gelýän ýurtlaryň häzirki wagtda daşarky bergileri ummasyz sanlara ýetdi. Onuň artyş derejesi hem ýokarydyr. 1970-nji ýyldan 1982-nji ýyla çenli ösüp gelýän ýurtlaryň daşary bergisi 85 mlrd dollardan 831 mlrd dollara, ýagny 10 essä golaý artdy. 2005-nji ýyla çenli bu görkeziji 1,5 trln dollardan hem geçdi.

Daşary ýurt maýasy diňe bir ykdysady işler boýunça peýdalanylmaýar. Halkara karzlaşdyrmada goranmak maksady bilen satyn alynýan ýaraglar hem karzlaşdyrylýar. Mysal üçin, ozalky SSSR-iň daşary ýurt algysy 80 mlrd dollara golaý bolan bolsa, onuň 60 mlrd dollara golaýy karzyna satylan ýaraglaryň paýyna düşýär. Ýarag söwdasyny karzlaşdyrmak häzir hem giňden ulanylýar. Mysal üçin, Saud Arabystany goşunlaryny döwrebap ýaraglandyrmak maksady bilen 20 mlrd dollarlyk harby maksatly serişdeleri satyn almak boýunça halkara tender yglan etdi. Dünýä boýunça ýokary hilli ýaraglary öndürýän Russiýanyň bu bäsleşikde ýeňmek mümkinçiligi uly hem bolsa üstün çykan amerikan kompaniýalary boldy. Onuň hem sebäbi satyn alynjak ýaraglaryň ýigrimi ýyllyk karzyna berilmegidir.

Indi bolsa käbir ýurtlaryň belli bir döwür aralygynda daşary bergileriniň artyşyna seredeliň.

*1-nji tablisa*

**1995—2001-nji ýyllar aralygynda Halkara pul gaznasyna bergileri iň köp artan ýurtlar***

| t/b | Ýurtlaryň atlary | Milliard ABŞ dollarynda |
|---|---|---|
| 1 | Braziliýa | 65,9 |
| 2 | Hytaý | 52,0 |
| 3 | Türkiýe | 41,3 |
| 4 | Argentina | 37,9 |
| 5 | Russiýa | 30,6 |
| 6 | Polşa | 18,1 |
| 7 | Çili | 16,4 |
| 8 | Filippinler | 14,6 |
| 9 | Kolumbiýa | 11,7 |
| 10 | Indoneziýa | 11,3 |

Ýokardaky aýdylanlar daşary ýurt maýasynyň milli ykdysadyýetde hemişe oňaýly ýagdaýlary döretmeýändigini görkezýär.

## 3.4. Dünýä maýa bazaryndaky karz amallaryň görnüşleri

Dünýä tejribesinde halkara karz amallarynyň dürli görnüşleri peýdalanylýar. Olary dürli aýratynlyklary boýunça aşakdaky toparlara bölýärler.

Halkara karzy maksatlaýyn peýdalanylyşy boýunça biri-biri bilen baglanyşykly we maliýe häsiýetli bolýar. Baglanyşykly karz pugta gözegçilik häsiýete eýedir. Ol karz şertnamasy arkaly berkidilýär. Baglanyşykly karzlar anyk bir harydy ýa-da hyzmaty satyn almak üçin goýberilýär. Maliýe karzyna häsiýeti boýunça pugta gözegçilik işi amala aşyrylmaýar. Oňa diňe karz berijiniň islegine görä gözegçilik edilýär. Maliýe karzy bilen dürli amallar, ýagny haryt we hyzmat satyn almak, inwestisiýalary goýmak, maliýe amallaryny geçirmek, töleg balansynyň gytçylygyny ýapmak, daşarky bergileri üzmek we ş.m. ýerine ýetirilýär. Baglanyşykly we maliýe karzlary biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, gurluşyk işlerine hakuç tölemek.

---

* Zaman gazeti, 1.05.2003 ý.

Halkara karzda haryt we walýuta karzlaryny tapawutlandyrmak gerek. Haryt karzynda diňe haryt çykyş edýär. Bu görnüş söwda maksatly amala aşyrylýar. Walýuta karzy bir döwletiň beýleki bir döwlete halkara walýutasyny ýa-da halkara hasaplaşyk birligini bermegine aýdylýar. Halkara karz möhleti boýunça üç topara bölünýär:

1) gysga möhletli karzlar—1ýyla çenli möhleti;

2) orta möhletli karzlar—1 ýyldan 5—7 ýyla çenli aralygy;

3) uzak möhletli karzlar—5—7 ýyldan ýokary bolan karzlary öz içine alýar.

Gysga möhletli karzlar bilen halkara söwdada, adatça, çig mallar we hyzmatlar karzlaşdyrylýar. Maşynlar we enjamlary karzlaşdyrmak orta möhletli karzlara degişlidir. Uzak möhletli karzlar döwlet boýunça alnyp barylýan inwestision maksatnamalary, önümçilik sferalaryny we infrastrukturany, iri möçberli taslamalary maliýeleşdirmek üçin peýdalanylýar.

Halkara karzynyň giňden ýaýran görnüşleriniň biri bolup obligasiýalar, aksiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar çykyş edýär. Bu karzyň aýratynlygy karz beriji bilen alyjynyň arasynda araçy bolup bankyň çykyş etmegidir.

Umuman, halkara karzda maliýeleşdirmegiň täze gurallarynyň ýüze çykmagy dowam edýär. Bu bolsa karzyň şertlerini ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

## 3.5. Türkmenistan dünýäniň maýa goýum merkezleriniň biridir

Daşary ýurt maýasyny çekmek üçin dürli döwletlerde hem dürli ýeňillikler döredilýär. Has dogrusy häzirki wagtda daşary ýurt maýasyny çekmek üçin döwletler dürli ykdysady bäsdeşligi alyp barýarlar. Munuň özi maýany çekiji ýurtlary has uly eglişiklere gelmäge iterýär. Emma, daşary ýurt maýadarlaryny ilkinji nobatda ykdysady ýeňillikler däl-de, ol ýurduň syýasy taýdan asudalygy we ykdysady ösüşiniň ýokarylygy has özüne çekýär. Güneşli Diýarymyzyň merdana halky Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, agzybir, syýasy taýdan durnuklydygyny dünýä jemgyýetine subut etmegi başarypdy. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti bolsa, özüniň ösüş derejesi boýunça dünýä ykdysadyýetiniň kerwenbaşysyna öwrülipdi.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda daşary ýurt maýasynyň ýurdumyza çekilişi has hem işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dürli pudaklarynda, hususan-da nebit-gaz, dokma senagaty we syýahatçylyk pudagynda daşary ýurt maýasynyň barha ýokarlanmagy guwandyryjy ýagdaýdyr. Halkara syýahatçylygyny ösdürmek üçin döredilen «Awaza» syýahatçylyk zolagy daşary ýurt maýasyny çekmegiň täze bir ugrunyň emele gelendigini alamatydyr. Ýeke bir sebitde däl, eýsem dünýäniň täsin syýahatçylyk zolagyna öwrüljek bu sebit, esasan, daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda bina ediler. Häzirki wagtda bu sebite rus we gazak maýalarynyň has işjeň hereket etmeklige meýillidigini bellemelidiris. Ýurdumyza daşary ýurt maýasyny çekmegiň örän uly bähbitleri bardyr. Olaryň esasy bähbitleri barada durup geçeliň. Birinjiden, daşary ýurt maýasynyň ýurdumyza çekilmegi netijesinde ýurdumyzda täze-täze kärhanalaryň gurluşygy has çaltlandyrylar. Ikinjiden, bu gurulýan häzirki zaman kärhanalarda dünýä standartyna laýyk gelýän önümler ýurdumyzyň eksport kuwwatyny has hem pugtalandyrar we munuň netijesinde ýurda gelýän daşary ýurt walýutasynyň möçberiniň has artmagy üpjün ediler. Üçünjiden, ýurdumyzda täze iş orunlarynyň döremegine ýardam berer. Bu bolsa öz gezeginde türkmen zähmetkeşleriniň häzirki zaman tehnikasyndan baş alyp çykmagyna mümkinçilik berer. Dördünjiden, ýurdumyzyň halkara töleg ukyby has artar. Munuň özi häzirki döwürde daşary gatnaşyklary alyp barmak üçin esasy görkezijileriň biri bolup durýar. Daşary ýurt maýasynyň ýurda getirýän peýdasy örän uludyr, ýöne bu ýerde olaryň diňe göze görnüp duranlary sanalyp geçildi.

Pudaklarymyzyň ählisini gurşap alan özgertmeleri amala aşyrmak guramaçylyk işleri bilen bir hatarda ägirt uly maỳa goỳum serişdelerini talap edỳär. Hut şu nukdaỳnazardan hem her ýylyň 15—17-nji oktỳabr aralygynda Türkmenistanyň halkara maỳa goỳum forumynyň geçirilmegi uly ähmiỳete eỳedir. Ỳurdumyzda halkara derejesinde ilkinji gezek geçirilen bu forumyň Türkmenistany we onuň pajarlap ösỳän milli ykdysadyỳetini daşary ỳurtly maỳadarlaryň has ỳakyndan tanamagyna, türkmen ykdysadyỳeti bilen dünỳäniň dürli künjeginde gyzyklanmanyň has artmagyna, milli ykdysadyỳetimize

goỳulỳan daşary ỳurt maỳasynyň akymynyň has güỳçlenmegine ỳardam berjekdigine gümansyz ynanyp bolar. Çünki elliden gowrak ỳurtdan alty ỳüze golaỳ maỳadaryň bu forumyň işine gatnaşmagy bu aỳdylanlara şaỳatlyk edỳär.

Hormatly Prezidentimiziň daşary ýurt maýa goýum baradaky tutumly işleri onuň birjikde nazaryndan sypmaýar. Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji we 64-nji sessiýalaryna gatnaşmak üçin Nýu-Ýork şäherine resmi saparynda «Ýewraziýa Grup» işewürler topary bilen bolan duşuşygy hem subut edýär. Bu ýerde türkmen topragynda giňden tanalýan amerikanyň «Keýs», «Katerpiller», «Şewron» we şuňa meňzeş iri kompaniýalaryň işewürleri bilen bolan duşuşygynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň daşary ýurt maýasy üçin açyk ýurtdugyny öwran--öwran nygtady. Munuň özi şu günüň derwaýys talaby bolup durýar. Sebäbi ABŞ häzirki zamanda dünýäniň dürli ugurlar boýunça lideri bolup durýar. Bu döwlet bilen dürli gatnaşyklary alyp barmak islendik döwlet üçin bähbitlidir. Hut şu bähbitlerden ugur alýan hormatly Prezidentimiziň çykyşyna amerikan işewürleriniň oňyn seslenendigini bellemelidiris. Sebäbi Türkmenistan ýaly asuda we ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýän ýurtda maýa goýmak işewürler üçin hem amatlydyr. Ýurdumyzyň asudalygy, ykdysady ösüşiniň çaltlygy we hukuk üpjünçiligi daşary ýurt maýasynyň ygtybarlydygyna kepil geçýän ýagdaýdyr. Amerikan maýasynyň ýurdumyza çekilmegi ýeke bir täze kärhanalaryň önümçilige girizilmegini aňlatman, eýsem ýurdumyzda zähmet öndürijiliginiň hem ýokarlanmagyna getirer. Sebäbi häzirki wagtda ABŞ-nyň pudaklarynyň zähmet öndürijiligi 100% diýlip hasap edilýär we beýleki ýurtlaryň görkezijileri bu ýurduňka deňleşdirilýär. Diýmek, munuň özi bize amerikan maýasyna we tehnologiýasyna esaslanyp, bu ýurduň zähmet öndürijiligine hem deňleşmäge ýene-de bir mümkinçiligiň döremegine getirer. Sözümizi jemlänimizde hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýakyn ýyllarda Garaşsyz Türkmenistanyň dünýäniň maýa goýum merkezleriniň birine öwrüljekdigini ynam bilen aýtsa bolar.

# 4-nji BAP. HALKARA SÖWDANYŇ KARZLAŞDYRYLMASY

## 4.1. Halkara söwdany karzlaşdyrmagyň görnüşleri

Daşary söwdany karzlaşdyrmak karz amallaryna gatnaşyjylar, karz amallarynyň tehniki we beýleki alamatlary boýunça tapawutlanýan karzlaryň anyk görnüşleri arkaly amala aşyrylýar. Eksporty karzlaşdyrmagyň däp bolan guraly bolup firma karzy çykyş edýär. **Firma karzy** diýlip satyn alyjynyň töleg möhletiniň gaýra süýşürilmegine aýdylýar. Firma karzynyň giň ýaýran görnüşi **weksel karzydyr,** ol geçirilýän weksel (tratta) arkaly resmileşdirilýär. Bu wekseliň mazmuny importýoryň harydy alandygy we bergini tölemäge borçlanýandygy baradaky resminamadyr. Bu karzyň möçberi harydyň görnüşine baglydyr. Maşyn we enjamlar uzak möhletli, çig mallar gysga möhletli weksel karzlary bilen karzlaşdyrylýar.

Hemişelik söwda hyzmatdaşlarynyň arasynda **karzyň açyk hasap** görnüşi ulanylýar. Bu ýagdaýda importýor bellenen möhletiň içinde her aýda ýa-da kwartalda alan girdejisinden bergisini üzmäge gönükdirýär.

Firma karzlarynyň ýene bir görnüşi bolup **hakuç** (awans) **karzy** çykyş edýär. Bu ýagdaýda satyn alyjy şertnamada görkezilen maşynlaryň we enjamlaryň jemi bahasynyň 10 – 15%-ni öňünden töleýär.

Firma karzynyň eksportýor üçin amatsyz taraplarynyň bardygyny bellemeli. Ol eksportýory karz we walýuta töwekgelçilikleri bilen ýüzbe-ýüz goýýar. Firmanyň pul aýlanyşygyna we tölege ukyplylygyna ýaramaz täsir edýär.

Araçy söwda işlerinde gysga möhletli karzlaşdyrylmanyň bir görnüşi bolup **faktoring** çykyş edýär. Faktoring kompaniýa eksport-

ýora 30—120 gün aralykda satyn alnan harydyň jemi gymmatynyň 80%-ni tölemäge borçlanýar. Tölegiň galan bölegi şertnamanyň möhletine görä tölenilýär.

**Forfetor** karzlaşdyrmasyna orta möhletli karzlar degişlidir. Bu ýagdaýda bank ýa-da maliýe guramasy eksportýoryň wekselini satyn alýar. Importýor bergisini üzenden soň, forfetor wekseli belli bir göterim alyp galmak bilen eksportýora gaýdyp berýär. Forfetoryň wekseli başga birine satmaga hem haky bardyr. Forfetor tölegleri bolsa bazaryň ýagdaýyna görä kesgitlenýär. Şeýle amallar Günbatar Ýewropada «a-forfe» diýlip atlandyrylýar we olaryň has giň ýaýran ýerleri Şweýsariýa, Germaniýa we Angliýadyr.

Forfetor karzlaşdyrmasy tutuşlaýyn eksportýoryň bähbidine gulluk edýär. Karzlaşdyrmagyň bu görnüşinde eksportýor karz töwekgelçilikleri bilen ýüzbe-ýüz durmaýar. Firmanyň pul dolanyşygyna we tölege ukyplylygyna zyýan ýetmeýär.

Häzirki zamanda daşary söwdany karzlaşdyrmakda wajyp orun döwlete degişlidir. Bu ýagdaý, aýratynam, Beýik Watançylyk urşundan soň has giň gerime eýe boldy. Sebäbi uzak möhletli karzlaşdyrma berlen karzyň töwekgelçiligini ýokarlandyrýar. Şeýle hem döwletiň bu işe goşulyşmagy bilen birnäçe çäreleri göz öňünde tutýar.

Birinjiden, döwlet býujetiniň kömegi bilen milli eksporty höweslendirmek üçin gaýtadan maliýeleşdirýär.

Ikinjiden, döwlet karzlaşdyrmasynyň göterimi bazar göterimi bilen deňeşdireniňde pesdir. Şeýle hem döwlet karzlaşdyrmasy köp halatda harydy döwletden karz almak bilen baglanyşyklydyr.

Üçünjiden, döwlet öz ätiýaçlandyryş guramasynyň üsti arkaly berlen karzlaryň ätiýaçlandyrmasyny guraýar. Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy bolup biläýjek ýitgileriň ählisini öz üstüne alýar.

Halkara gatnaşyklarda ätiýaçlandyrma işi ykdysady we syýasy töwekgelçilikler bilen baglanyşyklydyr. Ykdysady töwekgelçiliklere harydyň taýýarlanyş möhleti, harydyň bahasynyň ýokary galmagy, walýuta kursunyň üýtgemegi, tölege ukypsyzlyk, alyjynyň tölegden boýun gaçyrmagy we ş. m. degişlidir.

Syýasy töwekgelçiliklere harby hereketler zerarly alyjynyň borçnamasyny ýerine ýetirip bilmezligini, döwletlerde millileşdirme

hereketiniň başlanmagyny, konfiskasiýany (emlägiň döwletiň haýryna geçirilmegini), birtaraplaýyn gadaganlyk girizmegi (moratoriýany), walýuta çäklendirmesiniň girizilmegini we ş. m. degişli etmek bolar.

Käbir halatlarda ätiýaçlandyryş guramasynyň öz serişdeleri çykdajylaryň öwezini dolup bilmeýär. Şeýle ýagdaýda döwlet býujetiniň serişdeleri arkaly ýitginiň öwezi dolunýar.

## 4.2. Halkara karzyň esasy şertleri

Halkara karzyň esasy şertleri bolup möçber, möhlet, gymmat we walýuta çykyş edýär.

Karzyň möçberi (limit) – karz alyja berilýän ssudanyň möçberine düşünilýär. Eksport karzynyň möçberi karz şertnamasynyň jemi möçberine ýetmeýär. Onuň bir bölegi karz alyjy tarapyndan tölenilýär.

Karzyň möçberi üç döwre bölünýär:

a) berlen karzyň maksadalaýyk ulanylýan, ýerleşdirilýän döwri;

b) ýeňillikli döwür – berlen karz üçin berilýän ýeňillikli döwür.

ç) üzülişmek döwri – karzy doly üzmegiň möhleti.

Eksport karzy düzgün bolşy ýaly karz alyja bir wagtyň dowamynda berilmeýär. Ýagny, alyjy harytlary tapgyrma-tapgyr satyn alýar. Karzyň üzülişi hem şeýledir. Karzy üzmegiň gün tertibine laýyklykda satyn alnan enjam ýa-da gurlan desga doly ulanylyşa goýberilýänçä ýeňillik berilýär.

Karzyň gymmaty bolup göterim derejesi we esasy bergiden tölenilmedik bergi çykyş edýär.

Eksporty karzlaşdyrmagyň walýuta görnüşi çäklendirilmeýär.

## 4.3. Lizing halkara söwdany karzlaşdyrmagyň bir görnüşi hökmünde

Geçen asyryň 50–60-njy ýyllarynda söwdany karzlaşdyrmagyň täze bir formasy döredi. Tiz wagtdan karzlaşdyrmagyň bu görnüşi halkara söwdada hem ulanylyp başlady. Lizing – «leasing» iňlis sözünden sözme-söz terjime edeniňde «kärende» diýmekligi aňladýar. Adyndan belli bolşy ýaly lizing maşynlaryň, enjamlaryň, desgalaryň, uzak möhletli kärendesine berilmegine aýdylýar. Lizing gatnaşyklary

şeýle amala aşyrylýar, ýagny lizing kompaniýasy öndürijiden emlägi satyn alýar we ony kärende alyja peýdalanmaga berýär. Kärende tölegi, adatça, emlägiň amortizasiýasy boýunça hasaplanyp, ol ýigrimi ýyla çenli hem uzap biler. Kärende şertnamasy dolansoň, kärende alyjy emlägi satyp hem biler. Emlägiň ulanylany üçin hem göterim tölenilýär. Göterimiň möçberi, adatça, 10% töwereginde bolýar.

Lizing  maýa goýumlary çekmegiň oňat guraly hökmünde dünýäniň köp ýurtlarynda ulanylýar. Ol dünýäniň islendik sebiti, senagatyň islendik pudagy üçin ulanarlykly bolup, kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine düýpli ýardamyny ýetirýär. Häzirki güne çenli lizing özüniň hereket eden döwründe ykdysady gural hökmünde netijelidigini subut etdi. Lizing, aýratynam, alyjylaryň maliýe şertleri çäkli bolan ýagdaýynda has hem netijelidir. Ol ykdysadyýetiň diňe bir durnukly ösýän döwründe däl, eýsem kynçylykly döwründe hem netijelidir. Lizing boýunça önümçiligiň islendik serişdesi satylyp bilner. Lizingiň gozgalýan we gozgalmaýan emläk görnüşlerini tapawutlandyrmaly. Gozgalmaýan emläge jaýlar, desgalar, binalar, gozgalýan emläge bolsa ulag serişdeleri, gurluşyk tehnikasy, aragatnaşyk serişdesi, stanoklar, mehanizmler, enjamlar we ş.m. degişlidir.

Ýewropa ýurtlarynda häzirki günde lizing amallarynyň aglaba bölegini awtomobil ulagy bilen baglanyşykly geleşikler düzýär.

Maliýe serişdesi hökmünde Ýewropa ýurtlary awtomobil bilen ýokary üpjünçilik üçin, hut lizinge borçludyrlar. Ýewropanyň tejribesinde awtomobil lizingi iki ýyldan bäş ýyla çenli amatly hasap edilýär. Bäş ýyldan artyk möhlete baglaşylan lizing amallarynyň paýyna 14,2% düşýär. Ýewropada lizingi esasy peýdalanyjylar bolup, senagat we gurluşyk (38,1%), hususy ulgam (42,4%) durýar.

Lizing amallary geleşige gatnaşyjylaryň ählisine amatlydyr. Taraplaryň biri öz öndüren enjamyny satýar, beýlekisi gerek enjamy karzyna alýar we tapgyrma-tapgyr töleýär, beýleki bir tarap bolsa karzyň gaýtarylyp berilmeginiň kepili astynda maliýe işini ýeňilleşdirýär we goýan maýasy üçin göterim tölegini alýar.

Lizing hyzmatlarynyň bazary lizingiň görnüşleriniň, lizing şertnamalarynyň nusgalarynyň köpgörnüşliligi we lizing amallaryny

kadalaşdyryjy hukuk kadalar bilen häsiýetlendirilýär. Lizing amallaryna iki sany işjeň tarap gatnaşýar, bir tarap lizing beriji, beýleki tarap lizing alyjy. Lizing beriji satyn alan harydyny şol haryda mätäçlik çekýän başga bir ýurda peýdalanmaga berýär.

Lizingiň has köp ýaýran görnüşi bu lizing alyjy tarapyndan görkezilen emlägi belli bir satyjydan eýeçilige satyn almaga we şol emlägi belli bir töleg üçin, belli bir möhlete we eýeçilik döwründe belli bir şertlerde lizingiň predmeti hökmünde lizing alyja bermäge we emlägiň bahasy tölenenden soň, lizing alyja eýeçilik hukugynyň geçmegi bilen peýdalanmaga berlen lizing berijiniň borçlanmasydyr.

## 4.4. Türkmenistanyň eksportyny ösdürmekde halkara karzyň ähmiýeti

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ýylsaýyn ýokarlanýandygy guwandyryjydyr. Daşary gatnaşyklarymyzyň çalt depginler bilen ösmegi ýurdumyzyň dünýä hojalygyndaky ornunyň barha giňemegine we çuňlaşmagyna getirýär. Indi biziň öňümizde ýurdumyzyň eksportyny ýene-de nähili ýollar bilen ýokarlandyrmak meselesi durýar. Bu mesele islendik döwletiň öňündäki derwaýys meseleleriň biridir. Şonuň üçin biz şu işimizde eksportymyzy ösdürmegiň mümkinçilikleriniň birine seredip geçmekçi.

Ýurdumyzyň eksportyny ösdürmegiň ýene-de bir möhüm gurallarynyň biri bolup, eksportymyzyň karzlaşdyrylmagy çykyş edýär. Ýurdumyzyň eksportynyň karzlaşdyrylmagy türkmen harytlarynyň dünýä bazaryndaky tutýan ornunyň mundan beýläk hem giňelmegine şert döreder. Islendik ösen döwletleriň daşary söwdasynda, hususan-da eksportynda karzyň hasabyna satylan harytlar jemi eksportyň ep-esli bölegini tutýar. Köp döwletlerde daşary söwdany karzlaşdyrmakda ýörite döredilen banklar uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, ABŞ-da «Eksimbank», Germaniýada «Ausfurkredit», Awstriýada «Esterreýhişe kontrolbank» ýaly banklar gös-göni eksporty karzlaşdyrýarlar. Bu banklar ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

Halkara söwdany karzlaşdyrmak daşary ykdysady gatnaşyklarda birnäçe wajyp wezipeleri ýerine ýetirýändir. Onuň birinji ýerine

ýetirýän wezipesi döwletleriň arasynda material we maliýe serişdeleriň gaýtadan paýlanylmagyny we olaryň netijeli peýdalanylmagyny üpjün etmekdir. Halkara karzyň ikinji ýerine ýetirýän wezipesi bir döwletde wagtlaýynça boş duran serişdeleri beýleki bir döwletiň ykdysadyýetinde dürli maksatlar üçin peýdalanmakdyr. Onuň üçünji ýerine ýetirýän wezipesi bolup halkara söwdanyň has çaltlaşmagy we üznüksiz önümçiligiň ösmegi çykyş edýär.

Halkara karzy özüniň möhleti boýunça üç topara bölünýär, ýagny gysga, orta we uzak möhletli karzlar. Gysga möhletli karzlar, esasan, bir ýyla çenli bolup, ol satyn alynýan çig mallary karzlaşdyrmakda ulanylýar. Orta möhletli karzlar 5—7 ýyla çenli bolup, onuň bilen, esasan, maşynlary we enjamlary karzlaşdyrýarlar. Uzak möhletli karzlaryň möhleti 5—7 ýyldan ýokary bolup, ony iri möçberli taslamalary durmuşa geçirmek maksady bilen peýdalanýarlar.

Biziň Watanymyz dürli tebigy baýlyklara diýseň baýdyr. Ýurdumyzyň eksportynyň düzümine seredenimizde onuň agramly bölegini çig mallaryň tutýandygyny görüp bolýar. Bulara, esasan, tebigy gaz we nebit degişlidir. Ýurdumyzda başga-da birnäçe tebigy baýlyklaryň uly gorlary jemlenendir. Biz özümiziň şu tebigy mümkinçiliklerimizi döwrebap ulanmagymyz üçin halkara karzy giňişleýin ulanmagymyz möhümdir. Ýagny, ýurdumyzda öndürilýän dürli görnüşli harytlary daşary ýurtly alyjylara ýetirmekde halkara karzyň giňden ulanylmagy şu günüň esasy üns berilmeli ugurlarynyň biridir. Sebäbi Täze Galkynyş döwründe ýurdumyza gaty uly möçberlerdäki maýa goýumlar zerur bolup. Şonuň halkara karzlaryň içinde biziň üçin iň amatlysy gysga möhletli karzlardyr. Eksportymyzy karzlaşdyrmakda gysga möhletli karzlary ulanmagyň birnäçe amatlyklary bardyr. Birinjiden, karzyň bu görnüşi bilen karzlaşdyrylýan ugur bilen biziň eksportymyzyň düzümi gabat gelýär. Ikinjiden, gysga möhletli karzlar çalt dolanyp gelýär. Bu bolsa berlen serişdeleriň çalt toplanmagyna we has degerli ugurlara gönükdirilmegine ýardam berýär. Üçünjiden, gysga möhletli karzlaryň göterim derejesi has ýokarydyr. Bu bolsa karz serişdeleriniň has çalt artmagyny üpjün edýär.

Indi gozgaýan meselämiziň esasy tarapyna seredeliň. Ýagny, eksportymyzy ösdürmekde halkara karzy peýdalanmagyň amatlydygy

düşnükli diýeliň. Indi ony nädip amala aşyrmaly. Eksportymyzy maliýeleşdirjek karz serişdelerini nädip tapmaly? Muny çözmek üçin aşakdakylara seredeliň:

— ösen döwletleriň tejribesinden görnüşi ýaly ýurduň eksportyny karzlaşdyrmagyň birinji çeşmesi bolup döwlet býujeti çykyş edýär. Şonuň üçin döwlet býujetinden her ýyl bu iş üçin serişde bölünip berilmeli. Şeýle-de ýurduň býujet artykmaçlygyny hem bu ugra gönükdirmek gerek;

— ykdysadyýetiň has gurbatly pudaklarynyň bu ugra ýörite serişde bölüp bermegini gazanmaly;

— daşary ykdysady işi alyp barýan bankyň hut şu iş üçin ýörite paýnamalaryny çykarmaly.

Eksportymyzy karzlaşdyrmak üçin zerurlyk ýüze çyksa başga-da birnäçe çeşmeleri tapmak bolar.

Umuman, daşary ykdysady gatnaşyklarymyzda eksportymyzy karzlaşdyrmagy giňden ulansak, onda ykdysadyýetimiziň ösüşini has çaltlandyrmaga we ýurdumyzyň dünýä hojalygyndaky hem-de halkara söwdadaky ornuny has giňeltmäge tarap ýene-de bir ynamly ädimi ätdigimiz bolar.

# 5-nji BAP. INŽINIRING KOMPANIÝALARYNYŇ HALKARA SÖWDASY

## 5.1. Inžiniring we onuň mazmuny

Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda dünýä söwdasynda has giň gerime eýe bolan ugurlaryň biri hem halkara inžiniring hyzmatlarydyr. YTP-niň has çaltlaşmagy, önümçilikleriň giňelmegi, Halkara zähmet bölünişiginiň (HZB) barha çuňlaşmagy netijesinde ykdysady gatnaşyklaryň bu görnüşi hem öz ähmiýetini barha giňeldýär we öz ornuny berkidýär. Inžiniringiň giňelmeginiň esasy sebäpleriniň biri hem YTP-niň hemme ýurtlarda deň ýaýramazlygydyr. Hut şunuň netijesinde hem halkara inžiniring kompaniýalarynyň aglabasy ösen ýurtlara degişlidir. Eýsem-de, inžiniring hyzmatlary diýmeklik nämäni aňladýar? Bu iş önümçilik, senagat, gurluşyk, ylym-tehniki we inženerçilik, maslahat beriş häsiýetli şereketleriň we kompaniýalaryň alyp barýan işleriniň toplumydyr. Inžiniring hyzmatlarynyň esasy bölegi adam pikiriniň gazanan üstünliklerini durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä, geçen asyryň 60–80-nji ýyllarynda HZB-niň çuňlaşmagynda we dünýä boýunça senagatlaşmagyň artmagynda inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketleriň paýy örän ýokarydyr. Ýurtlaryň arasyndaky haryt bäsleşiginiň barha güýçlenmegi bilen bir hatarda inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan firmalaryň hem özara bäsdeşligi ýitileşýär. Bu ýagdaý senagat taýdan ösen ýurtlarda has hem äşgär ýüze çykýar. Ýöne belli-belli ugurlar boýunça ösüp gelýän ýurtlar hem köpelip başlady. Mysal üçin, soňky 10 ýyllyklarda Hindistanyň kompýuter tehnologiýasynyň uly üstünlikleri gazanmagy netijesinde, hatda dünýäniň ösen ýurtlarynyň hojalyklary hem kompýuter maksatnamalarynyň sargytlaryny Hindistana buýurýarlar.

Bu ugurda bäsdeşligiň ýitileşmegi bu hyzmaty amala aşyrýan şereketleriň ýöriteleşmegine alyp bardy. Häzirki wagtda ýöriteleşmäniň, esasan, şu toparlary bar, ýagny gurluşyk taslamalary, senagat taslamalary, ylmy önümçilikler, önümleri öndürmekde we satmakda maslahat berijiler we ş.m. Has iri we kuwwatly kompaniýalar diňe bir önüm öndüriji bolman, inžiniring hyzmatlaryny ýerine ýetirmek bilen bir hatarda maýa goýujy bolup çykyş edýärler. Bu iri hojalyk birleşmeleri özlerinde ylmy-önümçilikleri hem saklaýarlar. Umuman kuwwatly halkara hojalyk birlikleri köptaraplaýyn inžiniring hyzmatlaryna ýöriteleşendir. Bu iri kärhanalaryň maliýe ýagdaýy ýeterlik bolansoň, beýleki ýöriteleşen firmalar we kompaniýalar bilen üstünlikli bäsleşip bilýärler. Inžiniring hyzmatlarynyň ylmy önümçilik ugry, esasan, döwletleriň elinde jemlenendir. Bulara saglygy goraýyş, ekologiýa, harby, senagat ugurlary degişlidir.

Inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketler we kompaniýalar buýrujynyň öňünde şu borçlary ýerine ýetirýärler:

1) halkara talaplara laýyk gelýän taslamalary işläp düzmek;

2) hödürlenilýän taslamalaryň ykdysady, tehniki we maliýe ýagdaýyny seljermekde buýruja ýardam bermek;

3) ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň buýrujynyň göwnünden turmagyny gazanmak;

4) taslama amala aşyrylandan soň, häzirki zaman derejede onuň usullaryny guramagy we dolandyrmagy öwretmek.

Häzirki wagtda inžiniringiň köpugurly görnüşleri hereket edýär. Olara ylmy-barlag, gurluşyk-taslama, önümçilik we ýerleşdirmek degişlidir. Bularyň içinde iň giňden ýaýrany bolup düýpli gurluşyk taslamalary çykyş edýär. Bu ugurdaky inžiniring hyzmatlary iň amatlysy diýlip hasap edilýär.

## 5.2. Inžiniringiň aýratynlyklary

Inžiniring diýen düşünjäni anyklamak üçin ilki bilen ony zähmetiň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Şonuň üçin inžiniringiň 4 sany aýratynlyklary kesgitlenilýär.

Inžiniringiň birinji aýratynlygy önümçilik-gurluşyk ähmiýetli

buýurmalary has ýokary hilli ýerine ýetirilmegiň kepili bolup çykyş edýänligidir. Bu ýagdaý inžiniring hyzmatlarynyň ýöriteleşmeginden gelip çykýandyr.

Inžiniringiň ikinji aýratynlygy bolup, onuň önümi öndürmek işlerini däl-de, olaryň esaslaryny taýýarlamak bilen meşgul bolýanlygydyr.

Üçünji aýratynlygy inžiniringiň harytlary alyş-çalyş etmeklige gatnaşýan häsiýetde bolup bilýänligidir. Dogry bu işleri kärhananyň özi hem ýa-da gös-göni söwda bilen meşgullanýan firmalar hem ýerine ýetirýärler. Bu ýerde inžiniring aýratyn hyzmatlary amala aşyrýar, ýagny şol söwda firmalaryna analitikleriň kömegi bilen ýardam berýär.

Iň soňky aýratynlygy bolup bu hyzmatlaryň esasynda «nou--hau» ygtyýarnamalarynyň ýatýanlygydyr. Umuman, bu şereketler «ygtyýarnamaçylar» bilen özara berk baglanyşyklydyr. Şeýle hem durmuşda bu firmalaryň özleri hem ygtyýarnama eýeleri bolup çykyş edýärler.

Inžiniring haryt söwdasyndan tapawutlydyr. Inžiniring diňe bir hyzmaty amala aşyrman «nou-hau» ygtyýarnamalaryny hem satýar. Bu ygtyýarnamalar entek önümçilige ornaşdyrylmadyk ýa-da az sanly taraplaryň elinde bolan adam akylynyň önümidir. Has anygy bu ygtyýarnamalar monopol harytlardyr. Şonuň üçin bu harydyň bahasy monopol bahalardan satylýar.

Inžiniring hyzmatlarynyň düzümi çylşyrymly we köp häsiýetlidir. Bu hyzmatlary amala aşyrýan taraplaryň işlerini umumylaşdyryp iki topara bölüp bolar:

1.Inžiniring hyzmatlarynyň birinji toparyna taslamadan öň amala aşyrylýan hyzmatlar degişlidir. Bu hyzmatlar sosial ykdysady barlaglary geçirmek, bazary öwrenmek, gazylyp alynýan baýlyklary gözlemek, sebitiň ýerleşişini we klimatyny öwrenmek we ş.m. öz içine alýar.

Taslama hyzmatlaryny iki bölege bölmek bolar:

a) esasy inžiniring;

b) bölekleýin (detalnyý) inžiniring.

Esasy inžiniring özüne taslamanyň baş meýilnamasyny, taslamanyň takmynan bahasyny, ulanyş çykdajylaryny birleşdirýär.

Bölekleýin inžiniring taslamanyň gutarnykly netijesini, her bir çyzgynyň aýratynlygyny, tehniki aýratynlyklaryny görkezýär.

2. Inžiniring hyzmatlarynyň ikinji toparyna taslamadan soňky hyzmatlar degişlidir. Ol öz içine aşakdakylary birleşdirýär:

a) şertnamanyň resminamalarynda görkezilen söwda işlerini guramagy;

b) gözegçiligiň ýola goýulmagyny;

ç) kabul edilmezden ozal ulanyp görilmegini;

d) inžener, tehniki işgärleri taýýarlamagy;

e) önümi ýerleşdirmegiň şertlerini guramagy.

Ýörite hyzmatlara taslama boýunça anyk müşgillikleri çözmegiň ýola goýulmagy. Meselem, ykdysady gözlegler, galyndylary zyýansyzlandyrmagyň ýollary we ş.m.

Inžiniring hyzmatlarynyň ikinji toparyna önümçilik işini guramak, kärhanany dolandyrmak, önümleri ýerleşdirmek bilen baglanyşykly işler degişlidir.

Ol aşakdakylary özüne birleşdirýär:

1. Önümçiligi guramak we dolandyrmak hyzmatlary.

2. Enjamlaryň işleýşine gözegçilik hyzmatlary.

3. Desgany ulanmak boýunça hyzmatlar, ýagny işgärleri ýygnamak we taýýarlamak, aýlyk haklary guramak, material-tehniki üpjünçilik.

4. Maliýe kynçylyklarynda kömek, maslahat bermek.

5. Önümleri ýerleşdirmegi guramak boýunça hyzmatlar, ýagny bazaryň konýukturasyny öwrenmek, reklama, önümi ýerleşdirmegiň usullary we ş.m.

6. Elektronika-kompýuterleri ornaşdyrmak, maglumat üpjünçiligi hyzmatlary.

Ýokarda bellenip geçilen köp sanly işleriň hemmesine ýöriteleşmek aňsat däldir. Şonuň üçin inžiniring kompaniýalary olaryň belli birine ýöriteleşýärler. Bu ýöriteleşmäniň içinde iň giň ýaýran firmalar birinji topara degişlidir.

## 5. 3. Inžiniring hyzmatlarynyň halkara söwdasyny guramak

Inžiniring hyzmatlarynyň halkara söwdasyny guramagyň esasynda buýrujy bilen daşary ýurt firmalarynyň arasynda şertnama baglaşmak arkaly buýurma (zakaz) bermek usuly ulanylýar. Inžener--maslahat beriş hyzmatlaryny satyn almak ýuridiki esasda amala aşyrylýar. Munuň üçin hyzmatlary satyn almak isleýän döwletiň ýuridiki esasda ýüz tutmagy gerekdir. Bu hyzmatlaryň ýuridiki esasy bolmasa eksport etmek hem ähli döwletlerde gadagan edilýär.

Inžiniring hyzmatlaryny alyp-satmak işlerinde üç sany usul ulanylýar (gurluşyk desgasynyň mysalynda). Birinji usulda alnyp barylýan gurluşyk işlerine köp görnüşlilik häsiýetlidir. Ýagny, daşary ýurt firmasy gurulýan desganyň agramly bölegini öz üstüne alýar (mysal üçin, taslamany taýýarlamak, taslama ýolbaşçylyk etmek we ş.m.). Käbir ýagdaýda ýerli kompaniýalar obýektiň belli-belli böleklerini ýerine ýetirmek üçin çagyrylýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň gara ýollaryny düýpli abatlamak we täze ýollary çekmek işlerini ýerli gurluşyk kärhanalary alyp barýarlar, ýol ugrundaky köprüleri gurmak işlerini bolsa daşary ýurt gurluşyk firmalary amala aşyrýar.

Ikinji usulda inžiniring kompaniýa işleriň tutuşlaýyn ýerine ýetirilişini, onuň hilini, hünärmenleri taýýarlamak işlerini amala aşyrýar. Şeýle-de öz üstüne alan işlerini üçünji bir kompaniýanyň bu işi ýerine ýetirmekligine hem şert döredýär. Ýagny, üçünji bir kompaniýa gurluşyk işlerini kärendesine berýär.

Üçünji usul «açarasty» usuldyr. Bu usula laýyklykda daşary ýurt kompaniýasy desganyň hemme işlerini öz üstüne alýar. Ondan daşgaryn hem ýerli hünärmenleri taýýarlamagy, işiň gidişine gözegçiligi öz ellerinde saklaýar. Hyzmatyň bu görnüşi çylşyrymly tehnologiýaly önümçilikler gurlanda ulanylýar. Mysal üçin, atom elektrik stansiýalary (AES).

Häzirki wagtda bu usullaryň giň ýaýrany birinji usuldyr. Daşary ýurt kompaniýasy bilen ýerli kompaniýalar gurluşyk işlerini amala aşyrmakda hyzmatdaşlyk saklaýarlar. Daşary ýurt kompaniýalary gurluşygyň gözegçiligini öz ellerinde saklap, taslamanyň belli-belli bölümlerini ýerli şerekete ynanýarlar. Täze önümçilik tehnologiýasyna

esaslanýan kärhana gurlanda ýerli hünärmenleri ýetişdirmäge kömek edýärler. Bu ýagdaý, esasan, ösüp gelýän ýurtlara mahsusdyr.

Halkara hyzmatlary satýan we satyn alýan taraplaryň arasyndaky şertler halkara şertnamalar arkaly düzgünleşdirilýär. Bu şertnamalar şu borçnamalary özüne birleşdirýär:

a) buýrujy we ýerine ýetiriji öz borçnamasyna ygrarly bolmaly;

b) işi ýerine ýetirmegiň möhleti we gün tertibi;

ç) inžiniring firmalaryň sany we işgär düzümi;

d) şertnamany baglaşmaga gatnaşýan toparlar;

e) borçnamada düzgün bozulmalaryň derejesi;

ä) hyzmatlary ýerine ýetirmegiň we tölemegiň şertleri.

Şertnamalar satyn alyjy bilen satyjynyň arasynda baglaşylýar. Şeýle şertnamalar ýerine ýetiriji kompaniýa bilen gurluşyk işleriniň aýry-aýry böleklerini ýerine ýetirýän kompaniýalaryň arasynda hem baglaşylýar. Aýry-aýry hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhana öz işini gurluşygyň umumy möhletinden öň tamamlan ýagdaýynda hem kärendeçi bilen baglaşylan şertnamanyň doly ýerine ýetirilmegi baradaky gol çekişlik tutuş gurluşyk işleri doly tamamlanandan soň amala aşyrylýar. Sebäbi öň gutarylan gurluşygyň işine nähili täsir etjekdigini öňünden bilip bolmaýar.

Häzirki wagtda halkara inžiniring kompaniýalarynyň işlerini satyn almakda giňden ulanylýan usullaryň biri hem halkara tenderini geçirmekdir. Tenderde haýsy kompaniýa iň az hak talap etse, işleriniň hili has ýokary bolsa, "nou-haulary" durmuşa ornaşdyrmak derejesi has ýokary bolsa şol kompaniýa hem tenderiň ýeňijisi bolýar.

Türkmenistanda gurluşyk işleriniň çalt ýaýbaňlandyrylmagy bilen geçirilýän halkara tenderleriň sany hem barha ýokarlanýar. Tendere gatnaşýanlaryň sanynyň köplügi, buýruja saýlap almak mümkinçiliginiň  ýokary bolmagyny üpjün edýär.

Inžiniring hyzmatlarynyň eksporty haryt eksportyndan özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Haryt eksportynda önümçilikde öndürilen haryt daşary ýurtlara çykarylýar. Inžiniring hyzmatynda— bu harydy öndürýän önümçiligiň daşyna çykarylmagyny aňladýar.

Hünärmenleri taýýarlamaklyga, taslamalary düzmeklige we hödürlemeklige hyzmaty eksport etmek hökmünde  garalýar.

Inžiniring hyzmatlarynyň aýratynlyklarynyň biri hem döwletara ykdysady gatnaşyklaryň mazmunyny üýtgetmeýänligindedir. Ykdysady gatnaşyklaryň peýdaly netijeliligi diňe wagt we ykdysady taýdan üýtgeýär. Wagt taýdan netijelilik eksportýor döwlet üçin amatlydyr. Sebäbi haryt we hyzmat satylanyndan soňra, onuň öz puly eline gowuşýar. Inžiniring hyzmatyny satyn alýan döwlet öz çykdajysyny birnäçe ýyllaryň dowamynda yzyna alýar. Ykdysady taýdan netijelilik import edýän döwlet üçin amatlydyr. Çüňki, importýor ozal daşyndan satyn alýan önümlerini indi wagtyň geçmegi bilen özi öndürip başlaýar.

Umuman, inžiniring hyzmatlarynyň daşary söwdasyna maýanyň halkara hereketiniň bir görnüşi hökmünde garamak bolar.

## 5.4. Inžiniring kompaniýalarynyň halkara bäsleşik ukybynyň faktorlary

Halkara inžiniring daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösen sferasydyr. Ol inžiniring hyzmatlaryny eksport etmegiň ýokary derejede ýöriteleşmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Soňky ýyllarda dünýä bazarynda bu firmalaryň işine bolan talap düýpli ýokarlandy. Bu ýagdaýa dünýä bazaryndaky bäsleşigiň ýitileşmegi, düýpli gurluşyklara bolan islegiň peselmegi, ösüp gelýän döwletleriň tehnologik derejesiniň ýokarlanmagy we ş.m. faktorlar täsir etdi.

Bu ugurdaky ýöriteleşen kompaniýalar täze şertlerde bäsleşige ukyplylygyny saklamak üçin iki şerti berjaý etmeli bolýarlar:

Birinjiden, alyp barýan işlerini diwersifikasiýalaşdyrmak (köp ugurly hereket etmek).

Ikinjiden, alnyp barylýan işiň hil tarapyna aýratyn üns bermek.

Häzirki wagtda inžiniring kompaniýalarynyň arasyndaky bäsleşik ösen döwletleriň arasynda alnyp barylýar. Bu bäsleşikde öz ornuňy saklamak ilkinji nobatda «nou-hau» täzeliklerini özleşdirmek we önümçilige ornaşdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Ylmy-tehniki täzeliklerden yza galmak halkara arenasyndaky ornuňy ýitirmek diýmegi aňladýar.

Ylmy-tehniki täzelikler bilen bir hatarda önümçiligi guramagyň

marketing strategiýasyny alyp barmak bäsleşige ukyplylygyň bir faktorydyr. Ýöne, ösen tehnologiýany, önümçiligi guramagyň we öndürilen harytlary ýerleşdirmegiň marketingini ele alan ösüp gelýän ýurtlar öz gezeginde ösen ýurtlaryň bu ugurdaky kompaniýalaryna täze bäsdeş bolýarlar. Munuň netijesinde hem inžiniring kompaniýalarynyň dünýä bazaryndaky bäsleşik işi barha gyzyşýar we çylşyrymlaşýar.

Ösen döwletlerde inžiniring kompaniýalarynyň bäsleşige ukyplylygynyň wajyp faktory bolup, alnyp barylýan işiň göwrümi, düzümi we hil derejesi çykyş edýär. Makroykdysady nukdaýnazardan munuň özi ýurtda toplanan ylmy-tehniki önümçilik we beýleki tejribeleriň ýurduň daşynda maýa goýum hökmünde ulanylmagyny aňladýar. Daşary işlerde şeýle işleriň uly göwrümini alyp barýan kompaniýalar inžiniring işleriniň ol ýa-da başga bir döwresinde maýa goýum sferasynda goşmaça girdeji gazanmaklyga mümkinçilik döredýärler. Häzirki wagtda olar ösen döwletlerde özleriniň inžener--maslahat beriş gurluşyk firmalarynyň arada durmagynda önümçilik we gurluşyk işleri hyzmatynyň tutuş toplumyny hödürleýärler. Diýmek, inžiniring kompaniýalarynyň bäsleşige ukyplylygynyň esasy faktorlarynyň biri bolup hyzmatlaryň köpgörnüşliligi çykyş edýär. Bu firmalaryň ýerine ýetirýän hyzmatlar toplumynyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1) gurluşyk-taslama firmalary;
2) gurluşykda inžener-maslahat beriş firmalary;
3) dolandyryş ulgamy boýunça maslahat beriş firmalary;
4) maglumat firmalary;
5) marketing firmalary.

Inžiniring hyzmatynda kompaniýa uly peýda getirýän ugurlaryň biri hem firmanyň özüniň ýerli tehnologiýany ulanmagydyr. Munuň özi birinjiden, ylmy-tehniki täzelikleri dünýä bazarynda söwda maksatly ulanmaga mümkinçilik berýär. Ikinjiden, ýerli maşynlaryň we enjamlaryň eksportyny ýokarlandyrýar. Bu bolsa ýerli öndürijileriň hem bäsleşige goşulmagyna getirýär.

## 5.5. Inžiniring hyzmatlaryna baha kesmegiň aýratynlyklary

Inžiniring hyzmatlaryny satyn almak we satmak boýunça şertnama baglaşylanda ýüze çykýan kynçylyklaryň biri hem hyzmatlara baha kesmekdir. Käbir hyzmatlaryň anyk bahalary bellidir. Emma hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşleriniň bazar bahasy dürli-dürlüdir. Şeýlelikde, gurluşyk desgalary alnyp barlanda bahalaryň üýtgemegi, walýutanyň hümmetiniň peselmegi ýaly meseleler ýüze çykýar.

Bu meseleleri üstünlikli çözmek üçin inžiniring hyzmatlaryna baha kesilende şu usullar ulanylýar:

1) wagta görä kesgitli aralyk hakyny tölemek usuly.

2) hakyky çykdajylar we bellenen sylaglamak usuly.

3) gurluşyk işiniň jeminden belli bir bölegini önünden tölemek usuly.

Wagta görä hak tölemek usuly, esasan, maslahat beriş, işgärleri we hünärmenleri taýýarlamak, taslamadan öňki we ýörite hyzmatlarda ulanylýar. Bu sagatlaýyn hak tölemek usulydyr. Ýagny, her sagada tölenilmeli hak öňünden kesgitlenilýär we bir günki iş sagatlary bir sagatlyk haka köpeldilýär.

Mysal üçin, gurluşyk firmasynda bir sagada 10 manat tölenilýär. Işgär bir aýyň dowamynda 200 sagat işläpdir. Diýmek, 10*200=2 000 manat.

Wagta görä hak tölemek usulynda ösen ýurtlarda düzgün boýunça hyzmatlar eksport edilende ýerli bahalardan 40—50% ýokary bolýar. Bu görkeziji Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda şeýle. Ösüp gelýän ýurtlarda bu görkeziji 2—3 esse ýokary. ABŞ-da we Ýaponiýada bu san has ýokarydyr. Şeýle ýokary bahalary bir tarapdan ösüp gelýän ýurtlaryň inžiniring hyzmatlara isleginiň ululygy we ösen ýurtlaryň monopol bahalary ýöredýänligi bilen düşündirmek bolar.

Ikinji usulda hyzmaty ýerine ýetirýän firma ähli işlerini bitirenden soň, şol çykdajylarynyň üstüne goşmaça hak tölenýär. Bu hak dünýä tejribesinde uly taslamalarda 10%, uly bolmadyk işlerde 25% töwereginde tölenýär.

Öňünden belli bir bölegini tölemek usuly häzirki zaman şertlerinde iň giň ýaýran usuldyr. Bu usula laýyklykda gurluşyk işleriniň jeminden belli bir bölegi öňünden tölenilýär. Bu ýagdaý taslama işlerini düzmek

bilen baglanyşyklydyr. Belli bir bölegini öňünden tölemekde, adatça, şertnamanyň jemi bahasynyñ 10—30%-i geçirilýär.

Inžiniring hyzmatlarynyň bahasy hasaplananda dürli ýagdaýlara görä üýtgäp biler. Mysal üçin, OPEK guramasyndan nebiti import edýän döwletler bu ýurtlarda alyp barýan işleriniň bahasyny peseltmäge meýillidirler. Çünki nebiti import etmegi durnukly ýola goýmak bilen islendik döwlet gyzyklanýar. Şeýle hem bu ýurtlar inžiniring hyzmatlaryna köp isleg bildirýärler. Hyzmatdaşlygy saklamak we giňeltmek hyzmaty eksport edýän döwletleri baha eglişigine gelmäge mejbur edýär.

Tersine maliýe we syýasy taýdan durnuksyz döwletlerde töwekgelçiligiň ýokarylygy sebäpli, hyzmatlaryň bahasy hem ýokarlanýar.

## 5.6. Dünýäniň iri inžiniring kompaniýalary we olaryň häzirki akym meýilleri

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketler, esasan, dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlaryna degişlidir. Şeýlelikde, bu ýurtlara aşakdakylar degişlidir: ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Germaniýa, Ýaponiýa, Kanada, Daniýa, Şwesiýa, Şweýsariýa, Italiýa. Bu ýurtlaryň inžiniring hyzmatlaryndan gelýän girdejileriniň jemi göwrümi ortaça hasap bilen her 10 ýyldan 50 göterime golaý ösýär. Mysal üçin, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda bu hyzmatlaryň dünýä boýunça jemi möçberi 12—15 mlrd dollar aralygynda bolan bolsa, 1990-njy ýyllarda bu görkeziji 15—18 mlrd dollara barabar boldy.

Bu firmalaryň içinde inžener-maslahat beriş, senagaty modernizasiýalaşdyrmak hyzmatlary has çalt ösýär. Bu firmalaryň tutýan paýy jemi girdejileriň ýarysyndan gowragyna barabardyr. Häzirki wagtda bu hyzmatlary amala aşyrýan iri firmalaryň 400-den gowragy hereket edýär. Bu firmalaryň içinde has giň gerime eýe bolýan ugurlaryň biri hem gurluşyk hyzmatlarydyr. Käbir ýurtlar bu hyzmatlary amala aşyrmakda belli bir ugurlarda düýpli öňegidişlikleri gazandylar. Mysal üçin, Türkiýe geçen asyryň 90-njy ýyllarynda dünýä boýunça alnyp barylýan gurluşyk işleriniň 100-den 30 bölegine golaýyny amala aşyrdy. Türk gurluşyk firmalary häzir hem günbatar ýurtlarynyň bazarlarynda ýerli bäsdeşlerini mazaly gysýar.

Iri inžiniring kompaniýalarynyň käbirleriniň atlary «Lawalin grup» (Kanada), «Flour Denjel» (ABŞ), «Teknip», «Buig» (Fransiýa), «Jon Braun», «Teýeor Wudrou» (Angliýa). Bu kompaniýalar, esasan, gurluşyk we senagat häsiýetli hyzmatlara ýöriteleşendir.

Häzirki wagtda dünýäniň inžiniring hyzmatlary bazarynda düýpli özgerişler bolup geçýär. Bu ýagdaýyň şeýle bolmagyny ýurtlaryň pudaklarynyň düzüminiň üýtgemegi bilen düşündirip bolar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly inžiniring bazarynda esasy orun ösen ýurtlara degişlidir. Ýöne, bu ýagdaý soňky 10 ýyllyklarda bu ýurtlaryň ornunyň mese-mälim gowşaýandygyny görkezýär. Ösüp barýan ýurtlara degişli bolan, ýagny Braziliýanyň, Günorta Koreýanyň, Hindistanyň inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan firmalary içerki we, esasan hem, daşarky bazarlarda öz orunlaryny barha giňeldýärler.

Inžiniring hyzmatlaryny eksport edýän ösen ýurtlar şol bir wagtyň özünde importýorlar bolup hem çykyş edýärler. Esasy orny import edijileriň hatarynda Ýakyn Gündogar ýurtlary eýeleýär. Bu ýurtlarda nebit gazyp almak we gurluşyk işleri has giň ýaýbaňlanýar.

Ösen ýurtlaryň arasynda esasy import ediji bolup ABŞ, onuň yzyndan bolsa ÝB ýurtlary gelýärler. Latyn Amerikasy ýurtlary bu sanawda 4-nji orny eýeleýärler. 5-nji orunda bolsa Günorta Afrika ýurtlary gelýär. Dünýä ykdysadyýetiniň pese gaçýan şertlerinde bu ýurtlaryň inžiniring hyzmatlaryny import etmegi hem pese gaçýar. Onuň tersine ABŞ we ÝB ýurtlarynyň importy barha ýokarlanýar.

ABŞ dünýä bazarlarynda öz orunlaryny ÝB, Ýaponiýa we beýleki ýurtlaryň firmalaryna giderýär. Ýagny, Ýewraziýa yklymynda ABŞ-nyň firmalarynyň täsir edip bilijilik ukyby barha gowşaýar. Mysal üçin, ABŞ-nyň Aziýadaky pozisiýasy 33%-den 21,2%-e çenli peseldi. Ýöne, amerikan firmalary öňki bazarlaryndan düýpgöter el çekenok. Olar pozisiýalary gowşaýan ýurtlardaky amala aşyrylýan hyzmatlary esasy maliýeleşdirijiler bolup çykyş edýärler.

Dünýä bölekleri boýunça bu hyzmatlary amala aşyrýan ýurtlar: Ýakyn Gündogarda–ABŞ, Angliýa, GFR, Aziýada–Angliýa, Ýaponiýa, Türkiýe, Latyn Amerikasynda–ABŞ, Kanada, GFR, Skandinaw ýurtlarynda–Gollandiýa we Şweýsariýa, Günorta Afrikada–fransuz we german firmalary agdyklyk edýärler.

Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň içinde intellektual zähmetiň iň köp mümkinçiligi bolan ýurt Russiýadyr. Emma, Russiýanyň firmalary ýurduň maliýe kynçylyklary zerarly daşary bazarlara işjeň gatnaşmaýarlar. Ýöne, olaryň belli-belli pudaklar boýunça işleri alyp baryşlary welin barha giňeýär. Bu pudaklara nebit-gaz, harby we atom elektrik senagatlary degişlidir. Nebit we gaz pudagy boýunça hatda Ýakyn Gündogar ýurtlarynda hem öz işlerini amala aşyrmaga çalyşýarlar. Esasan hem, nebit gazyp almakda soňky gazanylan üstünlikler muňa mümkinçilik berýär, ýagny soňky gazanylan tehnologiýa boýunça 27 000 metr çuňlukdan hem nebit alyp bilýärler. Bu ugurda hereket edýän kompaniýalar häzirki wagtda Yrakda, Eýranda we beýleki arap ýurtlarynda alyp barýan işlerini barha giňeldýär. Harby ugurlar boýunça hyzmatlara mysal hökmünde Hindistanda SU-30 harby uçarynyň zawodyna, Fransiýanyň harby uçarlary öndürýän zawodlaryna, Germaniýanyň tank öndürýän zawodlarynyň modernizasiýa işleriniň taslamasyna garamak bolar.

# 6-njy BAP. DÜNÝÄ NYRHLARY WE TÜRKMENISTANYŇ EKSPORT KUWWATY

## 6.1. Dünýä bahasynyň emele gelşi

Dünýä bahasy–bu çig mallara we önümçilik tehnologiýasynyň belli bir derejesini geçen ýarym fabirikatlara, haýsy hem bolsa bir döwlet ýa-da söwda biržasy tarapyndan bellenýän kesgitli belli bir bahadyr. Dünýä bahasynyň beýleki erkin bahalardan tapawudy şundadyr, ýagny erkin bahalary bazar kesgitleýän bolsa, dünýä bahasyny söwda biržasy ýa-da döwlet kesgitleýär. Mysal üçin, nebitiň bahasy London biržasy ýa-da OPEK tarapyndan bellense, tebigy gazyň bahasy Russiýa Federasiýasy tarapyndan kesgitlenýär. Bahalar bellenende bazaryň sarp edijilik ýagdaýyndan ugur alynýar.

Dünýä bahasynyň ýene-de bir aýratynlygyna üns bermeli, ýagny taýyn önümleriň dünýä bahasy bolmaýar. Onuň hem sebäbi birmeňzeş taýyn harytlaryň birnäçe görnüşiniň we birnäçe bahasynyň bolmagydyr. Mysal üçin, ýeňil awtoulagyň dünýä bahasyny kesgitlemek mümkin däldir.

Hakykatdan hem dünýä bahasy diňe çig mallar we ýarym fabrikatlar boýunça hereket edýär. Munuň hem sebäbi düşnüklidir, ýagny çig malyň ýa-da ýarym fabrikatyň bahasynyň häli-şindi üýtgäp durmagy, önümçilige we sarp edijilere özüniň ýaramaz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, nebitiň bahasynyň üýtgäp durmagy tutuş dünýä ykdysadyýetine täsir edýär. Aýratyn-da, bu ýaramaz täsir çig maly import edýän ösüp gelýän döwletler üçin has kyndyr. Sarp edijiligi ýokary bolan Günbataryň ösen ýurtlary üçin bu ýagdaý beýle çökder bolmasa-da, bahanyň häli-şindi üýtgemegi, ol ýurtlaryň hökümetlerini ynjalykdan gaçyrýar.

Dünýä bahasyna düşünje berlende, onuň geografiki aýratynlygyna

üns bermeli. Ýagny, çig maly öndürijiler, köplenç halatda ösüp gelýän ýurtlar bolsa, olara baha kesýän ýurtlar bolup ösen ýurtlar çykyş edýär. Munuň sebäbi düşnüklidir. Ýagny, Günbataryň ösen ýurtlary tebigy baýlyklara garypdyr. Olar tebigy baýlyklara bolan islegini ösüp gelýän ýurtlardan import etmek arkaly kanagatlandyrýarlar.

Dünýä bahalarynyň ýene-de bir häsiýetli tarapyna seredeliň. Häzirki wagtda bütin dünýäde 200-den gowrak milli walýuta hereket edýär. Emma, dünýä bahasy diňe bir walýutada, ýagny ABŞ-nyň walýutasynda kesgitlenýär. Amerikan dollarynyň bu ugurdaky dünýä agalygyny elinden almak konwertirlenýän walýutalaryň hiç birine, hatda ýewro hem başardanok.

Dünýä bazarynda dünýä bahasynyň emele gelmeginde halkara gymmat ýatýar. Ilki bilen gymmatyň nämedigine göz ýetireliň. Gymmat – bu haryda siňdirilen jemgyýetçilik zähmetidir. Halkara gymmat bolsa, gymmatyň halkara derejesinde ýüze çykmasydyr. Beýle diýmegimiz halkara gymmatyň emele gelmeginde anyk bir milli hojalykda döreýän gymmat durýar diýdigimizdir.

Anyk bir harydy öndürmek üçin dürli hojalykda dürli gymmat-emele gelýär. Anyk bir harydy öndürmek üçin gymmatyň şeýle köp dürli bolmagyna birnäçe ýagdaý täsir edýär. Ol ýagdaýlar aşakdakylardan ybaratdyr: önümçilige ylmy-tehniki ösüşiň ornaşdyrylyş derejesi, tebigy baýlyklar, zähmet öndürijiligi. Bu ýagdaýlar biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, olaryň hersi gymmata täsir edýär.

Aýry-aýry hojalyklarda anyk bir önümiň bir-birligini öndürmek üçin harçlanylan zähmetiň derejesi birmeňzeş däldir. Sebäbi her bir ýurduň özüne mahsus bolan zähmet öndürijiligi bolýar. Munuň özi şol bir önüm öndürmek üçin zerur bolan iş wagtynyň dürli-dürli bolmagyna getirýär. Her ýurtda şol bir önümi öndürmek üçin dürli zähmet öndürijiligi, dürli iş wagty şol bir önümiň dürli ýurtda dürli gymmata eýe bolmagyna getirýär. Munuň özi bize aýry-aýry ýurtlarda şol bir görnüşli önüm öndürmek üçin zerur bolan jemgyýetçilik zähmetiniň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Önüm öndürmek üçin zerur bolan jemgyýetçilik zähmeti bize milli gymmaty kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Diýmek, şol bir görnüşli önüm öndürmek üçin, dürli ýurtlarda dürli gymmat hereket edýär. Mysal

üçin, Germaniýada 1 tonna kömrüň özüne düşýän bahasy 160 ýewro bolsa, bu görkeziji Awstraliýada 26 ýewro durýar. Emma, önümçiligiň barha halkaralaşýan häzirki şertlerinde, gymmat hem halkara düşünjä eýe boldy. Ýagny, bir ýurtdaky hereket edýän gymmat, halkara derejede zerur bolan jemgyýetçilik zähmeti hökmünde ykrar edilýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň ekerançylykda, maldarçylykda, awtomobil, uçar, himiýa senagatlaryndaky zähmet öndürijiligi, wagt birligi boýunça ählumumy ykrar edilendir. Häzirki wagtda ABŞ-nyň ýokarda ady agzalyp geçilen pudaklarynyň zähmet öndürijiligi 100 göterim hasaplanyp, beýleki ýurtlaryňky oňa deňeşdirilýär.

Dürli ýurtlardaky dürli gymmat dünýä bazarynda alyş-çalyş edilen mahaly deňeşdirilýär. Has dogrusy, sarp edilen jemgyýetçilik zähmetiniň derejesi deňeşdirilýär. Bularyň içinde bolsa ortaça zähmet öndürijiligi saýlanyp alynýar. Ine, şu ýerdenem dünýä bazarynda haryt alyş-çalşy bolan ýagdaýynda milli gymmatyň däl-de halkara gymmatyň durýandygy gelip çykýar.

Şu ýerde bir zada ünsi çekmekçi. Halkara gymmat sarp edilen zähmet we wagt boýunça kesgitlenilýär. Ony bolsa harçlanyşy boýunça 3 topara bölmek bolar:

1. Zähmetiň we wagtyň harçlanyşynyň ýokary derejesi.
2. Zähmetiň we wagtyň harçlanyşynyň ortaça derejesi.
3. Zähmetiň we wagtyň harçlanyşynyň pes derejesi.

Dünýä bazarynda bu derejeleriň içinde ortaça dereje halkara gymmat hökmünde ykrar edilýär. Munuň sebäbini aşakdaky mysal arkaly düşündirmek bolar.

Häzirki wagtda Yrakda we Saud Arabystanynda täze açylan guýularda nebitiň 1 tonnasynyň özüne düşýän bahasy 2 dollara deň. OPEK ýurtlary we Russiýada nebitiň 1 tonnasy 12 dollara düşýär. Angliýada bolsa nebitiň 1 tonnasynyň özüne düşýän bahasy 55 dollara barabar (Angliýa nebiti Demirgazyk deňzinden çykarýar). Bu görkezijileriň içinde halkara gymmat hökmünde 12 dollar alynýar. Sebäbi ikinji derejä degişli ýurtlar dünýä bazarynda has köp nebiti eksport edýärler. Ikinjiden bolsa, bu gymmat beýleki nebiti eksport etmän, ony öz içerki islegini kanagatlandyrmak üçin çykarýan ýurtlar üçin hem kabul ederliklidir. Olar öz çykdajylaryny ortaça derejä

deňleşdirmeklige çalyşýarlar. Emma, birinji derejedäki çykdajylar köp ýurtlar üçin kabul ederlikli däldir. Sebäbi arap ýurtlary bu ýerde özleriniň tebigy artykmaçlyklaryndan peýdalanýarlar. Wagtyň geçmegi bilen täze guýulardaky nebit gorlary barha aşaklaýar we onuň gymmaty hem ortaça derejä ýakynlaşýar.

Diýmek, halkara gymmat milli hojalyklarda emele gelýän gymmatlyklaryň ortaça derejesidir.

Ýene-de bir zada ünsümizi çekeliň. Käbir döwletlerde öndürilýän anyk bir önümiň gymmaty dünýä derejesine gabat gelip iri möçberlerde öndürilýän hem bolsa, ol önüm eksport edilmän, öz içinde ýerlense, onda ol önüm dünýä bahasyny emele getirmäge gatnaşyp bilmeýär. Dünýä bahasynyň emele gelmegine milli hojalygyň gatnaşmagy üçin, hojalygyň ol önümi köpçülikleýin eksport etmegi zerurdyr. Mysal üçin, Hytaý dünýäde bugdaýy iň köp öndürýän ýurt hem bolsa, ol bugdaýyň dünýä bahasyny kesgitläp bilmeýär. Sebäbi ol öz öndüren bugdaýyny öz içinde sarp edýär. Emma Kanada öndüren bugdaýynyň 75—80 göterimini eksport etmek bilen, bugdaýyň dünýä bahasyny kesgitleýän ýurt bolmagynda galýar.

Dünýä bahalarynyň emele gelmeginde ýurtlaryň halkara zähmet ýöriteleşmesi hem uly täsir edýär. Halkara ýöriteleşme – bu ýurduň dünýä bazarynda, belli bir harydy ýa-da hyzmaty öndürmeklige ýöriteleşmesidir. Halkara ýöriteleşmäniň dünýä bahasyny emele getirmäge gatnaşygy ýokarda belläp geçen iri eksport edýän ýurduň gatnaşygy bilen meňzeşdir. Has takygy, bularyň ikisi hem bir zatdyr. Sebäbi harydy eksport etmegiň gözbaşynda halkara ýöriteleşme durýar. Biziň esasy nygtamakçy bolýan zadymyz, daşyna haýsy hem bolsa bir harydy satanyň bilen, şol önümi öndürmeklige halkara derejesinde ýöriteleşdim, diýip bolmaýanlygydyr. Onuň üçin şol harydy satmakda dünýäde belli bir paýa eýe bolmalydyr. Bilermenler halkara ýöriteleşme diýip hasaplanmak üçin, şol önümiň dünýä eksportynyň pesinden 5 göterimine eýe bolmalydygyny belleýärler. Bu düşünjäni aşakdaky formula salalyň:

$$Hý = \frac{Ýs \times 100\%}{Ds}$$

bu ýerde: Hý–halkara ýöriteleşme; Ýs–ýurduň satany (eksporty);

Ds–şol önümiň dünýä boýunça satylany, ýagny halkara ýöriteleşme üçin, şol önümiň ýurt boýunça satylanyny, dünýä boýunça satylanyna bölmeli we 100 göterime köpeltmeli.

## 6.2. Dünýä bahasyna täsir edýän faktorlar

Dünýä bahalaryna döwlet ýa-da birža tarapyndan baha kesilýän hem bolsa, bu ýagdaý bahalaryň hemişelik, üýtgewsiz galýandygyny aňlatmaýar. Bahalar belli bir wagt geçenden soň üýtgeýär. Bu ýagdaýa dürli faktorlar sebäp bolup biler. Mysal üçin, ylmy-tehniki progres, tebigy, ykdysady, hümmetsizlenme, syýasy, harby we ş.m. Indi, bularyň hersi barada aýratynlykda durup geçeliň.

Häzirki zaman şertlerinde dünýä bahalarynyň üýtgemegine esasy täsir ediji faktor bolup, ylmy-tehniki progres (mundan beýläk YTP) çykyş edýär. Bu ýagdaý iki ugur boýunça hereket edýär. Birinji tarapdan, YTP önümçilige ornaşan şertlerinde zähmet öndürijiligi we önümçiligiň netijeliligi ýokarlanýar. Zähmet öndürijiligiň ýokarlanmagy bolsa, haryda siňdirilýän zähmeti azaldýar. Bu bolsa öz gezeginde harydyň bahasynyň arzanlamagyna getirýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň awtomobil senagatynyň atasy hasaplanýan Genri Forduň ilkinji ýasan awtoulaglarynyň bahasy şeýle bir gymmat bolupdyr welin, ony satyn almaga diňe barly adamlaryň gurby ýetipdir. Sebäbi awtoulaglar diňe «elde ýygnamak» usuly boýunça ýasalypdyr. Adamlaryň maşyna bolan höwesiniň ýokarydygyny, ýöne olaryň satyn alyp bilmeýändigini aňan Genri Ford dünýäde ilkinji bolup, awtomatiki esasda işleýän «konweýer» usulyny önümçilige ornaşdyrypdyr. Şonuň netijesinde ol awtomaşynyň özüne düşýän bahasyny onlarça esse pese gaçyrmagy başarypdyr. Diýmek, YTP-niň önümçilige ornaşmagy bahalaryň pese gaçmagyna getirýär. Emma, beýleki tarapdan harydyň hiliniň ýokarlanmagy sebäpli onuň bahasy ýokary galyp hem biler. Emma bu ýerde başga ýagdaýlar bolup geçýär, ýagny harydyň ulanyş möhleti artýar, onuň ulanyş çykdajylary peselýär. Bu bolsa öz gezeginde harydyň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Sözümizi aşakdaky getirilen mysal arkaly delillendireliň:

Aýdaly, mata dokaýjy stanogyň bahasy 10 müň amerikan dollary, onuň hyzmat ediş möhleti—5 ýyl. Onuň ýyllyk önümçilik kuwwaty

7 müň metr mata deň. Önümçilige täze ornaşdyrylan stanogyň bahasy 15 müň amerikan dollary bolup, onuň ulanyş möhleti 10 ýyl. Onuň ýyllyk önümçilik kuwwaty 12 müň metr mata deň. Getirilen mysaldan görnüşi ýaly, täze stanogyň bahasy köne stanokdan gymmat. Emma onuň öndürijiligi we ulanyş möhleti öňküden ýokary. Ine, şular ýaly hil görkezijiler täze stanogyň bahasyna täsir edýär.

Ýene-de bir mysala ýüzleneliň. Ilkinji jahan urşy döwrüniň ýolagçy uçarlarynyň bahasyna seredeniňde, häzirki zaman uçarlarynyň bahasy onlarça esse gymmat. Emma, häzirki zaman uçarlarynyň uçuş möhleti, onuň tizligi, alýan ýolagçy sany boýunça on esseden hem ýokary. Diýmek, YTP-niň netijesinde harytlaryň bahasy umuman alanyňda ýokarlanýan hem bolsa, hil görkezijileri bilen kesgitläniňde onuň bahasy tersine peselýär.

Bu ýerde belläp geçilmeli bir aýratynlyk bar. YTP-niň ösüşi diňe senagat önüminiň bahasyna öz täsirini ýetirýär. Emma çig malyň dünýä bahasyna täsir edip bilmeýär. Mysal üçin, YTP her näçe ösdügiçe nebitiň, gazyň ýa-da altynyň we ş.m. harytlaryň dünýä bahasy entegem ýokarlanmagyny dowam etdirýär.

Dünýä bahalaryna täsir edýän faktorlaryň biri hem hümmetsizlenmedir. Kagyz puluň hümmetsizlenmegi ähli walýutalar üçin, şol sanda dünýä pulunyň wezipesini ýerine ýetirýän walýutalara hem degişlidir. Häzirki wagtda dünýä bahalary amerikan dollarynda kesgitlenýär. Emma, dollaryň hümmetsizlenme derejesi her ýyl ortaça hasap bilen 3-4 göterime barabardyr. Hümmetsizlenmede pul öz gymmatynyň belli bir bölegini ýitirýär. Ýitirilen gymmatyň öwezini dolmak üçin goşmaça baha goýulýar. Günbataryň ösen ýurtlarynda halkyň we beýleki ýuridiki taraplaryň süýşürintgilerine her ýyl hümmetsizlenme zerarly ýitirilen gymmatlyk döwlet tarapyndan tölenilýär. Önümçilikde bolsa harydyň bahasynyň üstüne goşmaça gymmat goýulýar. Munuň özi halkyň sosial ýagdaýyny goramak üçin amala aşyrylýar. Emma, bu ýagdaý dünýä bahalarynyň ösmegine getirýär. Bu ýagdaýyň ykdysady taýdan ösen ýurtlar üçin ykdysady kanunalaýyklyk hem bolsa, ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysadyýeti üçin agyr zarbadyr. Sebäbi olaryň ykdysadyýeti bahalaryň ýokarlanmagyna entek taýyn däldir.

Dünýä bahalarynyň ösmegine tebigy ýagdaýlar hem özüniň uly täsirini ýetirýär. Tebigy ýagdaýlara köp zady mysal getirip bolar. Munuň özi düşnüklidir. Emma tebigy ýagdaýlar dünýä bahalaryna nähili täsir edýär. Muňa göz ýetirmek üçin anyk mysallara ýüzleneliň. Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda Norwegiýa Demirgazyk deňzinde tebigy gazyň uly gorlarynyň üstüni açdy. Bu bolsa çig maly mätäçlik çekýän ýurtlara eksport etmäge mümkinçilik berdi. Onlarça ýyllaryň dowamynda Norwegiýa Günbatar we Demirgazyk Ýewropa ýurtlaryna gazyň her 1000 $m^3$-ny 100 dollardan, jemi her ýylky möçberi 100 mlrd dollarlyk tebigy gazy satýardy. Emma gazyň tebigy gorlary häzirki wagtda azaldy. Şonuň üçin hem norwegler gazyň satylyşyny her ýyl azaldyp başlady. Olar üstümizdäki ýylda 85 mlrd $m^3$ gazy eksport etmäge borçlanan bolsalar, 2020-nji ýyllara çenli satylýan gazyň möçberini 60 mlrd $m^3$-a çenli azaltjakdygyny habar berdi. Bu ýagdaý  Ýewropanyň gaza bolan isleginiň her ýyl artýan şertlerine ters gelýär. Netijede, barha gytalýan bu önümiň nyrhy ýokarlanmak bilen bolýar.

Ýene-de bir mysala ýüzleneliň. 2007-nji ỳylyň iỳun aýynyň başynda Oman soltanlygynda bolup geçen güýçli harasat nebitiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi. Sebäbi Oman soltanlygynyň esasy walýuta girdejisi nebit eksportyndan gelýärdi. Güýçli harasatyň netijesinde nebiti gazyp alýan desgalaryň ýykylmagy bilen, nebtiň daşary ýurtlara akdyrylmagy wagtlaýynça bes edildi. Bu hem öz gezeginde nebitiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi.

Umuman alanyňda, tebigy ýagdaýlar dünýä bahalarynyň ýokarlanmagyna özüniň düýpli täsirini ýetirýär. Bu ýagdaýa ýylyň gurak gelmegi, keselçilik we ş.m. ýagdaýlary hem goşmak bolar. Mysal üçin, 1990-njy ýyllara çenli dünýäde bugdaýyň bir tonnasynyň bahasy 80 dollara hem ýetmeýärdi. Emma geçen asyryň 90-njy ýyllarynda bolan gurakçylyk bugdaýyň 1 tonnasynyň dünýä bahasynyň 200 (iki ýüz) dollara barmagyna getirdi.

Syýasy ýagdaýlaryň üýtgemegi hem dünýä bahalaryna öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda öňki SSSR bilen ABŞ-nyň arasyndaky “Sowuk uruş” şeýle bir derejä bardy welin, beýleki döwletler hem ýaraglanmaga mejbur boldular. Şol döwürlerde

birmeňzeş klasa degişli bolan amerikanlaryň F-16 we sowetleriň MIG-29 kysymly harby uçarlarynyň bahasy islegiň artmagyndan peýdalanylyp, 30 million dollardan artyp, 45–50 milliona çenli ýokarlandyryldy.

Dünýä bahalarynyň ýokarlanmagyna harby hereketler hem ýeterlik täsir edýär. Mysal üçin, Yrak urşy başlamazynyň öňüsyrasy nebitiň 1 barreliniň bahasy 25 dollardan geçmeýärdi (barrel iňlis ölçeg birligi bolup, 1 barel—159 litre barabardyr). Yrak urşy başlanandan soňra nebitiň bahasy henize çenli görülmedik depginler bilen ösüp başlady. Şol döwürlerde nebitiň 1 barreliniň bahasy 85–110 dollara baran gezegi hem bolupdy. Bu ýerde iki ýagdaý bolup geçdi. Birinji ýagdaý, dünýäde nebitiň çykarylyşy pese gaçdy. Sebäbi Yrak OPEK guramasynyň agzasy bolup, iri nebit eksportirleýji ýurtlaryň biridi. Ikinji tarapdan, nebitiň sarp edilişi ýokarlandy. Sebäbi Amerikanyň F-16 uçarlarynyň bary-ýogy 400 metr aralyga uçmagy üçin 1 gallon benzin gerek (1 gallon benzin bolsa 4,5 litre deň). Yrak urşunda diňe ABŞ tarapyndan 600-den gowrak harby uçarlaryň söweşe salynmagy benziniň harçlanyşyny ýokarlandyrypdy. Bu bolsa öz gezeginde nebitiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi.

## 6.3. Dünýä bahasynyň kesgitlenişi

Häzirki zaman dünýä bazaryna bahalaryň köpgörnüşliligi mahsusdyr. Dünýä bazarynda bahalaryň köp görnüşiniň hereket etmegine birnäçe faktorlar täsir edýär. Ol faktorlara monopoliýalaryň baha syýasaty, döwletiň daşary söwda amallary, özara kömek bermek boýunça amallar, syýasy söwda amallary we walýuta bilen baglanyşykly amallar degişlidir.

Köpdürli bahalar diýip, nähili bahalara düşünmeli? Munda bir görnüşli, birmeňzeş harytlaryň, ulagyň bir görnüşi bilen import edilendäki bahalaryna düşünilýär.

Häzirki zaman şertlerinde bahalaryň aşakdaky derejeleri kesgitlenilýär:

1. Adaty täjirçilik amallarynyň bahalary. Bu bahalar iki görnüşde tölenilýär:

a) erkin konwertirlenýän walýutada;

b) konwertirlenmeýän ýa-da çäkli konwertirlenýän walýutada.

2. Kliring ylalaşyklarynyň bahalary.

3. Kömek bermek üçin goýulýan bahalar.

Bu bahalaryň içinden dünýä bahasyny kesgitlemek üçin aşakdaky talaplary öwrenmeli.

Birinjiden, dünýä bahasy iri we yzygiderli alnyp barylýan söwda amallarynyň bahalarydyr. Tötänleýin ýa-da wagtlaýynça ýüze çykan amallaryň bahasy dünýä bahasy bolup bilmeýär. Şol sanda garşylyklaýyn we barter amallarynyň bahasy dünýä bahasyna degişli däldir.

Ikinjiden, töleg hökmany suratda erkin konwertirlenýän walýutada bolmaly. Töleg çäkli ýa-da konwertirlenmeýän walýutada tölense, onda bahalar ýokary galdyrylýar.

Üçünjiden, dünýä bahalary iri söwda merkezlerinde amala aşyrylýan eksport ýa-da import bahalary bolmalydyr.

Dünýä bahalaryny kesgitlemekde biržalaryň uly ähmiýeti bardyr. Has dogrusy, belli-belli harytlaryň dünýä bahasy biržalarda kesgitlenýär. Mysal üçin, alýuminiň bahasy Kanada biržasynda, kauçugyň bahasy Singapur biržasynda kesgitlenýär.

Ýöne, dünýä bahasyny kesgitlemekde döwletiň orny hem ýokarydyr. Mysal üçin, Russiýanyň tebigy gaza goýýan bahasy dünýä bahasy hasaplanýar. Sebäbi ol tebigy gazy iň iri eksport ediji ýurtdur.

Dünýä bahasyny kesgitlemekde ony iri eksport etmeklik ýa-da ony iri import etmeklik uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, Ýaponiýanyň polady satyn alýan bahasy dünýä bahasy hasaplanýar. Sebäbi Ýaponiýa polady 100 göterim import edýär.

Emma has köp öndürmeklik dünýä bahasyny kesgitlemegi aňlatmaýar. Mysal üçin, bugdaýy iň köp öndürýän ýurt Hytaýdyr. Emma bugdaýyň dünýä bahasyny Kanada kesgitleýär. Sebäbi bu ýurt ony iri eksport edijidir.

Dünýä bahasyny kesgitlemegiň kyn ýeri, belli bir görnüşli, belli bir hilli harytlaryň bahasydyr. Sebäbi şol bir görnüşli önüme ony öndürijiler tarapyndan dürli bahalar goýulýar. Mysal üçin, şol bir öndürijilige eýe bolan agaç stanogynyň Angliýada ýasalandakydan Russiýada ýasalan stanok 30 göterim arzandyr. Bu ýerde esasy zat, bir görnüşli harytlaryň ortaça dünýä bahasyny kesgitlemekdir.

Dünýä bahalarynyň hereketini we derejesini kesgitlemek üçin berilýän maglumatlaryň esasy çeşmelerini öwrenmek zerurdyr. Häzirki wagtda köpçülikleýin neşir edilýän bahalaryň aşakdaky görnüşleri hereket edýär:

1. Soralýan bahalar.
2. Daşary söwdanyň statistiki bahalary.
3. Birža bahalary.
4. Auksion bahalary.
5. Anyk söwda şertnamalarynyň bahalary.

Bu bahalaryň hersi barada aýratynlykda durup geçeliň. **Soralýan bahalar** gazetlerde, žurnallarda telewideniýede we ş.m. köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýaýradylýan bahalardyr. Bu bahalar anyk amallaryň bahasy bolman, ol diňe alyjynyň isleýän bahasydyr. Emma, şertnama baglaşylan halatynda, anyk bahalar soralýan bahalardan, köplenç pes bolup çykýar. Soralýan bahalary öwrenmeklik dünýä bazarynda ol ýa-da beýleki harydyň bahasynyň üýtgemelerini öwrenmek üçin zerur bolup durýar.

**Daşary söwdanyň statistiki bahalary** halkara söwda amallarynyň anyk bahasyny şöhlelendirýär. Daşary söwdanyň statistika bahalary 2 topara bölünip öwrenilýär:

1. Eksport harytlaryň bahalary.
2. Import harytlaryň bahalary.

Daşary söwdanyň statistiki bahalarynyň bir tapawudy bolup, ol hem birmeňzeş harytlaryň bahalarynyň we mukdarynyň aýry--aýrylykda görkezilmän umumylykda görkezilmegidir. Mysal üçin, nebit önümleriniň her görnüşi barada däl-de, umumy nebit önümleriniň satylan ýa-da import edilen bahasy.

**Birža bahalary**–birža amallarynyň baglaşylan anyk bahalaryny görkezýär we dünýä bahasyny kesgitlemekde ynamdar çeşme hökmünde çykyş edýär.

**Auksion bahalary**–anyk auksion amallarynyň bahasyny görkezýär. Ýöne auksion «kim ýokary» bahalar boýunça işlänsoň, ahyrky bahalar dünýä bahasyndan has ýokary bolýar. Munuň üçin, köplenç halatda auksionda goýulýan deslapky bahadan ugur almaklyk maslahat berilýär.

**Anyk söwda amallarynyň bahalary** diýlip iki tarapyň baglaşan şertnamasyndaky bahalara aýdylýar. Emma anyk söwda amallarynyň bahalary örän seýrek ýagdaýda ýaýradylýar. Şonuň üçin hem ol dünýä bahasyny kesgitlemekde ynamdar çeşme diýlip hasaplanylmaýar.

## 6.4. Dünýä bazarynda bahalaryň hereketi

Dünýä bahalary durnukly häsiýete eýe däldir. Olar hemişe üýtgäp durýarlar (bahalaryň üýtgemeginiň sebäpleri ýokarda görkezilendir).

Dünýä bahalarynyň üýtgemegi, aýratyn-da geçen asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap giň gerime eýe boldy. Bu ýagdaýa uruşdan soň dünýä ykdysadyýetiniň pajarlap ösmegi, ykdysadyýetleriň energiýa talap edijiliginiň ýokarlanmagy, monopoliýalaryň täsiri, syýasy ýagdaýlar, döwletiň daşary söwdany düzgünleşdirmeklige gatnaşyp başlamagy we ş. m. täsir etdi.

Ikinji jahan urşy döwründe harytlaryň we çig mallaryň bahasy pesinden iki esseden hem gowrak ýokarlandy. Onuň esasy sebäbi bolup uruş döwründe gazylyp alynýan baýlyklaryň sarp edilişiniň ýokarlanmagy we tersine, olaryň gazylyp alnyşynyň pese gaçmagy çykyş edýär. Bu döwürde azyk önümlerine bolan isleg has hem ýokarlandy. Aýratyn-da, 1947-nji ýylda bolan agrar krizis azyk önümleriniň bahasynyň ýokarlanmagyna getirdi. Emma, oba hojalyk önümleri, aýratyn-da azyk önümleriniň bahasy 1950-nji ýyllardan başlap birden pese düşdi. Munuň sebäbi, eýýäm şol ýyllarda dünýä ýurtlarynyň agrar krizisden çykmagydyr. Dünýä döwletleriniň köpüsi ilkinji nobatda azyk howpsuzlygyny gazanmak üçin agrar syýasaty alyp bardylar.

1950-nji ýyllardan başlap senagat önümleriniň bahasynyň ýokary galmak meýli ýüze çykdy. Bu döwür içinde azyk önümleriniň bahasy has hem pese gaçdy. Bu pese gaçyşlyk çig mallara hem öz täsirini ýetirdi. Gazylyp alynýan çig mallaryň 1960-njy ýyllardaky bahalary 1950-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 10% aşaklady.

Bahalaryň ýokary galmagy geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlady. Ýöne, soň bahalar üzül-kesil ýokarlanmady. 1970-nji ýyl bilen 1960-njy ýylyň bahalaryny deňeşdireniňde çig mallaryň bahasy 9,1 %, taýyn önümleriň bahasy 19,4% ýokarlandy.

Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap dünýä bahalarynyň hereketinde düýpli öwrülişik başlandy. Harytlaryň we çig mallaryň belli-belli görnüşleriniň bahasy aşa çalt depginler bilen ösüp başlady. Eger-de 1973-nji ýyl bilen deňeşdireniňde azyk harytlarynyňky 98,2%, oba hojalyk çig mallarynyň bahasy 104 %, mineral çig mallaryň bahasy 116% ýokarlandy. Umuman alanyňda, dünýä bahalary deňeşdirilýän üç ýylyň dowamynda, ortaça, 103,7% ýokarlandy.

Bu ýyllarda dünýä bahasynyň ýokarlanmagynyň birnäçe sebäpleri bardyr: Bularyň birinjisi bolup şol ýyllarda kapitalistik ýurtlarda walýuta krizisiniň döremegidir. Has dogrusy kapitalistik ýurtlaryň köpüsinde «dollar açlygy» ýüze çykypdy. Bu ýagdaý bolsa import edilýän harytlaryň bahasyny tölemekde uly kynçylyklary döretdi. Şol ýyllarda döwletler dürli walýuta kurslaryny girizipdiler. Mysal üçin, Fransiýa 1985-nji ýyla çenli 5 sany walýuta kursuny ulanypdy.

Şeýle sebäpleriň biri hem altynyň resmi däl kursunyň ýokarlanyp, dollaryň dewalwasiýa uçramagy hem çykyş edýär. Azyk harytlarynyň ýokarlanmagynyň sebäpleri bolup aşakdakylar çykyş edýär. Uruşdan soňky parahatçylyk ýyllarynda dünýä ilatynyň sany artyp başlady. Dürli keselleriň öňüniň alynmagy netijesinde adamlaryň ortaça ýaşy uzapdy. Şeýle-de adamlaryň sarp edijiligi artypdy. Ýene-de bir sebäbi bolup, ol hem köp döwletlerde entek tehniki medeniýetiň oba hojalygyna çuňňur ornaşdyrylmanlygydy. Ine, şu agzalyp geçilen sebäpler 1970–1973-nji ýyllarda ýokarda ady agzalan harytlaryň bahasynyň ýokary galmagyna getirdi. 1974-nji ýyl nebitiň bahasynyň üzül-kesil ýokary galmagy bilen başlandy. Bu ýagdaýyň özüne ýetik birnäçe sebäpleri bardyr. Ilki bilen-ä 1960-njy ýylda döredilen OPEK (iňlisçe Organization of Petroleum Eksporting Countries—Nebiti eksport edýän döwletleriň guramasy) ýurtlary nebiti çykarmagy we ýerleşdirmegi öz ellerine aldylar. Şol wagtlara çenli iňlis we amerikan kompaniýalary nebiti çykarmagy we satmagy doly öz ellerinde saklaýardylar. Olar diňe bu ýurtlara tölegi we nebitiň girdejisiniň bir bölegini geçirýärdiler. Şol wagtlar günbataryň kompaniýalary 500 göterimden–1000 göterime çenli, kä halatda bolsa 2000 göterime çenli peýda görýärdiler. Emma nebitli ýataklar millileşdirilenden soňra, olaryň peýdasy 50 göterime çenli pese gaçdy. Bu ýagdaý

bilen ylalaşmak islemedik, has dogrusy «ýokuş gören» kompaniýalar nebitiň bahasyny aşa ýokarlandyrdylar. Şeýle etmäge olaryň elinde ýene-de bir mümkinçilik saklanyp galypdy. Ol mümkinçilik bolsa nebiti daşamak meselesidi. OPEK guramasyna girýän ýurtlar nebiti çykarmagy we oňa baha kesmegi öz ellerine alan hem bolsalar, ony daşamakda ýene-de günbatarly kompaniýalara bagly bolupdy.

Nebit söwdasynda agalyk edýän monopoliýalar ony import edýän ýurtlara ýowuz düzgünler esasynda satyp başladylar. Munuň özi dürli kynçylyklara getirdi. Ilki bilen-ä, senagat harytlarynyň bahasy ýokarlanyp başlady, köp ýurtlarda dollar gytçylygy ýüze çykdy. Halkyň sosial ýagdaýyna ters täsir edýän kynçylyklar döredi. Energetiki krizisiň ýüze çykmagynda syýasy faktorlar hem öz täsirini ýetirdi. Ýagny, Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň Ysraýyla we ol döwleti goldaýan Angliýanyň we ABŞ-nyň kompaniýalaryna girizen embargosy hem uly täsir etdi. Şol wagtlar tutuşlygyna arap ýurtlarynyň energetika gysyşyna duçar bolan Ysraýyla iňlis we amerikan kompaniýalarynyň kesen bahasyna razy bolmakdan başga alaç galmandy. Şol wagtlar özleriniň  goýan maýasyndan her ýyl 50% peýda gazanýan kompaniýalar Ysraýylyň alaçsyzlygyndan peýdalanyp, peýdasynyň möçberini 500%-e çenli ýokarlandyrdylar.

Şuny aýratyn nygtamaly. Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykan energetika krizisiniň esasy sebäpkäri OPEK ýurtlary däldir. Halkara bilermenler bu ýagdaý öňki alýan peýdalaryny ýitirmejek bolýan nebit monopoliýalarynyň „işdämenliginiň” netijesinde ýüze çykdy, diýip nygtaýarlar. Sebäbi nebiti eksport edýän ýurtlar, ony taýyn önüm görnüşinde ahyrky alyja ýetirmeýärler. Olar ony alyp-satar kompaniýalara satýarlar. Nebitden taýyn önüm öndürip satýan kompaniýalaryň alýan peýdasy, ony çig mal görnüşinde satýan ýurtlaryňkydan birnäçe esse ýokary bolup durýar. Käbir hasaplamalara görä, 1 tonna nebitden alynýan taýyn önümleriň jemi bahasyny 100% diýip hasap etsek, ony çig mal görnüşinde satýan ýurtlaryň peýdasy onuň 6—7%-ine deň diýip hasaplaýarlar.  Diýmek, bu ýerde esasy günäniň alyp-satýan kompaniýalaryň üstüne ýüklenilmegi hem esassyz däl. Bir ýylyň içinde, ýagny 1974–1975-nji ýyllar aralygynda nebitiň bahasy, takmynan, 4 esse ýokarlandy. Munuň özi ýangyjyň

beýleki görnüşleriniň meselem, kömrüň we uranyň köp ulanylmagyna getirdi. Şol ýyllarda atom elektrik stansiýalary (AES) edil ýazyň kömelegi ýaly köpelip başlady. Mysal üçin, Fransiýada edil häzirki günde hem ýurduň sarp edýän elektrik energiýasynyň 75%-i AES-lerde öndürilýär. Ýangyjyň beýleki görnüşlerine uly üns berlip başlanmagy bilen, kömrüň bahasy hem ýokarlanyp başlady. Sebäbi onuň sarp edilişi artypdy.

Nebitiň we nebit önümleriniň bahasynyň üzül-kesil ýokarlanmagy kapitalistik ýurtlary täze energetiki syýasaty alyp barmaga iterdi. Bu syýasat, esasan, aşakdaky görkezilen ugurlar boýunça amala aşyryldy:

1) dürli energiýa tygşytlaýjy çäreler arkaly energiýanyň sarp edilişini tygşytlamak. Mysal üçin, şol krizis ýyllary ABŞ hökümeti «Karpuling» diýen çäräni ilata teklip etdi (Karpuling–bu bir awtomobili birnäçe adamyň ulanmagydyr);

2) ýerli önümçiligiň ýerli energiýa serişdeleriniň hasabyna ösdürilmegi. Mysal üçin, Germaniýa Awstraliýadan satyn alynýan kömür arzan hem bolsa, ony salgyt we baha syýasaty esasynda ýurda getirilmeginiň öňüni alýar;

3) energiýa tygşytlaýan enjamlary we tehnologiýany önümçilige we durmuş hojalygyna ornaşdyrmak;

4) energiýanyň täze çeşmelerini gözlemek. Dogrusy, energiýanyň täze çeşmelerini gözlemekde oýuňa-küýüňe gelmeýän öňe gidişlikler gazanyldy. Mysal üçin, Aýda «Geliý-3» maddasynyň tapylmagy we ony lift usulynda ýere düşürmek üçin edilen synanyşygyň şowly geçmegi muňa aýdyň mysaldyr.

Kapitalistik ýurtlarda ýüze çykan energiýa krizisi 1980-nji ýyllarda ýeňlip geçildi. Ýeke bir krizisden üstün çykylman, ylymda we tehnikada uly öňe gidişlikler hem gazanyldy. Aýratyn-da, energetika pudaklarynda uly ösüşler duýuldy. Mysal üçin, elektrik stansiýalarynda suwuk ýangyçdan gaty ýangyja, ýagny urana we kömre geçildi. Kiçi göwrümli we tygşytly awtoulaglar önümçilige köpçülikleýin girizildi. Önümçilik we durmuş maksatly binalaryň ýylylyk saklaýjylygy has gowulandyryldy. Önümçilige energiýa tygşytlaýjy enjamlar we tehnologiýalar ornaşdyryldy. Şu çäreleriň netijesinde ABŞ-da nebtiň sarp edilişi 1,5 esse, Ýaponiýada 2 esse pese gaçdy.

Emma, 1980-nji ýyllarda beýleki harytlaryň bahasy ýokarlanyp başlady. Bu harytlaryň hereketini öwrenmek üçin 2-nji tablisa ýüzleneliň.

*2-nji tablisa*

**Kapitalistik ýurtlarda dünýä bahalarynyň 1980–1990-njy ýyllar aralygyndaky hereketi**

| Harytlaryň we çig mallaryň atlary | 1980-nji ýyl = 100 göterime | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1981 | 1985 | 1986 | 1987 | 1988 | 1989 |
| Senagat harytlary şol sanda: | 95 | 87 | 102 | 115 | 123 | 131 |
| Maşyn we ulag serişdeleri | 106 | 115 | 125 | 130 | 140 | 139 |
| Çig mallar şol sanda: | 104 | 85 | 63 | 66 | 70 | 72 |
| Azyk önümleri | 89 | 66 | 74 | 75 | 87 | 87 |
| Bugdaý | 101 | 81 | 71 | 65 | 86 | 102 |
| Et | 90 | 68 | 82 | 92 | 101 | 100 |
| Şeker | 61 | 15 | 22 | 25 | 37 | 46 |
| Kofe | 81 | 81 | 114 | 64 | 67 | 56 |
| Azyklyk däl oba hojalyk çig mallary: | 93 | 74 | 75 | 86 | 100 | 98 |
| Pagta | 92 | 75 | 61 | 79 | 77 | 88 |
| Tebigy kauçuk | 75 | 53 | 57 | 68 | 83 | 66 |
| Gazylyp alynýan baýlyklar: | 112 | 94 | 57 | 59 | 59 | 62 |
| Nebit | 112 | 91 | 54 | 56 | 56 | 59 |
| Tebigy gaz | 137 | 170 | 99 | 75 | 68 | 72 |
| Kömür | 102 | 82 | 88 | 87 | 90 | 95 |
| Reňkli metallar | 88 | 71 | 70 | 85 | 130 | 125 |

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly, nebitiň bahasy ýyllar boýy pese gaçýar. Tersine, käbir önümleriňki, mysal üçin, ulag serişdeleriniň, kömrüň, reňkli metallaryň bahasy ýokary galypdyr.

Nebitiň sarp edilişiniň çäklendirilmegi OPEK ýurtlaryny ynjalykdan gaçyrdy. Sebäbi olaryň girdejileriniň aglaba bölegi nebit satmakdan gelýärdi. Tablisadan görnüşi ýaly 1988-nji ýyla çenli nebitiň bahasy 2 esse pese gaçdy. Bu ýagdaýy aradan aýyrmak üçin bu ýurtlar nebitiň çykarylyşyny 2 esse pese gaçyrdylar, ýagny 1979-njy ýylda nebitiň gazylyp alnyşy bir günde 31,5 mln barrele deň bolan bolsa, 1985-nji ýylda onuň möçberi bir günde 16 mln barrele barabar boldy. Emma, bu ýagdaý hem nebitiň bahasynyň ýokary galmagyna getirmedi. Munuň özi bir tarapdan OPEK-nyň nebitiň bahasyna edýän täsiriniň gowşandygyny görkezýär.

Tablisadan görnüşi ýaly, deňeşdirilýän döwürde bugdaýyň bahasy hem pese gaçýar. Emma 1990-njy ýyllarda gurakçylyk zerarly ýüze çykan hasylsyzlyk bugdaýyň bahasynyň 2,5 esse ýokarlanmagyna getirdi. 1989-njy ýyllaryň maglumatlarynda bugdaýyň 1 tonnasy ABŞ-da we Kanadada 80 dollara deň bolupdyr. Ýöne, 1990-njy ýyllardan başlap bugdaýa bolan islegiň aşa ýokarlanmagy netijesinde, onuň bahasy 200 dollardan hem geçdi. Bu baha häzirki wagtda bolsa 400 dollara golaýlady.

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly, ulaglaryň we enjamlaryň bahasy deňeşdirilýän döwür içinde pesinden 31% ýokarlanypdyr. Munuň sebäbini bir tarapdan dollaryň hümmetsizlenmegi, beýleki tarapdan bolsa senagat harytlarynyň hil taýdan täze ösüşe geçmegi bilen düşündirmek bolar.

Ýene-de bir zada ünsümizi çekmek isleýäris. Biziň ýokardaky aýdanlarymyz we getiren mysallarymyz diňe bazar ykdysadyýetli ýurtlar üçindir. Emma, şol wagtlar, ýagny geçen asyryň ikinji ýarymyndan başlap, 1990-njy ýyllara çenli sosialistik ulgam hem hereket edýärdi. Şol wagtky dünýä ykdysadyýetini 3 topara bölüp öwrenýärdiler.

1. Kapitalistik ýurtlar.
2. Sosialistik ýurtlar.
3. Ösüp gelýän ýa-da üçünji ýurtlar.

Ýokardaky aýdanlarymyzyň köpüsi sosialistik ýurtlara degişli däldir. Sebäbi dünýä bahalaryny erkin bazarda, erkin nyrhlar kesgitleýär diýip, ýokarda belläpdik. Emma, bu ýurtlarda erkin bahalar

hereket etmän, döwletiň kesgitlän monopol bahalary hereket edýärdi. Ikinjiden hem SSSR özüniň ägirt uly territoriýasynda ýerleşýän tebigy baýlyklary bilen sosialistik ýurtlary goldaýardy. Dogry, dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykan energiýa krizisi bu ýurtlara hem täsir edip bilerdi. Ýöne SSSR Özara ykdysady kömek soweti (ÖYKS) integrasiýasyna (goşulyşmasyna, bileleşmesine, ulaşmasyna) girýän ýurtlara kömek maksady bilen nebiti we gazy dünýä bahasyndan arzan berýärdi. Emma, beýleki kapitalistik döwletlere welin, dünýä bahasyndan satýardy. Ýöne SSSR hem eksport harytlarynyň bahasyny, dünýä bahasyndan ugur alyp kesgitleýärdi.

Umuman alanyňda, 1990-njy ýyllarda çig mallaryň we taýyn harytlaryň durnukly bahalary hereket etdi. Tebigy gazyň bahasy 1990-njy ýyllara çenli pese gaçan hem bolsa, 1990-njy ýyllardan başlap, onuň bahasy ýokary galyp başlady. Onuň özüne ýetik birnäçe sebäpleri bardyr. Gazyň bahasynyň ýokary galmagynyň ilkinji sebäbi SSSR-iň ýykylmagy bilen öňki soýuz respublikalarynyň garaşsyzlygyny gazanmagydyr. Bu respublikalar indi ozalkylary ýaly merkeze öz tebigy baýlyklaryny mugtuna bermek islemeýärdiler. Munuň özi tebigy ýagdaýdyr. Şeýlelikde, öňki soýuzyň iri gaz çykaryjy ýurtlary bolan Türkmenistan we Özbegistan gazy özbaşdak satyp başladylar. Bu döwletleriň ikisi hem tebigy gaz gorlaryna baý döwletlerdir. Ozalky soýuz döwründe bu döwletleriň gazyny Merkezi Aziýa «Merkez» diýlip atlandyrylýan gaz geçirijisi arkaly akdyrylýardy. Bu geçiriji dünýäde iň iri gaz geçirijileriniň biri bolup, onuň uzynlygy 2100 kilometre, ýyllyk kuwwaty bolsa 100 mlrd $m^3$ gaza deňdir. Öňki soýuzyň ýykylmagy bilen önümçilik gatnaşyklarynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Ozalky döwletiň emlägi hususylaşdyrylyp başlandy. Bu ýagdaý gazyň bahasyna öz täsirini ýetirdi. Hususylaşdyrmagyň barşynda önümçilik gatnaşyklarynyň pese gaçmak meýli ýüze çykdy. Bu ýagdaý hususylaşdyrma işleri çalt alnyp barylan ýurtlarda, hususan-da Russiýada has äşgär ýüze çykypdy.

Russiýa tebigy gazyň gorlaryna iň baý döwlet bolup, ol tebigy gazy iň köp çykarýan we iň köp eksport edýän ýurtdur. Russiýanyň tebigy gaz gorlarynyň möçberi 48,4 trln $m^3$-a deňdir. Bu hem entek hemmesi däldir. Sebäbi Russiýa Federasiýasynyň territoriýasynyň şu

güne çenli 40%-inde gözleg-barlag işleri geçirildi. Galan 60%-inde entäk deslapky barlag işleri hem geçirilenok. Bu bolsa Russiýa tebigy gaz boýunça dünýä  agalygyny ýöretmäge mümkinçilik berýär.

Şeýle hem Russiýa gaza ýiti mätäçlik çekýän Ýewropa ýurtlary bilen goňşuçylykda ýerleşýär. Munuň özi bu ýurda tebigy gazy ýerleşdirmeklige uly mümkinçilik berýär. Ýewropa ýurtlary bolsa özleriniň tebigy gaza bolan isleginiň agramly bölegini Russiýadan satyn alynýan gazyň hasabyna kanagatlandyrýarlar. Bu ýagdaýdan bolsa Russiýa ýerlikli peýdalanmaklygy başardy. Munuň özi beýleki bir tarapdan ykdysady mejburlykdan hem gelip çykýardy. Sebäbi SSSR-iň ýykylmagy bilen, onuň mirasdüşeri hasaplanýan Russiýa öňki Gündogar Ýewropadaky we Merkezi Aziýadaky bazarlaryny elinden gideripdi. Bu ýagdaý ýurda gelýän walýuta girdejileriniň azalmagyna we önümçiligiň pese gaçmagyna getirdi. Bu ýagdaý rus harytlarynyň günbatar ýurtlarynyň harytlary bilen bäsleşip bilmezliginden ýüze çykdy. Bu ýetmezçiligiň öwezini dolmak üçin esasy eksportlyk harytlaryň bahasy  ýokary galdyryldy.

Bu ýerde ýene-de bir zady bellemeli. Russiýada, umuman öňki SSSR-de önümçiligiň ekstensiw usuly hereket edýärdi. Munuň özi tebigy çig mallaryň bisarpa harçlanmagyna getirdi. Netijede RussiýanyňÝewropa bölegindäki nebit-gazly ýataklaryň gutarmagyna getirdi. Şonuň üçin hem olar ýurduň gündogaryna tarap süýşmeli boldular. Häzirki wagtda ruslaryň çykarýan nebitdir gazynyň agramly bölegi Ural daglaryndan gündogarda, Sibirde çykarylýar. Sibir özüniň ýeke bir tebigy baýlyklary bilen çäklenmän, gazaply howa şertleri bilen hem tapawutlanýar. Gyşyň gelmegi bilen gazyň sarp edilişi ýokarlanýar. Gazyň sarp edilişi, aýratynam şäher ýerlerinde, ýyladyş hojalyklarynda köp möçberde ulanylyp başlanýar. Russiýada tersine, gazyň çykarylyşy pese gaçýar. Sebäbi bu ýurduň gazynyň düzüminde parafin (şem) köp. Gazaply howa şertlerinde gazyň düzümindäki parafin goýulaşýar. Bu bolsa gazy sorup almakda we ony iteklemekde uly kynçylyklara getirýär. Seredip otursaň bu ýerde garşylyklaýyn ýagdaý ýüze çykýar, ýagny gazyň sarp edilişi ýokarlanýar, tersine, onuň çykarylyşy bolsa pese gaçýar. Munuň özi gaz ýetmezçiligi zerarly bahalaryň ýokarlanmagyna getirýär.

Şeýle hem barha gündogara süýşülmegi gazy akdyrmagyň ýol harajatlarynyň artmagyna getirýär. Bu hem 1990-njy ýyllarda gazyň bahasynyň ýokary galmagyna getiren sebäpleriň biridir.

Tebigy gazyň bahasynyň ýokary galmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryň ýene-de biri barada durup geçeliň. Dünýä ykdysadyýetiniň barha ösýän şertlerinde kömrüň sarp edilişi aşa ýokarlandy. Bu ýagdaý soňlugy bilen ekologiki krizise getirdi. Sebäbi ýangyç hökmünde kömür ulanylanda, onuň 65 göterimi ýanýar. Galan 35 göterimi dürli gazlar bolup howa ýaýraýar. Aýratyn-da, ýanmadyk kömrüň düzüminde ugar gazy agdyklyk edýär. Bu bolsa azon gatlagynyň deşilmegine we howanyň maýlamagyna getiren esasy sebäpleriň biridir. Şeýle hem kömri iri şäherlerde ulanmak dürli hapaçylyga getirýär. Hut şu sebäpler zerarly kömrüň ulanylmagynyň azaldylyp, ekologiýa taýdan has arassa ýangyç bolan gazyň ulanylmagy artdyryldy. Mysal üçin, kömri iň köp ulanýan ýurtlaryň biri bolan ABŞ-nyň elektrik senagatynyň hökmürowany «General elektrik» özüniň ygtyýaryndaky kömür bilen işleýän elektrik stansiýalarynyň 95 göterimini gaz trubinasyna geçirdi. Şeýle ýagdaý Günbatar Ýewropa ýurtlarynda hem bolup geçdi. Mysal üçin, Italiýa elektrik stansiýalarynyň 60 göterimini, Angliýa 50 göterimini gaz trubinasy bilen işleýän stansiýa öwürdiler. Munuň özi gazyň bahasynyň gysga wagtyň içinde 2 essä golaý ýokarlanmagyna getirdi. Eger-de, 1989-njy ýylda tebigy gazyň her 1000 $m^3$-nyň dünýä bahasy 56 amerikan dollaryna deň bolan bolsa, bu görkeziji 2000-nji ýyllara çenli 110 amerikan dollaryna barabar boldy.

Täze müňýyllykda tebigy gazyň bahasy has çalt depginler bilen ösüp başlady. Ýagny, bary-ýogy 7 ýylyň içinde her 1000 $m^3$-yň bahasy 110 dollardan 250 dollara çenli ýokarlandy. Tebigy gazyň bahasynyň ýokarlanmak meýli häzirki günlerde hem saklanýar. Eýsem-de munuň sebäbi nämedekä? Käbir ykdysatçylar Russiýanyň tebigy gazynyň bahasynyň ýokarlanmagyna ýokarda aýdylyp geçilen ykdysady sebäpleri nazara alman, diňe syýasy bähbit aramak üçin edilen iş hökmünde baha berýärler. Olar öz sözlerini aşakdaky deliller bilen subut etmäge çalyşýarlar:

1. Ýewropanyň gaza bolan isleginiň artmagy.
2. Russiýanyň gaz satmaklygy doly döwlet gözegçiligine almagy.

3. Merkezi Aziýanyň gaz gorlaryna eýe bolan ýurtlary Türkmenistayň we Özbegistanyň Ýewropa ýurtlaryndan alysda ýerleşmegi.

4. Ýewropa ýurtlary üçin başga alternatiw gaz satýan çeşmeleriň azalmagy.

5. Demirgazyk Afrikanyň iri gaz satýan ýurtlary bolan Alžiriň we Liwanyň ykdysady we syýasy taýdan durnuksyzlygy.

Ýokardaky ýagdaýlar Russiýa tebigy gazyň bahasyny ýokary galdyrmaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa Ýewropanyň bir döwlete garaşly bolmagyna getirýär, diýip nygtaýarlar. Biz ýokardaky aýdylanlaryň ikisi bilen hem ylalaşýarys. Syýasy tarapdan alanyňda Russiýa özünden barha daşlaşýan Ýewropany öz ygtyýarynda saklamaga çalyşýar. Ony bolsa tebigy gazyň üsti arkaly amala aşyrmaga çalyşýar. Emma, olar, ýagny ruslar tebigy gazyň bahasynyň ýokary galmagyny diňe ykdysady sebäpler boýunça düşündirýärler. Ol sebäpleri bolsa biz eýýäm aýdyp geçipdik. Ýöne, üstüne aşakdaky delilleri goşmaly.

Ýagny, Russiýa uzak Gündogardan müňlerçe kilometr uzaklykdan gazy getirip, öz serhedinde 1000 $m^3$-yň bahasyny 250 amerikan dollaryndan satýar. Russiýanyň gazy çykarmak we eksport etmek boýunça dünýäde iň iri «Gazprom» kompaniýasy ýol harajatlary üçin tölegiň esasynda, ony Germaniýanyň serhedine eltýär. Serhetde «Gazpromdan» nemesleriň «Ruhrgas» kompaniýasy satyn alýar. Soňra gazyň her 1000 $m^3$-ny ilata 370, edaradyr kärhanalara 420 ýewrodan satýar. Eger-de häzirki wagtda ýewronyň hümmetiniň dollara garanyňda 30% ýokarydygyny bellesek we ýewroda satylan gazy dollara öwrüp hasaplasak, onda ilata satylýan gazyň bahasy 481 dollara, edaradyr kärhanalara satylýan gazyň bahasy bolsa 546 dollar bolar. Ine, şu ýagdaý hem Russiýany ynjalykdan gaçyrýar. Sebäbi «Gazprom» bilen «Ruhrgasyň» alýan peýdasy ahyrky netijede deňeçer çykýar. Şonuň üçin hem Russiýa ahyrky alyja özi satmak isleýär, ýagny ol gazy içerki paýlamak hukugyna eýe bolan «Ruhrgasy» tutuşlygyna satyn almak isleýär. Muňa bolsa german hökümeti razylyk bermeýär. Ahyrky sarp edijiniň hukugyny ele almak üçin Russiýa ýewropaly alyjylar üçin öz şertini barha kynlaşdyrýar. Diňe Germaniýa boýunça getirilen bu mysal Ýewropanyň beýleki döwletleri üçin hem mahsusdyr.

Şeýle hem 1980-nji ýyllarda Demirgazyk deňzinde uly nebit-gazly ýataklary özleşdiren Norwegiýa onlarça ýyllap Günbatar we Demirgazyk Ýewropa ýurtlaryna tebigy gazy iri eksport ediji bolup hyzmat etdi. Bu ýurt her ýyl 100 mlrd $m^3$ gazy goňşy ýurtlaryna ugradýardy. Gaz gorlarynyň azalmagy bilen ýurduň gaz eksport kuwwaty hem pese gaçyp başlady. Norwegiýa gazyň satylyşyny 2005-nji ýyldan 85 mlrd $m^3$ -a çenli aşaklatdy. Bu görkezijiniň 2020-nji ýyllardan başlap, 60 mlrd $m^3$-a çenli pese düşüriljekdigi hem habar berildi. Bu maglumatlar bolsa rus gazynyň Ýewropadaky ozalky bäsdeşinden üstün çykandygyny aňladýar. Şeýle-de bu Russiýa Ýewropanyň gaz bazarynda has batyrgaý hereket etmäge mümkinçilik berýär.

Ine, şu aýdylanlar 1990-njy ýyldan tä şu günki günlere çenli tebigy gazyň bahasynyň ýokary galmagynyň esasy sebäpleridir.

**Nebitiň dünýä bahalary barada**. Geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykan nebit krizisi ýeňlip geçilensoň, dünýä bazarynda nebitiň bahasy belli bir derejede durnuklaşdy. 80-nji ýyllaryň aýaklarynda, 90-njy ýyllaryň başlarynda nebitiň bir barreliniň bahasy 20 dollar töwereginde saklandy.

Emma, şol döwürde dünýäniň syýasy kartasynda uly üýtgeşmeler bolup geçdi. Gündogar Ýewropanyň, Merkezi Aziýanyň we Kawkaz ýurtlarynyň köpüsi özleriniň döwlet garaşsyzlygyny gazandylar. Munuň özi önümçilik gatnaşyklarynyň bozulmagyna getirdi. Önümçilik gatnaşyklarynyň bozulmagy belli bir derejede nebitiň bahasyna täsir etmän durup bilmedi. Şeýlelikde, täze müňýyllyga çenli onuň bahasy 25 dollara bardy we ol öz durnuklylygyny 2003-nji ýyla çenli saklady. Emma, şol ýylyň güýzünden başlap, nebitiň bahasy aşa ýokary derejede ösüp başlady. Bilermenler nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň birnäçe sebäbini şeýle düşündirýärler:

1) ABŞ–Yrak urşunyň başlanmagy;

2) belli-belli ykdysadyýetleriň has güýçli depginde ösüp başlamagy;

3) Nebiti eksport edýän ýurtlaryň nebiti syýasy ýarag hökmünde ulanyp başlamagy.

Amerikan–Yrak urşy wagtynda nebitiň bir barreliniň bahasy

rekord derejä ýetdi. Ýagny, şol ýyllarda bir barrel nebitiň bahasy 25 dollardan artyp, 75—80 dollar, kä halatlarda 100 dollardan geçen wagty hem boldy. Dünýä ykdysadyýeti bu güne çenli nebitiň bahasynyň şeýle çalt ösmegi bilen ýüzbe-ýüz bolmandy. Munuň şeýle boljakdygy halkara syýasy synçylar tarapyndan öňünden aýdylypdy. Sebäbi Yrak nebit gorlary boýunça dünýäde 2-nji orunda, ony satmak boýunça 5-nji orunda durýardy. Harby hereketler wagtynda nebiti köpçülikleýin çykaryp bolmajagy görnüp duran zat. Şeýle hem yraklylaryň özleri-de nebit duşmanynyň eline düşmesin, diýen pikir bilen buraw guýularyny, nebit ätiýaçlyklaryny ýok etdiler. Bir tarapdan nebitiň çykarylyşynyň pese gaçmagy, beýleki tarapdan bolsa, oňa bolan islegiň ýokary bolmagy ýüze çykdy. Şeýlelikde, nebitiň bahasynyň ýokary galmagynyň birinji delili şu aýdylanlardyr.

Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň ýene-de bir sebäbi, (biziň pikirmizçe megerem, iň esasysy bolsa gerek) iri döwletleriň ykdysadyýetleriniň ösüşiniň çaltlaşmagydyr. Bu döwletlere Hytaý, Hindistan, Russiýa ýaly döwletler degişlidir. Bu ýurtlaryň ykdysady ösüşi çaltlaşdygyça, energiýa bolan islegi hem şonça ýokarlanýar. Mysal üçin, soňky 10 ýylyň içinde Hytaýyň nebit sarp edijiligi 2 esse ýokarlanypdy. Hytaýyň nebite, umuman beýleki energiýa serişdelerine bolan islegi hem ýokarlanýar. Edil şular ýaly ýagdaýlar beýleki uly döwletlerde hem bolup geçýär. Hytaýdyr Hindistanyň içerki energiýa çeşmeleri ýeterlik däldir. Şonuň üçin olar nebiti import etmeli bolýarlar. Islegiň ýokarlanmagy bolsa baha öz täsirini ýetirýär.

Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň üçünji sebäbi bolup OPEK ýurtlarynyň nebiti syýasy ýarag hökmünde ulanýanlygy çykyş edýär. Bu ýurtlar syýasy oňuşmazlyk ýüze çykan wagty nebitiň satylyşyny togtadýarlar. Bu ýagdaý häli-şindi gaýtalanyp durýar. Mysal üçin, Saud Arabystanynyň Yrak urşy zerarly ABŞ-a we Angliýa nebit satmagy bes etmegi.

Ine, şu ýokarda beýan edilenler täze müňýyllykdan şu günlere çenli nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň sebäpleridir.

## 6.5. Türkmenistanyň eksport edýän harytlarynyň dünýä bahasy

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde daşary ykdysady gatnaşyklar has çalt depginler bilen ösýär. Munuň esasy sebäpleriniň biri bolup, ýene--de dünýä bahalary çykyş edýär. Sebäbi dünýä bahasy ýerli bahadan has ýokarydyr. Munuň özi öndürijä peýdanyň möçberini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Güneşli Diýarymyz ýurt Garaşsyzlygyny gazananyndan soňra dünýä döwletleri bilen ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýdy. Ýurdumyzyň daşary söwdasy, hususan-da, eksporty çalt depginler bilen ösýär. Munuň özi guwandyryjy görkezijidir. Biz bu ýerde ünsümizi esasy meselä, ýagny ýurdumyzyň eksportlyk harytlarynyň bahasy bilen dünýä bahalaryna çekmekçi.

Hemmämize mälim bolşy ýaly ýurdumyzyň esasy eksportlyk harydy tebigy gazdyr. Tebigy gaz ýurdumyzyň eksportynyň her ýyl ortaça hasap bilen ýarysyndan gowragyny tutýar. Munuň özi biziň esasy eksportlyk harydymyzyň tebigy gazdygyny görkezýär.

Indi biz tebigy gazyň dünýä bahasy bilen öz bahalarymyzy deňeşdirmekçi we onuň sebäplerini açyp görkezmekçi.

Garaşsyzlygyny gazanan Türkmenistan 1991-nji ýyldan tä 2005--nji ýylyň ahyryna çenli tebigy gazyň her 1000 $m^3$-ny 42 amerikan dollaryndan satyp geldi. Şol ýyllarda Russiýa gazyň her 1000 $m^3$-ny 230–250 dollardan öz serhedinde satýardy. Iki ýurduň bahalaryny deňeşdirenimizde aratapawudyň alty essä barabardygyny görüp bolýar. Bu geň galdyrýan görkezijileriň diňe sap ykdysady sebäpleri bardyr. Onuň ilkinji sebäbi Russiýa Ukrainanyň ykdysady kynçylyklaryny göz öňünde tutup, oňa öz serhedinde gazyň 1000 $m^3$-ny 80 dollardan bermäge taýyndy. Emma, Ukraina Türkmenistandan gaz alanyny kem görmeýärdi. Türkmenistanyň hem başga gaz geçirijisiniň ýoklugy sebäpli, Ukraina arzan hem bolsa gaz satanyny kem görmeýärdi. Geliň, indi bolsa ýokardaky aýdanlarymyzyň ykdysady taraplaryna seredeliň.

Türkmenistandan Ukraina çenli aralyk 2100 km we her 1000 $m^3$ gazy 100 kilometre iteklemek üçin üstaşyr geçirýän döwlete 1,5 dollar tölemeli. Onda (2100:100)x1,5=31,5. Diýmek, her 1000 $m^3$ gazyň ýol

çykdajysy 31,5 dollara deň. Onuň hem üstüne Türkmenistanyň goýýan bahasyny hasaplalyň. Onda 42+31,5=73,5 dollar bolar. Diýmek, Ukraina üçin Türkmenistandan alynýan gazyň amatlydygy görnüp dur. Türkmenistan hem bäsdeşlik şertlerinde öz gazynyň bahasyny belli bir derejede aşak düşürmeli bolýar. Ýurdumyzyň tebigy gazynyň dünýä bahasyndan pes bolmagynyň sebäbi şudur.

Türkmen gazy 2006-njy ýylyň 1-nji ỳanwaryndan, şol ýylyň sentỳabr aýyna çenli 65 dollardan satyldy. Bu ýagdaý gazy çykarmak üçin zerur bolan enjamlaryň bahasynyň ýokarlanmagy bilen düşündirildi. Şol ýylyň sentỳabryndan başlap, türkmen gazynyň her 1000 $m^3$–nyň bahasy 100 amerikan dollaryna çykaryldy. Munuň özi türkmen gazynyň bahasynyň ýokarlanmagynda uly öňegidişlik gazanylandygyny görkezýär.

Ýöne, şeýle hem bolsa biziň bahalarymyz dünýä bahalaryndan pesde bolmagynda galýar. Sebäbi ozalky iri gaz alyjymyz bolan Ukraina indi biziň gazymyzy tranzit (üstaşyr) esasynda Russiýadan alýar. Russiýa bu ýerde dellalyň (araçynyň) roluny ýerine ýetirýär. Häzirki wagtda Russiýa türkmen gazyny Ukraina 150 dollardan satýar. Biz bärde gazyň bahasyny ýokary galdyryp bileris. Emma, Ukraina ykdysady kynçylyklary başyndan geçirýändigi sebäpli gazyň nyrhyny dünýä bahasyndan töläp bilmeýär.

Türkmen gazynyň dünýä bahasyndan satylmagynyň esasy ýoly özbaşdak gaz geçirijileriniň çekilmeginden başlanýar. Munuň üçin dürli döwletler bilen ylalaşyk baglaşylyp, hukuk binýat goýuldy. Aýdanlarymyza mysal hökmünde Türkmenistandan Hytaýa çekilen gaz geçirijisini görkezmek bolar. Şeýle-de Eỳrana ikinji şahanyň çekilmegi we bu geçirijileriň herekete girizilmegi bilen esasy eksportlyk harydymyzy dünỳä bahasyndan satyn almaga mümkinçiligi bolan ỳurtlar bilen ygtybarly hyzmatdaşlygyň ỳola goỳlandygyny bellemek bolar.

Türkmen gaz geçirijileriniň ýene-de birnäçe ugurlarynyň taslamalaryna garalýar. Olaryň biri Hazarasty gaz geçirijisi bolup, ol Hazaryň türkmen bölegindäki tebigy gazy Ýewropa ýurtlaryna akdyrmak üçin niýetlenendir. Onuň ýyllyk kuwwaty 30 mlrd $m^3$ gaza deňdir.

Şeýle gaz geçirijileriň biri hem Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan gaz geçirijisidir. Bu ýurtlaryň üçüsi hem energiýa çeşmelerine ýiti mätäçlik çekýän ýurtlardyr. Şu ýagdaýy nazarda tutsak, onda bu gaz geçirijisinden akdyryljak tebigy gazyň bahasynyň dünýä bahalaryndan satyljakdygy ikuçsyzdyr.

Türkmenistanyň başyny başlan ägirt uly taslamasy bolan Hazarýaka gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek hakynda 2007-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Moskwa şäherinde üçtaraplaýyn hökümetara ylalaşyga gol çekildi.

Şu gaz geçirijiler herekete getirilenden soň, ýurdumyzyň dünýäniň iň iri gaz eksportirleýji ýurdy bolan Russiýa Federasiýasy bilen gaz babatda bäsleşmäge mümkinçiligi artar. Eger-de Russiýa her ýylda 140 mlrd $m^3$ gazy daşyna ugradýan bolsa, Türkmenistan her ỳylda Russiỳa 50 mlrd $m^3$ , Eỳrana 28 mlrd $m^3$ tebigy gazy eksport edỳär. Hytaỳa bolsa 2012-nji ỳyldan başlap 40 mlrd $m^3$ gazy eksport eder. Päkistana çekiljek gaz geçirijini, Hazarasty gaz geçirijisini we Hazarýaka gaz geçirijisiniň mümkinçiliklerini hasaplasak, onda ýurdumyzyň gaz eksport kuwwaty Russiýadan has öňe geçer (bu geçirijileriň hersi 30 mlrd $m^3$ gaz geçirmäge ukyplydyr). Munuň özi Türkmenistana gazyň dünýä bahasyny kesgitlemäge mümkinçilik berer.

Ýurdumyzyň eksportynyň düzüminde ikinji orny nebit önümleri tutýar. Nebit önümlerimiziň bahasy häzirki wagtda dünýä bahasy bilen aýakdaş gidýär. Bu önümlerimiz Türkmen döwlet haryt we çig mal biržasyna getirilýär we onuň bahasy daşary ýurt biržalarynyň bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Mysal üçin, polipropileniň ýumşak görnüşlisiniň 1 tonnasynyň bahasy 80 dollardan, gaty görnüşlisiniňki—120 dollardan. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawody polipropileniň ýumşak görnüşlisini öndürýär. Ýurdumyzyň haryt we çig mal biržasynda onuň 1 tonnasynyň bahasynyň 80 dollardandygyny bellesek, onda biziň nebit önümlerimiziň dünýä bahasyndan satylýandygyny guwanç bilen bellemek bolar.

Türkmenistanyň eksportynyň düzüminde uly orun tutýan harytlarymyzyň biri hem pagta süýümidir. Bu önüm dünýäde iň geçginli we gyt harytlaryň biridir. Halkara bilermenleriň

kesgitlemegine görä, pagta önümlerine bolan isleg her ýyl 5% artýar. Islegiň artmagy bilen bir hatarda onuň bahasy hem ýokarlanýar. Häzirki wagtda pagta süýüminiň 1 tonnasynyň dünýä bahasy 2200--den 2500 dollar aralygynda üýtgäp durýar. Ýurdumyzda pagtanyň bol hasylynyň alynmagyna ýeterlik mümkinçiligiň bolmagy, bize bu önümiň dünýä bahasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Sebäbi pagtany iri öndürijiler bolan ABŞ-nyň, Hindistanyň, Hytaýyň, Päkistanyň we Müsüriň öz içerki bazarlary hem uludyr. Şonuň üçin olar öz öndüren önümleriniň aglaba bölegini içerki alyjylara satýarlar. Biziň içerki bazarymyz olar bilen deňeşdireniňde has kiçidir. Bu bolsa bize pagta süýümini we ondan taýýarlanan önümlerimiziň agramly bölegini daşary bazarlara ugratmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň eksportynyň düzüminde ýene-de bir geljegi uly bolan haryt bar. Ol hem elektrik energiýasydyr. Türkmenistan häzirki wagtda bu önümini Owganystana, Eýrana we Türkiýä satýar. Onuň 1kilowatynyň bahasy 2 sentdir. Elektrik energiýasynyň Türkiýede özüne düşýän bahasy 9 sente barabardyr. Bahalaryň aratapawudy örän uludyr. Munuň hem sebäbini goňşy döwletleriň ykdysady kynçylygyndan gözlemelidiris. Mysal üçin, Türkmenistan Owganystanyň häzirki ýagdaýyny göz önünde tutup onuň geçen ýyllardan galan 4 million dollardan gowrak bergisini geçdi. Ýene--de üstüne 300 müň dollarlyk elektrik energiýasyny mugtuna bermekçidigini mälim etdi. Munuň özi köp kynçylyklary başyndan geçiren owgan halkyna türkmen halkynyň doganlyk kömegidir.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, Türkmenistanyň pagta we dokma önümleriniň dünýä bahasyny kesgitlemäge bolan mümkinçiliginden tebigy gazyň dünýä bahasyny kesgitlemäge bolan mümkinçiligi has ýokarydyr. Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda türkmen topragyndan gözbaş alan gaz geçirijileriniň dünýäniň çar künjegine uzap gitjekdigine hiç-hili şübhe ýokdur. Nesip bolsa, gadym türkmen topragyndan gözbaş alan gaz geçirijileri Türkmenistanyň tebigy gazyň dünýä bahasyny kesgitlemeginiň kepili bolup çykyş eder.

Ýokardaky aýdylanlara ser salanyňda, ýurdumyzyň belli-belli önümlere baha goýmakda dünýä ähmiýetli ýurda öwrülip bilmek

mümkinçiliginiň ýokarydygyny görüp bolýar. Garaşsyz, baky Bitarap diýarymyzyň tebigy gazyň, pagta süýüminiň dünýä bahasyny kesgitlemäge mümkinçiligi bardyr. Eger-de, ýokarda ady agzalan harytlara ýurdumyz tarapyndan baha kesgitläp bilmek mümkinçiligi ele alnan ýagdaýynda döwletimiz ykdysady we syýasy taýdan has ýokary göteriler. Bu bolsa öz gezeginde ýurdymyzyň dünýäniň ykdysady, syýasy we maliýe merkezleriniň birine öwrülmegine mümkinçilik berer. Munuň üçin bolsa biziň hemmämiziň hormatly Prezidentimiziň daşyna pugta jebisleşip, janaýamazaklykly zähmet çekmegimiz gerekdir.

# 7-nji BAP. HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLARYŇ ULAG ÜPJÜNÇILIGI

## 7.1. Ulaglaryň görnüşleri

Halkara söwdadaky baglaşylan şertnamalaryň ikinji bölümi ulag şertnamalaryna degişlidir. Şertnamanyň ulag bölümi halkara söwdada möhüm ähmiýete eýedir. Bu ähmiýet islendik halkara söwdadan sowlup geçmeýär. Munuň sebäbi ulaglaryň harydyň bahasyna gös--göni täsir edýänligidir. Ulaglar harydy we ýolagçyny bir ýerden beýleki ýere daşamakda ulanylýar. Söwda amallary bir serhetde ýerleşýän döwletleriň arasynda alnyp barlanda, ulagyň harydyň bahasyna edýän täsiri beýle bir güýçli duýulmaýar. Çünki döwletler özara gümrük ylalaşygyny gazanyp bilerler. Ikinjiden, söwda serhede ýakyn ýerde amala aşyrylyp bilner. Bu ýagdaýlar harydyň bahasyna öz täsirini ýetirýär.

Ulag amallarynyň esasy şertleri bir serhetde ýerleşmeýän, aýry--aýry sebitde ýerleşýän ýurtlaryň söwda amallarynda has ýiti ýüze çykýar. Mysal üçin, Fransiýadan satyn alnan haryt Türkmenistana getirilýänçä birnäçe döwletleriň üstünden, birnäçe ulaglara ýüklenilýär. Şonuň üçin gümrük, üstaşyr, ulag çykdaýjylarynyň haýsy tarapyň jogapkärçiligine düşýändigi öňünden ylalaşylmalydyr. Bu ylalaşyk şertnamanyň ulag şertlerinde görkezilýär.

Dünýäniň ähli ulag serişdeleri jemlenip, dünýäniň ulag toplumuny emele getirýär. Dünýä ulag toplumy XX asyrda doly kemala geldi. Çünki XX asyrda häzirki ulanylỳan ulaglaryň ähli görnüşleri doly ýüze çykypdy.

Dünýäniň ulag toplumynda ýüz milliondan gowrak adam zähmet çekýär. Dünýä ulagy arkaly her ýylda ýüz milliard tonnadan gowrak ýük, bir trilliondan gowrak ýolagçy gatnadylýar.

Mälim bolşy ýaly, ulaglar öz aýratynlyklaryna baglylykda üç topara bölünýär:

1. Guryýer ulaglary.
2. Suw ulaglary.
3. Howa ulaglary.

Guryýer ulaglary öz gezeginde aşakdakylara bölünýär:

a) awtomobil ulaglary;
b) demir ýol ulagy;
ç) geçirijiler.

**Awtomobil ulagy** häzirki zamanda iň köp ulanylýan ulaglardyr. Dünýäde ýük daşamakda 650 milliondan gowrak awtomobil peýdalanylýar. Döwletiň içerki ýük dolanyşygynda bu ulaga uly paý degişlidir. Awtomobil ulaglary halkara ýük dolanyşygynda, esasan bir serhetde we sebitde ýerleşýän ýurtlar bilen ýük dolanyşygynda giňden ulanylýar.

**Demir ýol ulagy** guryýer ulaglarynyň içinde ilkinji ýüze çykanydyr. Dünýä ýük dolanyşygyna iki ýüz müňden gowrak lokomotiw gatnaşýar. Otlularyň ýük göterijiligi örän ýokarydyr. Munuň özi ýol çykdajylarynyň peselmegine getirýär. Ỳolagçy gatnatmakda-da otlularyň ähmiýeti ýokarydyr. Häzirki wagtda aşa çalt ýöreýän otlularyň ýüze çykmagy wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Döwletleriň hemmesi ykdysadyýete hyzmat etmek üçin ilkinji nobatda gara we demir ýollaryň gurluşygyna üns berýärler. Ỳurduň ulag gurşawynyň ösdürilmegi halkyň sosial-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmakda hem möhüm ähmiýete eýedir.

**Geçirijilere**, esasan, nebit-gaz daşamakda ulanylýan geçiriji turbalar we elektrik geçirijiler degişlidir. Elektrik geçirijiler XIX asyrda iri senagat şäherlerinde ýüze çykyp başlady. Häzirki wagtda elektrik geçirijiler islendik ýurtda elektrik energiýasy bilen üpjün etmekde giňden ulanylýan ýeke-täk ulagdyr. Ulagyň bu görnüşi halkara ykdysady gatnaşyklarda hem peýdalanylýar. Mysal üçin, Türkmenistandan Owganystana satylýan elektrik energiýasy ulagyň şu görnüşi arkaly ugradylýar.

Nebit-gaz geçirijiler XX asyryň başlarynda giňden ulanylyp başlandy. Aýratyn-da tebigy gazyň ýüze çykarylyp, durmuşda ulanylyp başlanmagy geçiriji turbalaryň ösmegine getirdi.

Häzirki wagtda halkara ykdysady gatnaşyklarda bu ulagyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Munuň sebäbi dünýä ýurtlarynyň uglewodorod serişdelerine bolan isleginiň ýylsaýyn ýokarlanmagy bilen baglanyşyklydyr. Ulagyň bu görnüşi uglewodorod serişdelerine baý bolan ýurtlarda has ösendir.

Halkara geçiriji turbalar çekilende we onuň üsti bilen ýük daşalanda, esasan şu meseleler babatda döwletara ylalaşyklary gazanmaklyk zerurdyr:

1. Geçirijini üstaşyr geçirỳän döwletiň razylygy. Köplenç ýagdaýda bu mesele oňyn çözülýär. Sebäbi bu ulagyň üstaşyr çekilmegi üstünden geçirýän döwletiň walýuta çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýär.

2. Üstaşyr tölegi tölemeli döwletiň kesgitlenilmegi (alyjymy ýa satyjy?), mysal üçin, Russiýa Türkmenistandan alýan gazynyň üstaşyr tölegini özi töleýär. Ỳewropa satýan gazynyň üstaşyr tölegini Russiýa öz üstüne alýar.

3. Tölegiň töleniş görnüşi (haryt, hyzmat, pul).

4. Geçirijileriň abatlaýyş işleri üçin üstaşyr geçirýän döwletleriň goşulmaklyk ýa-da goşulmazlyk ýagdaýy. Mysal üçin, öň «Orta Aziýa–Merkez» diýlip atlandyrylýan gaz geçirijisiden Özbegistandyr Gazagystan gaz satmak üçin peýdalanmaýandyklary zerarly, bu iş üçin serişde harçlaslary gelmeýärdi.

5. Geçirijiden üstaşyr geçirýän döwletiň bu geçirijiden peýdalanyp bilmek mümkinçiligi.

6. Geçýän ýüküň we geçirijiniň abatlygyna kepillik. Mysal üçin, Türkmenistan dünýä hojalygynyň geçiriji turba ulagy ösen ýurtlarynyň biri hasaplanylýar. Türkmenistandan halkara gaz geçirijileriniň birnäçesi gözbaş alýar. Bu ulaglary üstaşyr geçirýän döwletler geçirijiniň we ýüküň abatlygyna kepil geçýärler. Kä halatlarda başga bir döwlet bu kepilligi öz üstüne alýar.

**Suw ulaglary** hem iki topara bölünýär:

a) deňiz ulagy;

b) derýa ulagy.

Halkara söwdada iň köp ýük daşalýan deňiz ulagydyr. Halkara söwdanyň 80%-e golaýy bu ulagyň paýyna düşýär. 40 müňden gowrak gämiler dürli ýükleri ondan-oňa gatnadýarlar.

**Howa ulagy** iň ýaş we iň çalt ösýän ulagdyr. Ulagyň bu görnüşiniň tapawutly tarapy beýleki ulaglara garanyňda tizlik artykmaçlygydyr. Uçarlaryň bir günde 10 müňden gowrak gatnawy guralýar. Iri howa ulag amallaryny amala aşyrýan döwletler bolup ösen ýurtlar çykyş edýär.

Halkara gatnaşyklarda ýükler daşalanda birnäçe müşgillikler ýüze çykyp biler. Olara ulaglarda ýüze çykýan näsazlyklar, tebigy betbagtçylyklar, harby hereketler, syýasy ýagdaýlar, säwlikler, ýüze çykýan ýalňyşlar degişlidir. Bu müşgillikler iki ýol arkaly çözülýär:

1. Özara ylalaşmak, ýagny şertnamanyň şertlerini ýumşatmak.

2. Jerime tölemek–bu ýagdaýda iberilmeli ýüküň 0,05% derejesinde jerime töledilýär. Eger-de ikinji aýyň 1-inden 30-na çenli iberilmese—0,08 %, üçünji aýyň 1-inden 30-na çenli ugradylmasa—0,12% möçberinde jerime töledilýär. Bu jerimeler her gezek iberilmeli ýüküň jemi bahasyndan tutulýar. Eger-de bu çäreler hem netije bermese, onda şertnama ýatyrylyp, üçünji tarapa, ýagny arbitraža ýüzlenilýär.

Halkara ulag amallary «Inkoterms» şertnamasy arkaly düzgünleşdirilýär. Ösen ýurtlarda ýükleriň getirilişine we äkidilişine pugta gözegçilik edilýär. Ỳükleriň daşalyşynda ýüze çykan şähelçe säwlikleriň soňunyň jerime bilen gutarýan halatlary seýrek bolmaýar. Bu ýagdaý ösen ýurtlaryň tejribesinde içerki söwdada has güýçli ösendir. Halkara söwdada köp halatlarda ýüze çykýan säwliklere ýeňillik berýärler.

## 7.2. Ulag amallarynyň mazmuny

Halkara söwdada harytlary ondan-oňa daşamaklyk şu proses arkaly amala aşyrylýar. A–satyjynyň ambary, B–serhet nokady ýa-da port, S–satyn alyjynyň serhedi, G–alyjynyň ambary ýa-da A–B, B–S, S–G bu amaly aşakdaky shema arkaly aňlatsak has düşnükli bolar:



Bu amallar ulagyň islendik görnüşi üçin mahsusdyr. Ulag amallaryny amala aşyrmak üçin ýük eýeleri bilen ulag eýeleriniň arasynda şertnama baglaşylýar. Ulag amallary haçan halkara ulag amallary hasaplanylýar? Haçanda harytlar alyjynyň territoriýasyndan satyjynyň territoriýasyna geçende ýa-da ýokarda getirilen shemadan görnüşi ýaly B–S marşrut boýunça amala aşyrylanda halkara ulag amaly hasaplanylýar. Bu amalda hukuk gatnaşyklary ýüki ugradyjy, ýüki kabul ediji we ulag eýesiniň arasynda alnyp barylýar.

Halkara ulag amallarynda ulag eýesiniň hyzmaty halkara söwdanyň özboluşly bir harydy bolup çykyş edýär. Halkara ulag hyzmatlary dünýäniň ulag bazarynda satylýar we satyn alynýar. Ulag hyzmatlarynyň bahasy eýesi tarapyndan ýa-da ulag hyzmatyndan peýdalanýan taraplaryň gyzyklanmagy esasynda şertnama arkaly berkidilýär.

Ýolagçylary ol ýurtdan beýleki ýurda gatnatmaklyk hem halkara ulag amallaryna degişlidir. Ýolagçylary gatnatmakda ulanylýan ulag serişdelerine tölenilýän hyzmatyň bahasy bellenende içerki tarif ýa-da isleg we teklipden ugur alynýar. Ýolagçy ulaglary we ýük ulaglary bilelikde dünýäniň ulag bazaryny emele getirýär. Halkara ulag hyzmatynda esasy peýdalanyjylar bolup, esasan, syýahatçylyk guramalary çykyş edýär. Döwletler hem halkara ulag hyzmatyndan peýdalanýarlar. Döwlet, esasan, tebigy hadysalar ýüze çykanda ýa-da harby maksatlar üçin ulag hyzmatlaryndan peýdalanýarlar.

## 7.3. Halkara ulag ylalaşyklary we ulag amallaryny gurnamak

Her bir millet öz milli ulaglarynyň içerki we daşarky ýollarda bökdençsiz hereket etmegine uly üns berýär. Munuň özi ýurduň ýük dolanyşygy we ýolagçy gatnatmakdan gelýän peýdasy we raýatlaryň sosial ýagdaýy bilen utgaşýar. Mälim bolşy ýaly, geçiriji serişdeler (gara, demir ýollar, nebit-gaz geçirijileri), duralgalar, aeroportlar, demir ýol menzilleri örän uly maýany talap edýär. Onuň kapital berijiligi bolsa pesdir. Bu bolsa hususy maýanyň töwekgelçiligini ýokarlandyrýar. Döwlet içerki ýük we ýolagçy gatnawyny öz hukuk kadalaryna laýyklykda özi kesgitläp bilýär. Emma, ýurduň çäginden

daşary çykmaly bolanda dürli kynçylyklara sezewar bolunýar. Bu kynçylyklary aradan aýyrmak üçin döwletara we halkara ylalaşyklar baglaşylýar. Ulaglaryň görnüşlerine görä halkara ylalaşyklara seredip geçeliň.

**Halkara deňiz habarlaşmasy.** Ỳük dolanyşykda uly orun deňiz ulaglarynyň paýyna düşýär. Şonuň üçinem halkara habarlaşma ilki bilen deňiz ulaglarynda baglaşyldy. Bu ylalaşyk 1924-nji ýylda baglaşylyp, ol dürli üýtgeşmeler zerarly 1968-nji we 1978-nji ýyllarda has kämilleşdirildi. Häzirki wagtda bu ylalaşyga 70-den gowrak ýurt girýär.

**Halkara derýa habarlaşmasy.** Bu ylalaşyk Dunaý derýasyny peýdalanýan ýurtlaryň arasynda ýüze çykyp, 1955-nji ýylda Bratislawada baglaşyldy.

**Halkara howa habarlaşmasy**. Bu ylalaşyk 1929-njy ỳylda Warşawada baglaşylyp, onuň üsti Gaagada 1955-nji ýylda, Gwatemalada 1972-nji ýylda, Monrealda 1975-nji ýylda baglaşylan ylalaşyklar bilen ýetirildi. Warşawa ylalaşygy diňe yzygiderli uçuşlar üçin bolup, çarter uçuşlaryny düzgünleşdirýän ylalaşyk 1961-nji ýylda baglaşyldy.

Ỳükleri bir ýurtdan beýleki ýurda daşamagy guramak ulag amallarynyň iň kyn işleriniň biridir. Ỳurduň içinde ulag amallarynyň guralyşy milli kanunçylyk esasynda berkidilýär. Emma, milli kanunçylyk halkara ulag amallarynyň şertlerine gabat gelmeýär. Çünki halkara gatnawlarda ýükleri we ýolagçylary gatnatmakdaky dürli päsgelçilikler bilen bir hatarda üstaşyr geçirijiler we ulag eýleriniň işini umumylykda sazlamak meselesi ýüze çykýar.

**Deňiz ulagy** halkara ykdysady gatnaşyklarda ýükleri daşamaklyga ýöriteleşen köp görnüşli ulagdyr. Häzirki wagtda deňiz ulaglary arkaly ýükleriň daşalyşynyň guralyşynyň köp görnüşleri we ösen kanunçylyk binýady hereket edýär.

Halkara gämi gatnawlaryny guramagyň iki görnüşi bar:

1. Regulýar (yzygiderli).
2. Tramp (yzygiderli däl).

*Yzygiderli gämi gatnawy* dünýäniň köp döwletleri tarapyndam alnyp barylýar. Ỳük gämä ýüklenip, öňünden habar berlen beýleki

porta eltilýär. Daşamak hyzmaty öňünden kesgitlenen tarifler boýunça tölenilýär. Tarif ölçegleri ýüküň görnüşine görä üýtgeýär, ýagny azyk önümlerine, ýarym fabrikatlara, suwuk harytlara we ş.m. görnüşlere görä dürli tarif bahalary ulanylýar. Ỳüküň gatnaw bahasyna ýoluň uzaklygy hem täsir edýär. Yzygiderli gatnawy amala aşyrýan gämileriň hyzmat tölegi, adatça, yzygiderli däl gatnaw töleglerinden ýokarydyr. Sebäbi yzygiderli gatnawy amala aşyrýan gämiler diňe ýük daşamak bilen çäklenmän, olary ýüklemegi we düşürmegi hem öz üstüne alýarlar. Yzygiderli gatnawy amala aşyrýan gämileriň ýüki alyp ugran portundan, ýüki eltmeli portuna eltip düşürenden soň, ýüke bolan jogäpkärçiligi aradan aýrylýar we ýüküň garamaty portda ýüki kabul eden tarapyň jogapkärçiligine geçýär.

Halkara yzygiderli gämi gatnawynda esasy resminama bolup **konosament** çykyş edýär. Bu resminama ỳük gämä ýüklenenden soň ulag eýesine gowşurylýar. Ỳüki kabul ediji sanaw boýunça ýüki kabul edendigi barada konosamentde ýuridiki taýdan tassyklaýar we yzyna ulag eýesine gowşurýar. Ulag eýesi konosamenti ýüki ugradyja gowşurmaga borçludyr. Umuman, konosament ýük paýlaýjy resminama hökmünde çykyş edýär.

Soňky ýyllarda gämiler arkaly ýük daşamakda başga bir ulag resminamasy ulanylyp başlandy. Oňa **deňiz nakladnoýy** (üst haty) diýilýär. Bu resminama haryt paýlaýjy resminama hökmünde çykyş etmeýär we ýüküň kabul edilişini has çaltlandyrýar.

Yzygiderli söwda gatnawyndan tapawutlylykda *tramp (yzygiderli däl) gämi* gatnawy seýrek ulanylýar. Gämi gatnawynyň bu görnüşiniň hemişelik gatnawy bolman, ol ýüki gatnatmagyň islegine görä hereket edýär. Onuň ýüki daşamagynyň kesgitli bahasy bolman, ulag hyzmatynyň bahasy **täjirçilik şertnamasy** esasynda kesgitlenilýär. Şertnama gämi eýesi bilen ýüki ugradyjy ýa-da ýüki kabul edijiniň arasynda baglaşylýar. Bu şertnama, köplenç araçylaryň kömegi bilen baglaşylýar. Şertnamada demerej we dispaç talaplaryň kime degişlidigi hem görkezilýär. **Dispaç**—bu ýüküň öz wagtynda ýa-da wagtyndan öň eltilip berleni üçin tölenilýän sylag. **Demerej**—tersine, ýüküň eltilmeli wagtyndan gijä galany üçin ulag eýesiniň ýüki ugradyja ýa-da ýüki kabul edijä töleýän öwez tölegi. Öwez tölegi ýol çykdajylary aýrylyp, ulag eýesine galýan girdejiden alynýar.

Halkara yzygiderli däl gämi gatnawlary üçin ýörite ylalaşyklaryň, konwensiýalaryň ýokdugy bellenilmelidir. Yzygider däl gämi gatnawlarda ýüze çykýan meseleler milli kanunçylyk esasynda seredilýär.

**Halkara demir ýol habarlaşmasy.** Dünýädäki iň kän ulag habarlaşmalary barada ylalaşyklar demir ýol ulgamyndadyr. Bularyň hemmesini özünde jemlän halkara ylalaşyk 1980-nji ýylda Bernde baglaşyldy.

**Halkara awtomobil habarlaşmasy.** Bu barada ilkinji ylalaşyk Ýewropada 1961–1968 ýyllarda baglaşyldy we häzirem dowam edýär.

## 7.4. Ulag amallarynyň bazis şertleri

Ulag amallarynyň bazis şertleri Inkoterms şertnamasy arkaly kesgitlenilýär. Inkoterms halkara ulag amallaryny kadalaşdyrmagyň hukuk binýady bolup çykyş edýär. Aşakda «Inkoterms–2000» barada giňişleýin düşünje berilýär.

Inkotermsiň maksady daşary söwda pudagynda has giň ulanylýan söwda adalgalaryny düşündirmek boýunça halkara düzgünleriň jemini üpjün etmek bolup durýar. Şeýle hem onuň wezipesi adalgalara dürli ýurtlarda dürli-dürli düşündirilişiň nätakyklygyndan gaça durmakdan ýa-da nätakyklygyň derejesini peseltmekden ybaratdyr.

Köp halatda şertnama baglaşýan taraplaryň degişli ýurtlarda söwdany guramagyň dürli tejribesi bilen tanyş däldigi wagtyň we puluň bisarpa tutulmagyna alyp gelýän düşünişmezlikleriň, jedelleriň we kazyýet seljermeleriniň sebäbi bolup biler. Bu meseleleri çözmek üçin Halkara söwda palatasy (HSP) 1936-njy ýylda Söwda adalgalaryny düşündirmegiň halkara düzgünleriniň jemini çap etdi. Bu düzgünler «Inkoterms–1936» ady bilen bellidir. Bu düzgünlere 1953, 1967, 1976, 1980, 1990-njy ýyllarda we häzirki wagtda 2000-nji ýylda häzirki zaman tejribesine laýyk getirmek üçin HSP tarapyndan düzedişler we goşmaçalar girizildi.

Inkotermsiň ulanylýan ugrunyň aluw-satuw şertnamasynda taraplaryň satylan harytlary ibermäge (bu ýerde harytlar sözüň doly manysynda, ýagny maddy harytlar diýlip düşünilmelidir, maddy

däl harytlar, mysal üçin, kompýuter programma üpjünçiligi muňa girmeýär) degişli hukuklary we borçnamalary bilen baglanyşykly meseleler bilen çäklendirilendigini  nygtamak gerek.

Inkotermse nädogry düşünmegiň iki sany anyk görnüşi has ýaýrandyr. Olaryň birinjisi, Inkotermsiň aluw-satuw şertnamasyna däl-de, daşamak şertnamasyna has köp degişliligidir. Ikinjisi bolsa, taraplaryň şertnama girizmek isleýän ähli borçnamalaryny Inkotermsiň öz içine alýandygy baradaky nädogry düşünjedir.

Halkara söwda palatasy tarapyndan hemişe nygtalyşy ýaly, Inkoterms aluw-satuw şertnamasyna, ýagny satyjylaryň we alyjylaryň arasyndaky gatnaşyklara diňe belli bir jähtlerde (aspektlerde) degişlidir.

Tejribeden belli bolşy ýaly, eksport we import edijiler halkara geleşigini amala aşyrmak üçin zerur bolan dürli şertnamalaryň arasyndaky özara baglanyşygyny göz öňünde tutmaklary wajypdyr. Eger-de, diňe aluw-satuw şertnamasy zerur bolup, onda daşaýyş, ätiýaçlandyryş we maliýeleşdirme şertnamalary hem bar bolsa, onda Inkoterms şol şertnamalaryň diňe birine, ýagny  aluw-satuw şertnamasyna degişlidir.

Muňa garamazdan, taraplaryň belli bir adalgany ulanmak baradaky ylalaşygynyň beýleki şertnamalar üçin hem ähmiýeti bar. Käbir mysallary getireliň. CFR ýa-da CIF şertlerinde ylalaşyp, satyjy şu ylalaşygy deňiz ulagyndan başga ulaglaryň islendik beýleki görnüşlerinde ýerine ýetirip bilmeýär. Çünki, şu şertler boýunça ol alyja konosament ýa-da başga deňiz ulag resminamasyny bermelidir. Bu bolsa ulaglaryň beýleki görnüşleri ulanylanda mümkin däldir. Mundan başga-da, resminamalaýyn karza laýyklykda zerur bolan resminama hökmany tertipde ulanylmagy göz öňünde tutulan ulag serişdelerinde daşalmalydyr.

Ikinjiden, Inkoterms satyjynyň harydy alyjynyň ygtyýaryna ibermek ýa-da ony daşamak üçin geçirmek ýa-da bellenilen nokada ýetirmek borçlary ýaly taraplaryň käbir kesgitli borçlaryna we şu ýagdaýlarda taraplaryň arasynda töwekgelçiligi paýlamaklyga degişlidir.

Soňra taraplar harydy eksport we import etmek üçin, ony

arassalamak, gaplamak borçlary, alyjynyň ibermäni kabul etmek borjy, şeýle hem degişli borçlaryň talabalaýyk ýerine ýetirilendigi barada tassyklamany bermek borjy bilen baglydyr. Inkoterms aluw-satuw şertnamasyny amala aşyrmak üçin juda wajyp bolsa-da, şertnamada ýüze çykyp biljek meseleleriň hemmesine garaýar diýip, aýdyp bolmaz. Hususan-da, ol eýelik etmek hukugynyň we beýleki emläk hukuklarynyň geçirilmegi, şertnamanyň bozulmagy hem-de şular ýaly bozulmalaryň netijeleri, şeýle hem belli bir ýagdaýlarda jogapkärçilikden boşadylma garamaýar. Inkotermsiň maksady dürli şertleri goşmak ýa-da şahsy agzalan şertler esasynda aluw-satuw şertnamasy üçin zerur bolan şertnamanyň şertleriniň çalşyrylmazlygydyr.

Köp halatlarda Inkoterms şertnamanyň bozulmalarynyň netijelerine we dürli päsgelçilikler sebäpli jogapkärçilikden boşadylmaga degişli däldir. Şu soraglar aluw-satuw şertnamasy we degişli kanun esasynda çözülmelidir.

Inkoterms harytlary milli serhetlerden daşyna çykarylanda ulanmak üçin niýetlenendir. Munuň özi Inkotermsiň diňe halkara söwda amallary bilen baglanyşyklydygyny aňladýar. Emma tejribede içerki bazarlaryň çäklerinde harytlaryň aluw-satuw şertnamalarynda hem Inkoterms şertleri ulanylýar. Inkotermsiň içerki söwdada ulanylan ýagdaýynda eksport we import amallary bilen baglanyşykly bolan beýleki maddalar peýdalanylmaýar.

Inkotermsiň 1990-njy ỳyldaky neşirindäki şertlere düşünmekligi ýeňilleşdirmek üçin, ony özara tapawutly bolan dört topara bölýärler:

1. Satyjynyň diňe öz territoriýasynyň çäklerinde alyja harydy berýän şertinden başlaýar («E»–adalga: EX WORKS).

2. Satyjy harydy alyjy tarapyndan bellenen daşaýja ýetirmäge borçlanýar («F»–adalgalar: FCA, FAS we FOB).

3. Satyjy harydyň ýitgisiniň ýa-da zeper ýetmeginiň töwekgelçiligini ýa-da ýükläp ugratmadan we tabşyrmadan soň bolan wakalar sebäpli goşmaça harajatlary öz üstüne alyp, daşaýyş üçin şertnamany baglaşýar («C»–adalgalalar: CFR, CIF, CPT we CIF).

4. Satyjy harydy bellenen nokada ýetirmek üçin zerur bolan ähli

çykdajylary we töwekgelçilikleri öz üstüne alýar («D»–adalgalar: DAF, DES, DEQ, DDU we DDP).

Söwda adalgalarynyň toparlara bölünişi (Inkoterms—2000):

***E topary. Ibermeklik***
**EXW—**Franko zawod (… ýeriň atlandyrylyşy)

***F topar. Tölenilmedik esasy daşaýyş***

**FCA**—Franko daşaýjy (...bellenen nokadyň atlandyrylyşy);
**FAS**—Gäminiň bortunyň ugruna franko (...ýüklenip ugradylỳan portuň atlandyrylyşy);
**FOB**—Frank bort (...ýüklenip ugradylỳan portuň atlandyrylyşy);

***C topar. Tölenilmedik esasy daşaýyş***

**CFR**—Baha we fraht (...bellenen menziliň atlandyrylyşy);
**CIF**—Baha, ätiýaçlandyryş we fraht (…bellenen nokadyň atlandyrylyşy);
**CPT**—Fraht/daşaýyş (...bellenen ýeriň atlandyrylyşy) çenli tölenen;
**CIP**—Fraht/daşaýyş we ätiýaçlandyryş (…bellenen ýeriň atlandyrylyşy) çenli tölenen.

***D topar. Gelmeklik***

**DAF**—Serhete çenli iberme (...iberme ýeriň atlandyrylyşy);
**DES**—Gämiden iberme (…bellenen menziliň atlandyrylyşy);
**DEQ**—Deňiz duralgasyndan iberme (…bellenen menziliň atlandyrylyşy);
**DDU**—Pajy tölemezden iberme (…bellenen ýeriň atlandyrylyşy);
**DDP**—Pajy tölemek bilen iberme (...bellenen ýeriň atlandyrylyşy).

«Inkoterms 1990-daky» ýaly ähli adalgalar boýunça taraplaryň degişli borçlary 10 madda astynda toparlara jemlenendir. Ol ýerde satyjy tarapyndan her madda berlen meselä degişlilikde alyjynyň ýagdaýy görkezilýär.

Hyzmatdaşy bilen gapma-garşylyklar bolan ýagdaýynda HSP-niň araçylygyna ýüz tutmaga mümkinçiliginiň bolmagyna isleg bildirýän

taraplar aluw-satuw şertnamasynda HSP-niň araçylygy barada ýörite we anyk ylalaşmalydyrlar ýa-da olaryň arasyndaky şertnama hökmünde bolan hat alyşmanyň alyş-çalşynda ýeke-täk ylalaşyk şertnamasy bolmadyk ýagdaýynda ylalaşylmalydyr. Inkotermsiň birini ýa-da birnäçesini şertnama ýa-da munuň bilen bagly bolan hat alyşma goşmak halaty araçylyga ýüz tutmak mümkinçiligini öz-özünden aradan aýyrýar.

HSP araçylyk barada aşakdaky adaty belligi maslahat berýär:

**«Şu şertnamadan gelip çykýan ýa-da onuň bilen baglylykda bolan ähli gapma-garşylyklar Halkara söwda palatasynyň Araçylyk düzgünlerine laýyklykda bir ýa-da ondan köp araçylar tarapyndan gutarnykly çözülýär».**

## 8-nji BAP. TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY SYÝASATY

### 8.1. Daşary ykdysady syýasatyň düỳp mazmuny we aỳratynlyklary

Jemgyýetiň yzygiderli ösmegi, ýurtlaryň tebigy baýlyklar bilen üpjünçiliginiň birmeňzeş bolmazlygy dünýä hojalygynda aýry-aýry ýurtlaryň arasynda özara ysnyşykly gatnaşyklaryň döremegine getirýär. Dünýä ykdysadyýetinde bolup geçýän özgertmeler, adamlaryň sanynyň yzygiderli artmagy, çig mal baýlyklarynyň ýetmezçiligi ýaly meseleler bolsa ýurtlaryň arasynda bolup geçýän alyş-çalşyň has netijeli ýollaryny gözläp tapmaklygy talap edýär.

Halkara alyş-çalşy giňeltmek (harytlaryň, hyzmatlaryň, zähmetiň, maglumatyň, maliýäniň we başgalaryň) täze bazarlaryň ösmegine, çig mal baýlyklarynyň, tehniki we maglumat, ylmy-tehniki, önümçilik, medeni we daşary ykdysady aragatnaşyklaryň beýleki görnüşleriniň alyş-çalşygyna giňden ýardam edýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklar–bu ýurtlaryň we olaryň sebitleriniň ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda halkara hyzmatdaşlygy alyp barmagynyň bir bütewi ulgamydyr. Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň emele gelmegine we amala aşyrylmagyna dürli düzgünleşdiriji ýagdaýlar täsir edýär. Bu ýagdaýlar bolsa öz gezeginde daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ösüşini ýurduň bähbitlerini goraýan bir bütewi, berk syýasy-ykdysady ulgama gönükdirmäge ýardam berýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklara täsir edýän düzgünleşdiriji ýagdaýlaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Ykdysady ýagdaýlar.
2. Guramaçylyk-buýruk beriji ýagdaýlar.

**Ykdysady ýagdaýlar.** Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ykdysady ýagdaýlary daşary ykdysady aragatnaşyklaryň emele gelmeginiň we amala aşyrylmagynyň ykdysady bähbitlerine täsir edýär. Bularyň hataryna: hyrydarlygyň we hödürlemäniň gatnaşygy, dünýä we içerki bahalaryň, paçlaryň, walýuta kurslarynyň gatnaşygy, ykdysady meýilnamalar, maksatnamalar we ş.m. degişlidir.

**Guramaçylyk-buýruk beriji ýagdaýlar.** Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň guramaçylyk-buýruk beriji ýagdaýlary daşary ykdysady aragatnaşyklaryň emele gelmegine we ösmegine dürli buýruk beriji namalaryň üsti bilen döwletiň we onuň bölümleriniň gönüden-göni täsirini aňladýar. Bularyň hataryna harytlaryň (hyzmatlaryň, işiň) eksportynyň we importynyň çäklendirilmegi we lisenzirlenmegi, işleriň dürli görnüşleriniň lisenzirlenmegi, walýuta, gümrük, eksport, import gözegçilikleri we ş.m. degişlidir.

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň döwlet tarapyndan işjeň düzgünleşdirilmegi daşary ykdysady syýasatyň esasy maksady bolup durýar.

Daşary ykdysady syýasat diýlip, döwletiň öz syýasy (ykdysady, harby, durmuş, ekologiki) mümkinçiliklerini berkitmek we dünýä ykdysadyýetine netijeli gatnaşmak maksady bilen daşary ykdysady aragatnaşyklary emele getirmekde we peýdalanmakda döwletiň alyp barýan maksadalaýyk işlerine aýdylýar.

Her ýurduň daşary ykdysady syýasaty, onuň ugry we wezipeleri ýurduň milli ykdysadyýetiniň aýratynlyklaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

Daşary ykdysady syýasatyň wagt we giňişlik jähtleri tapawutlandyrylýar.

Daşary ykdysady syýasatyň wagt jähti döwlet işiniň daşary ykdysady aragatnaşyklary döretmek we ulanmak boýunça wagtyň gysga we uzak möhlet üçin kesgitlenmegini aňladýar.

Gysga möhletli ýa-da wagtlaýyn daşary ykdysady syýasat daşary ykdysady işiň işjeň düzgünleşdirilmeginden ybaratdyr.

Uzak möhletleýin daşary ykdysady syýasat wagtyň we kapitalyň köp çykdajylaryny talap edýän giň göwrümli daşary ykdysady meseleleri çözmeklige gönükdirilendir.

Daşary ykdysady syýasatyň giňişlik jähti döwlet işiniň dünýä we milli ykdysadyýetlere täsiriniň esasy ugurlarynyň kesgitlenmegini aňladýar.

Bu jäht boýunça daşary ykdysady syýasatyň düzümine daşary söwda, maýa goýum, walýuta, gümrük syýasatlary degişlidir.

Diýmek, islendik garaşsyz döwlete öz daşary ykdysady aragatnaşyklaryny amala aşyrmaklyk üçin hökmany ýagdaýda daşary ykdysady syýasat zerur bolup durýar.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap ýurdumyzyň daşary ykdysady aragatnaşyklaryny amala aşyrmaklyk üçin Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty işlenip düzüldi. Işlenip düzülen daşary ykdysady syýasat uzak möhletleýin döwür üçin niýetlenip, ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüni öz içine alýar. Bu syýasat şu aşakdaky wezipeleri çözmeklige gönükdirilendir:

– Sowet Soýuzyndan galan ykdysadyýeti bazar ykdysadyýetine geçirmek;

– ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine goşulyşyny güýçlendirmek;

– ykdysady özbaşdaklygy berkitmek arkaly ýurduň döwlet garaşsyzlygyny pugtalandyrmak;

– esasy haryt baýlyklaryny dünýä bazaryna çykarmak;

– daşary yurt maýa goýumlaryny ýurdumyzyň ykdysadyýetine işjeň çekmek;

– daşary yurt kompaniýalaryny mineral çeşmeleri gözlemäge gatnaşdyrmak;

– ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny önümçilige we durmuşa ornaşdyrmak;

– ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak.

Daşary ykdysady syýasatyň giňişlik jähti boýunça hem esasy ugurlar kesgitlendi. Olar:

– daşary söwda syýasaty;

– maýa goýum syýasaty.

Ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasaty «Açyk gapylar» we «Baky Bitaraplyk» syýasatlarynyň binýadyna esaslanyp amala aşyrylýar.

**«Açyk gapylar» syýasaty** Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinde işlenip düzüldi. Onuň düýp mazmuny ýurdumyzyň bütin dünýäde ykrar edilen ýörelgelerden ugur alyp, daşary döwletler bilen özara bähbitli, birek-birege peýdaly diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyndan we ösdürilmeginden ybarat. Şeýle-de döwletimiz hyzmatdaşlyk saklaýan döwletleriniň içerki syýasatyna gatyşmazlyk, halkara kanunlara we borçnamalara hormat goýmak ýaly ýörelgelerden ugur alýar. Bu syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ykdysadyýetimize öňdebaryjy tilsimatlaryň ornaşdyrylmagyny, kuwwatlyklaryň netijeli peýdalanylmagyny, kärhanalaryň durkunyň täzelenip, has kämil tehnika bilen enjamlaşdyrylmagyny, şeýle-de halkara ölçeglerine laýyk gelýän täze önümçilikleriň açylmagyny üpjün edýär.

*3-nji tablisa*

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň diplomatiki gatnaşyklaryny ýola goýan döwletleri**

| Ýyllar | Döwletleriň sany |
|---|---|
| 1991 | - |
| 1992 | 62 |
| 1993 | 76 |
| 1994 | 82 |
| 1995 | 88 |
| 1996 | 107 |
| 1997 | 113 |
| 1998 | 114 |
| 1999 | 116 |
| 2005 | 123 |
| 2007 | 125 |
| 2009 | 129 |

Ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasaty «Açyk gapylar» syýasatyndan daşgary **«Baky Bitaraplyk» syýasatyna** hem esaslanýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynda Türkmenistana hemişelik Bitaraplyk statusynyň berilmegi, diňe bir türkmen halkynyň taryhyna däl, eýsem bütin adamzat taryhyna

altyn harplar bilen ýazyldy. Taryhda ilkinji gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň Karary bilen döwletimiziň «asudalygy dörediji» diýen beýik ady götermäge hukugy bir agyzdan ykrar edildi.

Işlenip taýýarlanylan daşary syýasy ýörelgeler anyk netijelerde öz beýanyny tapýar. Hemişelik parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine eýerýän türkmen halkynyň milli däp-dessurlarynyň many-mazmunyny kesgitläp, Türkmenistanyň Bitaraplygy geosyýasy deňagramlylygy, parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamagyň möhüm ýagdaýy hökmünde çykyş edýär.

«Baky Bitaraplyk» syýasatyna laýyklykda häzirki wagtda Türkmenistan ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan, dünýä üçin açyk, täze siwilizasiýany döretmäge goşant goşýan döwletdir. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty–parahatçylyk söýüjiligiň we hoşmeýilli goňşuçylyk gatnaşyklaryny alyp barmaklygyň hereket edýän nusgasydyr.

Diýmek, daşary ykdysady syýasatdaky wezipeleri kesgitlenen ugurlar boýunça çözmeklik üçin ýurdumyzda hemme gerekli şertler bar. Ýagny:

birinjiden, syýasy durnuklylyk;

ikinjiden, «Açyk gapylar», «Baky Bitaraplyk» syýasatlary;

üçünjiden, Täze Galkynyş döwründe döwlet gözegçiligini amala aşyrýan kuwwatly hökümet Baştutany we demokratiýa;

dördünjiden, düýpli maýa goýumlary we çig mal çeşmeleri.

Bularyň netijesinde ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasaty işjeň durmuşa geçirilýär. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň daşary ykdysady syỳasaty hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan işlenilip düzülỳär we işjeň durmuşa geçirilỳär. Milli Liderimiziň alyp barỳan akylly-başly daşary ykdysady syỳasatynyň netijesinde ỳurdumyzyň taryhynda ỳatdan çykmajak waka bolup, BMG-niň Baş Assambleỳasynyň mejlisinde kabul edilen «Energiỳa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty» Rezolỳusiỳasy çykyş etdi. Soňky ýyllarda dünỳä jemgyỳeti Türkmenistana aỳratyn gyzyklanma bilen garady.

2007-nji we 2009-njy ỳylda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleỳasynyň wise başlyklygyna saỳlanmagy, 2007-nji ỳylyň dekabr aỳynda «Sebitde öňüni alyş diplomatiỳasy» boỳunça paỳtagtymyzda Merkezi Aziỳa sebit merkeziniň açylmagy, 2008--nji ỳylyň dekabrynda bolsa «Energiỳa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty» Rezolỳusiỳasynyň kabul edilmegi milli Liderimiziň batyrgaỳlyk we yzygiderlilik bilen alyp barỳan Bitaraplyk, parahatçylyk söỳüjilik hem-de konstruktiw hyzmatdaşlyk ỳörelgelerine esaslanỳan daşary syỳasy ugrunyň ajaỳyp üstünlikleriniň subutnamasy bolup, Türkmenistanyň we BMG-niň taryhyna öçmejek harplar bilen ỳazyldy.

*4-nji tablisa*

| Ýyllar | Halkara guramalaryň sany |
|---|---|
| 1991 | 2 |
| 1992 | 17 |
| 1993 | 28 |
| 1994 | 32 |
| 1995 | 37 |
| 2005 | 39 |
| 2007 | 39 |

## 8.2. Türkmenistanyň daşary söwda syýasaty

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge, çuňlaşdyrmaga we kämilleşdirmäge gönükdirilen daşary ykdysady syýasaty alyp barýar. Bu syýasatyň esasy ugurlarynyň biri daşary söwda syýasatydyr. Ýurdumyzyň daşary söwda syýasaty daşary söwdanyň ösmeginde öz beýanyny tapýar. Daşary söwda ýurduň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň iň giň ýaýran görnüşidir. Daşary söwda syýasatynyň esasy wezipesi daşary söwda dolanyşygyny ösdürmek we bu işiň netijeliligini artdyrmakdyr. Şeýle-de eksportyň we importyň düzümini kämilleşdirmek esasynda ykdysadyýetimiziň mümkinçiliklerini doly peýdalanmak we ýurdumyzyň ähli isleglerini kanagatlandyrmakdyr. Daşary söwdanyň

göwrüminiň görkezijisi bolup daşary söwda dolanyşygy çykyş edýär. Ol şu usul bilen kesgitlenýär:

Daşary söwda dolanyşygy= eksport+import.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy şu sanlar bilen häsiýetlendirilýär:

*5-nji tablisa*

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşiniň umumy ýagdaýy*, ABŞ-nyň mln dollarynda**

| Görkezijiler / Ýyllar | Daşary söwda dolanyşygy | Eksport | Import | 1992-nji ýyl bilen deňeşdirilende, (%)-de |
|---|---|---|---|---|
| 1992 | 938,1 | 908,4 | 29,7 | 100,0 |
| 1993 | 1556,0 | 1054,5 | 501,5 | 165,8 |
| 1994 | 3612,9 | 2145,1 | 1467,8 | 385,1 |
| 1995 | 3244,7 | 1880,7 | 1364,0 | 345,8 |
| 1996 | 3008,9 | 1688,6 | 1320,3 | 320,7 |
| 1997 | 1980,2 | 750,3 | 1229,9 | 211,0 |
| 1998 | 1576,0 | 598,1 | 977,9 | 167,9 |
| 1999 | 2470,6 | 1142,2 | 1328,4 | 263,3 |
| 2000 | 4288,4 | 2500,9 | 1785,5 | 456,8 |
| 2001 | 4968,5 | 2620,0 | 2348,5 | 529,6 |
| 2002 | 4975,0 | 2855,6 | 2119,4 | 530,3 |
| 2003 | 6144,0 | 3632,0 | 2512,0 | 654,9 |
| 2004 | | | 7190,0 | 766,4 |
| 2005 | 8577,4 | 4939,0 | 3638,4 | 914,3 |
| 2006 | 10014,1 | 6724,1 | 3290,0 | 1067,5 |
| 2007 | 13374,1 | 8932,1 | 4442,0 | 1422,6 |

Getirilen maglumatlardan ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygyny 2 sany döwre bölmek bolýar:

**1-nji döwür**—bu döwür 1992—1999-njy ýyllary öz içine alýar. Bu döwürde daşary söwda dolanyşygy yzygiderli pese gaçýar. Daşary söwda dolanyşygynyň yzygiderli pese gaçmagyna:

---

*Türkmenistanyň statistiki ýyllyk neşiri, 2007-nji ýyl.

—ozalky bir bütewi döwletiň daşary ykdysady aragatnaşyklaryny dolandyryş ulgamynyň syndyrylmagy;

—garaşsyz döwletleriň arkalaşygy ýurtlarynyň köpüsinde önümçiligiň pese gaçmagy we ozalky respublikanara gatnaşyklaryň bozulmagy;

—karz berlişiň we onuň gaýtarylyşynyň pese gaçmagy öz täsirini ýetirdi.

**2-nji döwür**–bu döwür 1999–2007-nji ýyllary öz içine alýar. Bu döwür daşary söwda dolanyşygynyň okgunly artmagy bilen häsiýetlenýär. Daşary söwdanyň okgunly artmagyna:

—eksportyň fiziki mümkinçilikleriniň artmagy;

—ýurdumyzda daşary söwda gatnaşyklaryny dolandyryş mehanizmiň doly kemala gelmegi;

—daşary söwda gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegi täsir etdi.

Tablisadan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda anyk öňe gidişlikler bolup geçdi. Garaşsyzlygymyzyň soňky on ýylynyň dowamynda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy birnäçe esse artdy. Aýratyn bellemeli ýagdaý hem, 2000-nji ýyldan bäri eksportyň importa garanda köpelmek meýli saklanyp gelýär. 2007-nji ýylda hem daşary söwdanyň oňyn tapawudy +1422,6 mln dollara deň boldy. Şeýle oňyn tapawut 2008 we 2009-njy ýyllarda hem saklanyp galdy.

Garaşsyz döwletimiz dünýäniň hemme sebitleri we ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barmaga ymtylýar. Netijede, ýurdumyzyň daşary söwdasynyň geografiýasy yzygiderli kämilleşýär. Häzirki wagtda ýurdumyz dünýäniň 85 döwleti bilen söwda gatnaşyklaryny amala aşyrýar.

Haryt dolanyşygynyň geografiki gurluşynda ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşlary GDA-nyň ýurtlaryndan–Russiýa, Gazagystan, Özbegistan, Azerbaýjan, Ukraina, Ýewropa ýurtlaryndan–Italiya, Türkiýe, Germaniýa, Merkezi Aziýa ýurtlaryndan–Eýran, Owganystan, Yrak şeýle-de ABŞ döwletleri bolup durýar.

*6-njy tablisa*

**Türkmenistanyň daşary söwda boýunça esasy hyzmatdaş ýurtlary***

| Ýurtlar | Daşary haryt dolanyşygyndaky paýy, % -de |
|---|---|
| Russiýa | 36,3 |
| Eýran | 14,2 |
| Türkiýe | 9,7 |
| Italiýa | 7,5 |
| ABŞ | 3,6 |
| Hytaý | 3,4 |
| Birleşen Arap Emirlikleri | 3,4 |
| Ukraina | 2,5 |
| Yrak | 1,8 |
| Owganystan | 1,6 |
| Fransiýa | 0,7 |
| Beýleki ýurtlar | 15,3 |

Netijede, Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklarynda iki sany iri ulgam emele geldi:

1. Garaşsyz döwletleriň arkalaşygynyň (GDA) ýurtlary.
2. Dünýäniň beýleki ýurtlary.

Türkmenistanyň GDA-nyň ýurtlarynyň içinde esasy söwda hyzmatdaşy Russiýadyr. Çünki Russiýa türkmen gazyny esasy satyn alyjydyr. 2007-nji ýylda Russiýa Türkmenistanyň daşary haryt dolanyşygynda birinji orunda durmak bilen, onuň 36,3%-ni tutýar. Ýurdumyzyň dünýäniň beýleki ýurtlary bilen daşary söwda dolanyşygy 1998-nji ýyldan bäri yzygiderli artýar. Bu artyş dünýäniň beýleki ýurtlaryndan maşynlaryň, enjamlaryň, ulag serişdeleriniň, dürli metallaryň import edilmeginiň hasabyna bolup geçdi.

Ýurdumyzyň daşary söwda gatnaşyklary 2008-nji ýylda hem oňat görkezijiler bilen ösmegini dowam etdirdi. 2008-nji ýylyň ýanwar—awgust aýlarynda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy

*Türkmenistanyň statistiki ýyllyk neşiri, 2007-nji ýyl.

geçen ýylyň degişli döwründäkiden 34,7% artdy. Ýurdumyzyň daşary söwdasynyň oňyn tapawudy 4 milliard 706,7 million amerikan dollaryna deň boldy we geçen ýylyň degişli döwründäkisinden 51,7% köpeldi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň ýagdaýy baradaky maglumatlary öwrenmeklik üçin ýurdumyzyň eksportynyň we importynyň ýagdaýlary baradaky maglumatlara ýüzleneliň.

**Türkmenistanyň eksportynyň ösüşi.** Eksport–bu harytlaryň we hyzmatlaryň öz ýurduň çäklerinden çykarylyp, daşary ýurtly alyjylara satylmagydyr. Eksport ýurduň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň iň işjeň we esas goýujy bölegidir. Eksportyň artdyrylmagy ýurduň ykdysady ösüşine aýgytlaýjy täsir edýär. Eksport möhüm halk hojalyk ähmiýetli işi bitirýär, ýagny ol daşary ýurt walýutasynyň baş çeşmesi bolup hyzmat edýär. Eksportdan gelýän walýuta girdejileri ýurdumyza gerek bolan çig mallary, enjamlary, tehnikalary we tehnologiýalary, şeýle-de sarp edilýän harytlary satyn almak üçin peýdalanylýar. Eksportyň giňeldilmegi ýurdumyzyň halkara zähmet bölünişigine goşulyşyny giňeldýär, ylmy-tehniki ösüşiň çaltlaşmagyna ýardam edýär. Dünýä bazary üçin önüm öndürmeklik daşary ýurt kompaniýalary bilen aç-açan bäsleşik etmegi aňladýar. Ol harytlaryň hiliniň gowulanmagyna, önümçiligiň jemlenmegine, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna we önümçilik harajatlarynyň peselmegine ýardam edýär. Şol sebäpli ýurdumyzyň eksport esasyny ösdürmeklik üçin örän köp işler ýerine ýetirilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň eksportynyň möçber taýdan ösüşi 5-nji tablisada getirilipdi. Getirilen san maglumatlaryndan görnüşi ýaly ýurdumyzyň eksporty ýyl-ýyldan ýokarlanýar. 1992–2007-nji ýyllar aralygynda eksportymyzyň möçberi 1422,6% artdy. Eksportymyzda 2007-nji ýylda 2006-njy ýyla garanyňda 130,7% ösüş gazanyldy. Soňky wagtlarda ýurdumyzyň eksportynyň harytlyk düzüminde hem uly üýtgeşmeler bolup geçdi. Geliň, bu baradaky san maglumatlara ýüzleneliň:

*7-nji tablisa*

**1996–2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň daşary ýurtlara çykaran harytlarynyň düzümi***

| Harytlaryň atlary | 1996 | | 2000 | | 2006 | | 2007 | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | möçberi | Jemine görä, %-de | möçberi | Jemine görä, %-de | möçberi | Jemine görä, %-de | möçberi | Jemine görä, %-de |
| Jemi | - | 100 | - | 100 | - | 100 | | 100 |
| Tebigy gaz, mlrd $m^3$ | 24,3 | 60,8 | 33,6 | 49,7 | 46,3 | 50,6 | 50,7 | 54,6 |
| Pagta süýümi, müň tonna | 227,6 | 19,7 | 213,2 | 8,9 | 130,1 | 2,1 | 181,4 | 2,3 |
| Gaýtadan işlenen nebit önümleri, mln tonna | 2,1 | 10,3 | 2,7 | 20,5 | 4,0 | 26,1 | 3,9 | 21,4 |
| Nebit, mln tonna | - | - | 1,7 | 9,7 | 1,1 | 6,4 | 1,4 | 6,6 |
| Elektrik energiýa, mlrd k/Wt sag. | 1,5 | 3,4 | 0,9 | 0,7 | 1,6 | 0,6 | 1,9 | 0,6 |
| Nah matalar, mln $m^2$ | 6,9 | 0,5 | 19,6 | 1,2 | 79,6 | 1,3 | 90,3 | 1,5 |
| Halylar we beýleki haly örtgüleri, müň $m^2$ | 20,7 | 0,2 | 19,3 | 0,1 | 19,4 | 0,1 | 10,7 | 0,1 |

Şeýlelikde, maglumatlardan şu aşakdaky netijeler gelip çykýar:

1) eksportyň birtaraplaýyn çig mallyk häsiýeti ýeňlip geçilýär;

2) eksportyň diňe tebigy gaza baglylygy ýeňlip geçilýär;

3) eksportda çig mal harytlary bilen taýýar harytlaryň mynasybetiniň belli bir deňeçerliligi döräp başlaýar.

Türkmenistanyň gaýtadan işleýän senagatynyň ösmegi daşary

---

*Türkmenistanyň statistiki ýyllyk neşiri, 2007-nji ýyl.

ýurtlara haryt çykarylyşynyň düzümine oňyn täsir etdi. Ýagny, 2007--nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde, çig mal harytlarynyň (tebigy gazyň, nebitiň) paýy kemeldi, taýýar önümleriň (nebit önümleriniň, dokma önümleriniň) paýy bolsa ýokarlandy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň eksportlyk harytlarynyň hilini dünýä bazarynda bäsleşige ukyply harytlaryň hiline ýetirmeklik ugrunda köp işler ýerine ýetirildi.

**Türkmenistanyň importynyň ösüşi.** Import–bu harytlaryň we hyzmatlaryň daşary ýurtly satyjylardan satyn alnyp öz ýurdumyza getirilmegidir. Importyň esasy wezipesi jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamakdan we wagt utmakdan ybaratdyr. Ýurdumyzda öndürilmegi zähmetiň we wagtyň has köp sarp edilmegini talap edýän harytlaryň daşary ýurtlardan getirilmegi jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmagyny üpjün edýär. Şeýlelikde, ýurdumyz özünde zähmeti we wagty az talap edýän önümleri öndürýär we olary eksport etmegiň netijesinde walýuta gazanýar. Soňra bu pula daşary ýurtlardan özünde zähmeti we wagty köp talap edýän harytlary satyn alýar. Netijede, ähli ýurtlar, şol sanda biziň ýurdumyz hem ykdysady oňaýlylyk gazanýar. Şuňa laýyklykda import syýasatymyzyň baş maksatlary öndüriji güýçleriň ösüşiniň çaltlandyrylmagyna we halkyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam etmekdir.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň importynyň möçber taýdan ösüşi 5-nji tablisada getirilendir. Getirilen sanlardan soňky ýyllarda importyň möçberiniň artýandygy görünýär. 2007-nji ýylda ýurdumyza daşary ýurtlardan getirilýän harytlar 4442,0 million amerikan dollaryna deň boldy we 2006-njy ýyldakydan 129,3% artdy.

Geliň, indi bolsa impotyň harytlyk düzümi baradaky san maglumatlara ỳüzleneliň:

*8-nji tablisa*

**1996–2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň import harytlarynyň düzümi***

| Harytlaryň atlary | 1996 | | 2000 | | 2006 | | 2007 | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | mln ABŞ dollarynda | Jemine görä, %-de | mln ABŞ dollarynda | Jemine görä, %-de | mln ABŞ dollarynda | Jemine görä, %-de | mln ABŞ dollarynda | Jemine görä, %-de |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Jemi | - | 100 | - | 100 | - | 100 | | 100 |

*Türkmenistanyň statistiki ýyllyk neşiri, 2007-nji ýyl.

*(8-nji tablisanyň dowamy)*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Maldarçylyk önümleri | 81,4 | 8,0 | 69,5 | 3,9 | 26,2 | 0,8 | 28,3 | 0,6 |
| Ekerançylyk önümleri | 149,2 | 14,8 | 28,9 | 1,6 | 48,9 | 1,5 | 74,0 | 1,7 |
| Mal we ösümlik ýaglary | 4,8 | 0,5 | 8,1 | 0,5 | 15,9 | 0,5 | 17,8 | 0,4 |
| Taýýar azyk önümleri | 98,7 | 9,8 | 112,6 | 6,3 | 120,7 | 3,7 | 145,8 | 3,3 |
| Himiýa we onuň bilen baglanyşykly senagat pudaklarynyň önümleri | 93,0 | 9,2 | 146,3 | 8,2 | 248,5 | 7,6 | 346,1 | 7,8 |
| Plastmassalar we olardan alnan önümler; kauçuk we rezin önümleri | 38,6 | 3,8 | 68,3 | 3,8 | 107,8 | 3,3 | 164,8 | 3,7 |
| Gön çig maly, gön, sütükli deriler | 4,4 | 0,4 | 2,4 | 0,1 | 15,3 | 0,5 | 11,6 | 0,3 |
| Agaç we agaç önümleri, kagyz | 28,7 | 2,8 | 10,2 | 0,6 | 23,2 | 0,7 | 44,6 | 1,0 |
| Dokma we dokma önümleri | 77,8 | 7,7 | 49,0 | 2,7 | 89,2 | 2,7 | 95,5 | 2,1 |
| Daş, gips, sement önümleri, penjire aýnasy | 14,2 | 1,4 | 24,0 | 1,3 | 88,7 | 2,7 | 114,1 | 2,6 |
| Aýakgap, baş geýimler, saýawanlar | 19,1 | 1,9 | 6,8 | 0,4 | 24,2 | 0,7 | 24,9 | 0,6 |
| Mineral önümler | 38,3 | 3,8 | 34,8 | 1,9 | 42,8 | 1,3 | 53,7 | 1,2 |

*(8-nji tablisanyň dowamy)*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Dür, gymmat bahaly metallar we olardan taýýarlanan önümler | 1,5 | 0,1 | 4,8 | 0,3 | 5,5 | 0,2 | 3,4 | 0,1 |
| Gymmat bahaly däl metallar we olardan taýýarlanan önümler | 141,4 | 14,0 | 219,9 | 12,3 | 451,7 | 13,7 | 775,2 | 17,5 |
| Maşynlar, enjamlar we mehanizmler | 155,2 | 15,4 | 619,8 | 34,7 | 870,9 | 26,5 | 1328,4 | 29,9 |
| Ulag serişdeleri | 39,4 | 3,9 | 162,8 | 9,1 | 435,1 | 13,2 | 833,8 | 18,8 |
| Enjamlar, sagatlar, saz gurallary | 13,4 | 1,3 | 24,7 | 1,4 | 45,5 | 1,4 | 62,6 | 1,4 |
| Dürli senagat harytlary | 12,1 | 1,2 | 44,3 | 2,5 | 114,0 | 3,5 | 79,0 | 1,8 |

Şu maglumatlardan şeýle netijelere gelmek bolýar:

1) importyň esasy bölegini maşynlar, enjamlar we mehanizmler tutýar. Onuň tutýan orny uly bolmagynda galýar;

2) metal we metal önümleri hem-de ulag serişdeleri uly orun tutýar we köpelmäge meýil edýär. Bu ady tutulan haryt toparlary Türkmenistanda öndürilmeýär. Olaryň köp importirlenýändigi hem şonuň bilen düşündirilýär;

3) maldarçylyk we ekerançylyk önümleriniň importdaky paýy azalmaga meýillidir. Oňa derek taýýar önümleriň paýy artýar.

Ýurdumyzyň importynyň göwrüminiň artmagy, esasan, önümçilik-tehniki häsiýetli önümleriň hem-de ulag serişdeleriniň getirilmeginiň köpelmegi netijesinde bolup geçýär. Önümçilik-tehniki häsiýetli harytlaryň köp möçberde getirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gaýtadan işleýän pudaklaryň bina edilmeginiň giň gerim bilen alnyp barylmagynda öz beýanyny tapýar. Şunuň

bilen baglylykda, importyň düzüminde tehnologiki enjamlaryň paýy 1996-njy ýylda 15,4% bolanlygyndan, 2006-nji ýylda 29,9%-e çenli artdy. Ýurdumyzyň importynda ulag serişdeleriniň paýynyň artmagy ulag ulgamynyň meýdanynyň doly täzelenmegi bilen şertlendirilýär. 1996-njy ýylda ulag serişdeleriniň importdaky paýy 3,9% bolanlygyndan, 2006-njy ýylda 18,8%-e çenli artdy.

Şeýlelikde, Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda alnyp barylýan daşary söwda syýasaty uly ykdysady ösüşleri gazanmaga we geljege ynamly gadam basmaga ýardam berdi. Häzirki wagta çenli ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy yzygiderli artyp gelýär. Bu bolsa öz gezeginde ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ýokarlanmagyny, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň gülläp ösmegini we ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyny üpjün edýär.

## 8.3. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlary

Maýa goýumlaryny ýurdumyzyñ ykdysadyýetine çekmeklik Garaşsyz Türkmenistanyñ berk binýatly daşary ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri boldy. Türkmen topragynyň ummasyz tebigy baýlyklary hem-de ýurdumyzyñ syýasy taýdan durnuklylygy ykdysadyýetimize maýa goýmaklyga giňden ýol açdy.

Türkmenistanyň çäklerine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we peýdalanmak, maýa goýum işini utgaşdyryp alyp barmak, daşary ýurt maýa goýujylarynyň işine ýardam bermek baradaky işler hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti hem-de ygtyýarly edilen edaralar tarapyndan işlenip taýýarlanylýar we durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň çäklerinde şu aşakdakylar daşary ýurt maýa goýujylar bolup bilerler:

– daşary ýurtly ýuridiki taraplar, şol sanda halkara guramalar we birleşikler, şeýle hem döwletler;

– daşary ýurtly fiziki taraplar (daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar).

Daşary ýurt maýa goýumlary diýlende, daşary ýurt maýa goýujylary tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde telekeçilik işiniň

ýa-da başga işiň obýektlerine goýulýan emlägiň we intellektual gymmatlyklaryň ähli görnüşlerine düşünilýär.

Daşary ýurtlardan bolan ýuridiki taraplar Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmedik işiň islendik görnüşini alyp baryp biler.

Döwlet öz milli ykdysadyýýetini, daşary ýurtlarda öz eksportynyň ykdysady ähmiýetini, milli haryt öndürijileriň hem-de sarp edijileriň bähbidini goramalydyr. Şuňa laýyklykda häzirki zaman şertlerinde Türkmenistanyň daşary ykdysady işini kämilleşdirmek, ösdürmek şeýle-de ýurdumyza daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen birnäçe kararlar kabul edildi.

Watanymyzyň ummasyz tebigy baýlyklary we syýasy taýdan durnuklylygy bilen birlikde daşary ýurt maýa goýujylaryna amatly maýa goýum şertleri hem döredilýär. Amatly maýa goýum şertleriniň hataryna salgyt ýeňillikleriniň berilmegini, erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň döredilmegini, daşary ýurt maýasynyň döwlet tarapyndan kepillendirilmegini degişli etmek bolar.

Şol sebäpli daşary ýurt telekeçileriň öz işlerini alyp barmaklygy üçin Türkmenistan amatly ojaklaryň biri hasap edilýär. Ýurduň tebigy baýlyklara baý bolmagy, ilatyň intellektual derejesiniň ýeterlik bolmagy, çet ýurtly telekeçiler üçin amatly hukuk şertleriniň döredilmegi telekeçileriň ilkinji isleýän zerurlyklarydyr. Bu zerurlyklaryň ählisi biziň ýurdumyzda üpjün edilendir.

Daşary ýurtly maýadarlaryň Türkmenistanyň ykdysadyýýetinde esasy maýa goýýan ugurlary: ýangyç-energetika, dokma, oba hojalygy, ulag we aragatnaşyk toplumlary bolup durýar. Soňky döwürde ýokarda ady agzalanlaryň hataryna syýahatçylyk toplumy hem goşuldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň nebit toplumyny ösdürmeklige köp maýa goýumlar goýuldy. Nebiti gazyp almak we gaýtadan işlemek boýunça amala aşyrylýan çärelere ýurduň her bir raýaty şaýatdyr. Täze Galkynyş zamanasynda Hazaryň türkmen ýalpaklygynyň, Amyderýanyň sag kenarynyň, Garagumuň dürli ýerleriniň, Ýaşlar pendi meýdançalarynyň, Hazaryň Türkmenistana degişli ýerleriniň özleşdirilmegi nebit-gaz, energetika syýasatynyň gönüden-göni durmuşa geçirilýändigini aýdyň mysalydyr.

Häzirki wagtda nebit-gaz toplumynda ady belli «Petronas», «Dragon Oil», «Barren Enerji», «Maýersk Oil», «Maýtro» kompaniýalary öndürilen önümi paýlaşmak boýunça baglaşylan ylalaşyk esasynda zähmet çekýärler. Häzirki wagta çenli bu ylalaşygyň taslamalaryna 1,34 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýum goýuldy. Ýurdumyzyň nebit toplumynda ýerine ýetirilen işleriň esasynda nebitiň çykarylyşy 90-njy ýyllarda 3 million tonna bolanlygyndan häzirki wagt 10 million tonna çenli ýokarlandy, 1991–2006-njy ýyllar aralygynda umumy çykarylan nebit 106 million tonna ýetdi. Ýurdumyzyň içinde we daşynda ýokary hilli nebit önümleriniň dürli görnüşlerine artýan islegleri doly kanagatlandyrmak, galyberse-de eksport mümkinçiligini giňeltmek maksady bilen Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagyny, halkara ülňülerine laýyk gelýän önümleriň çykarylmagyny üpjün edýän häzirki zaman tehnologiýalara geçilmegini öz içine alýan özgertmeleriň baş ugry işlenip taýýarlanyldy. Bu taslamalary maliýeleşdirmek ýeňillikli karz esasynda ýerine ýetirildi.

Zawodlar toplumyna goýlan daşary ýurt maýa goýumlarynyň esasynda täze tehnologik ulgamlaryň–suw bilen arassalaýyş we katalitik-reforming desgalarynyň; ýokary hilli benzin öndürýän desganyň, çalgy ýaglaryny öndürýän zawodyň, polipropilen toplumynyň gurluşygy, şeýle-de könelişen senagat enjamlarynyň, suwy süýjedýän desgalaryň, bug gazanlarynyň, elektrik podstansiýalarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, çig maly we taýýar önümi saklamak üçin ammarlaryň gurluşygy amala aşyryldy. Bu işler üçin häzirki wagta çenli 1,5 milliard amerikan dollary möçberinde pul sarp edildi.

2004-nji ýyldan başlap Seýdi şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda hem giň möçberleýin gaýtadan enjamlaşdyryş we durkuny täzeleýiş işleri geçirilip başlandy.

Amala aşyrylan bu işler nebit we nebit önümleriniň Türkmenistanyň eksportyndaky paýynyň ýyl-ýyldan ýokarlanmagyna getirýär. Mysal üçin, 2007-nji ýylda nebit we nebit önümleri Türkmenistanyň daşary söwdasynyň 21,4%-ini tutdy. Esasy bellemeli zat, ol hem bu önümleriň ählisinde daşary ýurt maýasynyň tutýan ornunyň 92%-den hem geçýänligidir.

Geljekde Hazaryň kenarýakasynyň nebit känlerini özleşdirmek işlerine häzirki zaman ösen tilsimatlary we maýa goýumlary goýmaga isleg bildirýän daşary ýurt kompaniýalaryny ýurdumyzyň nebit-gaz toplumyna çekmek göz öňünde tutulýar.

Türkmen döwletiniň tebigy gaz baýlyklarynyň ummasyzdygy hemmelere aýandyr. Eksportymyzyň saldamly bölegini tutýan tebigy gazymyzyň çykarylyşyny has-da artdyrmak maksady bilen Garaşsyzlyk ýyllarynda bu pudakda uly işler amala aşyryldy. Düýpli maýa goýumlarynyň, esasan hem daşary ýurt maýa goýumlarynyň esasynda esasy gaz ýataklarynda gurlan gaz gysyjy desgalar tebigy gazymyzyň köp mukdarda aňsatlyk bilen çykarylyp başlanmagyny üpjün etdi.

Ýurdumyzdaky 10 ýyl Garaşsyzlyk, Ýolguýy, Malaý, Könegala, Gündogar Üçajy we Seýrap gaz ýataklarynda türkmen gazçylary täze guýularyň toplumynyň durkuny täzelediler. Şol bir wagtyň özünde Üňüz aňyrsyndaky Garagumda, Gyzyldepede, Ýaşlar, Tejen, Osman meýdançalarynda hem täze-täze gaz ýataklarynyň üsti açylýar. Gaz gorlarynyň barlanan umumy möçberiniň 90%-den hem gowragy Ojak, Naýyp, Kükürtli, Bagaja, Kerpiçli, Demirgazyk Balguýy, Samandepe, Şatlyk, Böwrideşik, Döwletabat ýaly we ýokarda ady agzalan iri gaz ýataklarynda jemlenendir. Şeýle-de gaz ýataklarynda gazy aňsat usul bilen çykarmak üçin gaz gysyjy desgalaryň birnäçesiniň gurluşygy amala aşyryldy. Ýylda 20 milliard kub metr gaz öndürýän umumy gymmaty 180 million amerikan dollaryna deň bolan Döwletabat II gaz ýatagyndaky, ýylda 65 müň tonna suwuklandyrylan gazy we 65 müň tonna gaz kondensatyny öndürýän umumy gymmaty 22 million amerikan dollaryna deň bolan Gazojakdaky Naýyp gaz ýatagyndaky gaz gysyjy desgalar muňa aýdyň mysal bolup biler. Häzirki wagtda hem daşary ýurt maýa goýumlarynyñ esasynda bu ugur boýunça alnyp barylýan işleriñ güýji peselenok.

Geljekde ýurdumyzyň ykdysadyýetini has-da ösdürmek we türkmen halkynyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak maksady bilen, işlenip taýýarlanylan «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry» Milli maksatnamamyzyň nebit-gaz pudagy boýunça dowamy hökmünde

«Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin» Maksatnamasy işlenilip taýýarlanyldy.

Maksatnamada nebitiň, gazyň çykarylyşyny we gaýtadan işlenilişini hem-de içerki we daşarky sarp edijilere ugradylyşyny, ýangyç serişdeleriniň çig mal binýadyny mundan beýläk-de ösdürmek üçin geçiriljek işleriň esasy ugurlary we möçberleri kesgitlenildi. Ýangyç serişdeleriniň gorlary boýunça dünýäniň iň baý ýurtlarynyň biri bolan Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamanyň esasy görkezijilerine laýyklykda ýangyç serişdeleriniň we olaryň gaýtadan işlenilip alnan önümleriniň dünýä bazarlaryna ýerlenişini artdyrmak boýunça ägirt uly öňegidişlikleri amala aşyrar.

Maksatnamada bellenilen bu belent sepgitlere nebit we gaz çykarmak işlerini döwrebap geçirmegiň ähli tapgyrlarynda, ýagny gözleg-agtaryş, burawlama işleri, känleri işläp geçmek, önüm çykarmak, olary gaýtadan işlemek we daşamak boýunça häzirki zaman tilsimatlaryny ornaşdyrmak bilen ýetiler.

Türkmenistanyň, şol sanda Hazar deňziniň türkmen böleginiň nebit-gaz gorlary babatdaky mümkinçiliklerine täze gözleg-agtaryş, önüm çykaryş maglumatlary hem-de daşary ýurtlaryň garaşsyz kompaniýalarynyň bilermenlik taýdan berýän bahalary nazara alnanda, mukdar taýdan baha berilmegine laýyklykda, ýurdumyzda jemi başlangyç ýangyç serişdeler 45,4 trln kub metr şertli ýangyçdan ybaratdyr. Bu serişdeleriň ägirt uly bölegi–18,2 trln kub metri, şol sanda 12,0 mlrd tonna nebit we 6,2 trln kub metr tebigy gaz Hazar deňziniň türkmen böleginde ýerleşýär. Häzirki güne çenli bu ýerden nebit bilen gaz kondensaty we 3 trln kub metre golaý tebigy gaz çykaryldy.

Nebit-gaz serişdeleriniň özleşdirilen gorlary jemi çykarylýan başlangyç serişdeleriň bary-ýogy bäşden bir bölegine barabardyr. Munuň özi alnyp bilinjek serişdeleri nebitiň we gazyň senagat ähmiýetli gorlarynyň derejesine ýetirmek maksady bilen, gözleg-agtaryş işleriniň giň möçberde ýaýbaňlandyrylmagyny talap edýär.

Nebitiň we tebigy gazyň çykarylyşyny artdyrmak üçin olaryň ygtybarly gorlaryny üpjün etmek maksadyna eýerip, gözleg-agtaryş hem-de çuň burawlaýyş işleriniň zerur möçberlerini geçirmekde

netijeliligi ýokarlandyrmak üçin täze tilsimatlary we usulyýetleri ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar. 2007–2030-njy ýyllar aralygyndaky döwürde 143005 km 2D görnüşli, 37890 km² 3D görnüşli seýsmiki gözleg işleri geçiriler. Şu döwürde nebit we gaz maksatly gazyljak guýularyň umumy çuňlugy 6496 müň metre barabar bolar. Gözleg--agtaryş işleriniň esasy ugurlary bolan, nebiti hem-de gazy işläp geçirmek 2030-njy ýyla çenli döwürde şu ýerlere gönükdiriler:

**Türkmenistanyň günbatarynda:**

– Akpatlawuk, Çekiçler, Şatut, Nebitlije, Gündogar Çeleken we beýleki geljegi uly meýdanlarda nebit-gazly üsti açylmadyk gatlaklarda goşmaça barlaglary geçirmegiň hasabyna;

– Nebitlije we Çeleken meýdanlarynda önümliligi subut edilen, önüm alynýan gatlaklardan aşakda ýerleşýän täze ýataklara;

– Hazar deňziniň türkmen bölegine.

**Türkmenistanyň gündogarynda:**

– Günorta Ýöleten, Şatlyk, Bagaja gazly zolaklaryna we Amyderýanyň sag kenaryna;

– Giň göwrümli Günorta Ýöleten nebit-gaz ýatagynyň nebitli gatlaklaryna;

– Murgap we Bokurdak sebitiniň çuň gatlaklaryna.

Türkmenistan boýunça 2007–2030-njy ýyllar aralygynda nebit gorlarynyň umumy artdyrylyşy 3,56 mlrd tonna barabar bolup, tebigy gazyň gorlarynyň umumy artyşy 5,5 trln kub metre ýetiriler.

Maksatnama laýyklykda gazyň çykarylyşy 2010-njy ýylda 120 mlrd kub metre, 2020-nji ýylda 175 mlrd kub metre we 2030-njy ýylda bolsa 250 mlrd kub metre barabar bolar. 2007–2030-njy ýyllar aralygyndaky döwürde 4,1 trln kub metr gaz çykarylar, şol sanda onuň 3,2 trln kub metri daşary ýurtlara iberiler. Gazyň içerki sarp edilişi senagat hajatlary hasaba alnanda 2007-nji ýylda 20 mlrd kub metr bolanlygyndan 2030-njy ýylda 50 mlrd kub metre çenli ýokarlanar. Ýurduň içinde gazyň sarp edilişi, esasan, ilat sanynyň artmagynyň hem-de ýurdumyzyň tebigy gazy ulanýan senagat pudaklarynyň ösmeginiň hasabyna ýokarlanar.

Tebigy gazyň daşary ýurtlara iberilişi 2020-nji ýylda 140 mlrd kub metr we 2030-njy ýylda 200 mlrd kub metr möçberinde meýilleşdirilýär.

Tebigy gazy daşary ýurtlara akdyrmagy ulanyp gelinýän hem-de taslamasy düzülýän gaz geçirijiler we ugurlar boýunça amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Gaz çykarmak boýunça tabşyryklary ýerine ýetirmek işläp gelýän Döwletabat, Maýa, 10 ýyl Garaşsyzlyk, Körpeje we beýleki ýataklardan gaz çykarmak boýunça kuwwatlyklary artdyrmagyň hasabyna üpjün ediler.

Gaz çykarmak boýunça kuwwatlyklary geljekde has-da artdyrmak täze ýataklary işe girizmegiň we öňküleri gaýtadan enjamlaşdyrmagyň hem-de şu aşakdaky geljegi uly sebitleri özleşdirmegiň hasabyna amala aşyrmak göz öňünde tutulýar:

—2007-nji ýyldan başlap Akpatlawuk ýataklar toparyny;

—2009-njy ýyldan başlap Hazar deňziniň türkmen böleginiň ýataklaryny we geljegi uly meýdanlaryny; Garabil, Gurrukbil ýataklar toparyny; Amyderýanyň sag kenaryny;

—2010-njy ýyldan başlap Günorta Ýolöten gaz ýataklar toplumyny; Garajaowlak ýataklar toparyny;

—2022-nji ýyldan Merkezi Türkmenistanyň Bokurdak nebit-gazly sebitiniň agtaryşdaky we täze üsti açyljak ýataklaryny;

—2024-nji ýyldan Gammar we Şatlyk gazly sebitleriň täze üsti açyljak ýataklaryny.

Geljegi uly täze ýataklary özleşdirmek bilen bir hatarda tebigy gazy taýýarlamagy, gaýtadan işlemegi we akdyrmagy üpjün etmek üçin degişli binýatlyk ulgamyň kuwwatlyklary hem dörediler.

Gazyň çykarylyşyny artdyrmak üçin maýa goýumlaryň esasy möçberi ilkinji nobatda guruljak şu aşakdaky desgalaryň gurluşygyna gönükdiriler:

—Garabil–Gurrukbil ýataklar toparyny 2009-njy ýylda işe goýbermek üçin enjamlaşdyrmaga birinji tapgyrda goýuljak maýa goýumyň möçberi 2,5 mlrd amerikan dollary, onuň ýyllyk kuwwatlylygyny 80 mlrd kub metre ýetirmek üçin 2024-nji ýyla çenli goýuljak maýa goýumyň jemi möçberi 10 mlrd amerikan dollary;

—Garajaowlak ýataklar toparyny 2010-njy ýyldan başlap işe goýbermek üçin (kuwwatlylygy ýylda 3 mlrd kub metr tebigy gaz) enjamlaşdyrmaga 1,5 mlrd amerikan dollary gönükdiriler. 2020-nji ýylda gazyň ýyllyk çykarylyşyny 65 mlrd kub metre ýetirmek

üçin ýataklar toparyny enjamlaşdyrmaga 2 mlrd amerikan dollary möçberinde maýa goýum goýmak göz öňünde tutulýar.

Maksatnamada nebitiň çykarylyşyny 2010-njy ýylda 20 mln tonna, 2020-nji ýylda 50 mln tonna, 2025-nji ýylda 80 mln tonna we 2030-njy ýylda 110 mln tonna çenli ýetirmek göz öňünde tutulýar. Nebitiň daşarky bazarlara çykarylyşyny 2020-nji ýylda 30 mln tonna, 2030-njy ýylda bolsa 80 mln tonna ýetirmek meýilleşdirilýär. 2007–2030-njy ýyllar aralygyndaky döwürde nebit çykarmagyň umumy möçberi 1190 mln tonna barabar bolar.

Hazar deňziniň türkmen böleginiň ägirt uly ýangyç serişdelerini alyp, nebitiň çykarylyşynyň esasy ösüşi deňiz içi we kenarýaka deňiz toplumlarynyň özleşdirilmeginiň hasabyna gazanylar. Nebit çykarmagyň ep-esli derejede ösüşini şu aşakdakylaryň hasabyna gazanmak göz öňünde tutulýar:

—Goturdepe, Barsagelmez, Akpatlawuk, Keýmir, Gündogar Çeleken, Gögerendag, Körpeje, Nebitlije, Şatut ýaly işläp gelýän ýataklarda iň  täze tilsimatlary ulanmagyň;

—Hazar deňziniň türkmen böleginiň nebit ýataklarynyň we geljegi uly meýdanlarynyň;

—işlenip geçilýän gatlaklardan aşakda ýerleşen gatlaklary, Günbatar Türkmenistanyň geljegi uly bolan meýdanlaryny özleşdirmegiň;

—Hazarýaka zolagynyň geljegi uly meýdanlarynyň;

—Günorta Ýolöten sebitiniň nebitli gatlaklarynyň;

—Bokurdak sebitiniň ýataklarynyň we geljegi uly meýdanlarynyň.

Täze tilsimatlary ornaşdyrmak babatda işläp gelýän we täze işe girizilen ýataklarda ýapgyt-gönükdirilen, kese guýulary burawlamagyň tilsimatlaryny ulanmak we şol bir wagtda bir guýuda birnäçe gatlaklary aýratynlykda ulanmagy ornaşdyrmak bellenildi. Goturdepe, Barsagelmez ýataklarynda nebitiň çykarylyşynyň möçberini saklap galmagy guýularyň we gatlaklaryň önümliligini artdyrmak boýunça ýokary netijeli tilsimatlary ornaşdyrmagyň, guýulary düýpli abatlamagyň, nebit çykarmagyň gazlift, wintli we beýleki mehanizmleşdirilen usullaryna geçmegiň hem-de gatlaklaryň

nebit berijiligini ýokarlandyrmagyň dürli usullaryny ulanmagyň hasabyna üpjün etmek göz öňünde tutulýar.

Nebitiň daşary ýurtlara iberilmegi milli tanker flotuny döretmegiň, goşmaça deňiz terminalyny we täze nebit geçirijilerini gurmagyň hasabyna dürli ugurlar boýunça amala aşyrylar.

2030-njy ýyla çenli önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň taslamalaryna 56,8 mlrd amerikan dollaryna çenli serişdäniň maýa goýumlary göz öňünde tutulýar. 2030-njy ýylda önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň taslamalary boýunça nebitiň çykarylyşy kenarýaka toplumlaryny hasaba alanyňda 50 mln tonna we gazyň çykarylyşy 77 mlrd kub metre deň bolar. 2007–2030-njy ýyllar aralygynda önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň çäklerinde 527 mln tonna nebit (gaz kondensaty bilen bilelikde) we 796 mlrd kub metr tebigy gaz çykarylar. Önümi paýlaşmak hakyndaky ylalaşyk boýunça daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan çykarylan nebitiň we gazyň möçberinde Türkmenistanyň paýy 60%-den hem gowrak bolar.

Geljegi uly kenarýaka deňiz toplumlaryny özleşdirmek önümi paýlaşmak hakyndaky ylalaşygyň taslamalaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde «Türkmennebit» döwlet konserniniň başda durmagynda häzirkizaman ösen tilsimatlary we maýa goýumlary çekmek arkaly daşary ýurt kompaniýalary bilen bilelikde amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda täze tehnologik desgalary kuwwatlylygyna ýetirmegiň, Türkmenbaşydaky we Seýdidäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda nebiti ilkinji gezek gaýtadan işleýän täze desgalary gurmagyň, işläp gelýän desgalary toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmagyň, durkuny täzelemegiň we olary düýpli abatlamagyň hasabyna 2020-nji ýylda nebiti gaýtadan işlemegiň möçberi 20 mln tonna ýetiriler.

2025-nji ýylda Balkan welaýatynda we 2030-njy ýylda Ahal we Mary welaýatynda işe goýberiljek täze nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň hasabyna 2025-nji ýylda nebiti gaýtadan işlemegiň möçberi 22 mln tonna we 2030-njy ýylda bolsa 30 mln tonna barabar bolar.

Daşary ýurtlara ýerlenilýän nebit önümleriniň möçberini 2010-njy

ýylda 8 mln tonna, 2020-nji ýylda 14 mln tonna we 2030-njy ýylda 20 mln tonna ýetiriler.

Polipropileniň ýyllyk öndürilişi 2020-nji ýylda 217 müň tonna we 2030-njy ýylda 500 müň tonna ýetiriler.

Tebigy we ugurdaş gazy gaýtadan işlemegiň hasabyna suwuklandyrylan gaz (propan+butan) almak üçin:

– deňiz ýataklarynda—ýyllyk öndürijiligi 1 mln tonna bolan;

– Akpatlawuk—Keýmir—Çekiçler ýataklarynda ýyllyk öndürijiligi 200 müň tonna bolan täze kuwwatlyklary gurmak göz öňünde tutulýar.

Nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň öndürijiligini ýokarlandyrmagyň we täze guruljak nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň hasabyna 2030-njy ýylda suwuklandyrylan gazyň öndürilişi 800 müň tonna ýetiriler.

Suwuklandyrylan gazyň öndürilişiniň möçberi işläp gelýän kuwwatlyklary hasaba alanyňda 2020-njy ýyla çenli 2 mln tonna we 2030-njy ýyla çenli bolsa 3 mln tonna ýetiriler.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň dokma senagatyna maýa goýumlaryň işjeň çekilmegi, bu toplumy senagatyň düzümini kämilleşdirmekde ähmiýetli ugurlaryň birine öwürdi. Pagta süýümini gaýtadan işlemek we ondan ýokary hilli önümleri öndürmek bu pudagyň esasy wezipeleriniň biri boldy. 90-njy ýyllaryň başlarynda 12 müň tonna golaý pagta süýümi işlenip, taýýar önüm alynýardy. Soňky döwürlerde pagtany gaýtadan işleýän kärhanalaryň giň gerimde gurulmagy we onuň kuwwatlyklarynyň özleşdirilmegi ýurduň dokma senagatyny düýpli özgertdi. Türkmenistanda pagta süýüminiň aglaba bölegi taýýar önüm üçin gaýtadan işlenilýär. Bu bolsa ýurtda pagta çig mal birligine 4–5 esse köp goşmaça girdeýji almaga mümkinçilik berýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde nah mata ýüplügini, jins matasyny, trikotaž öndürýän dokma fabrikleriň onlarçasy guruldy we ulanmaga berildi. Olaryň hataryna Aşgabat şäherindäki Türkmenbaşy dokma toplumy, Gypjagyň Saparmyrat Nyýazow adyndaky dokma toplumy, Ruhabat etrabyndaky Türkmenbaşy adyndaky jins toplumy, Gökdepäniň Atamyrat Nyýazow adyndaky dokma toplumy, Wekilbazar etrabyndaky Gurbansoltan eje adyndaky dokma fabrigi,

Halaç etrabyndaky Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky nah ýüplük egriji fabrigi şeýle-de Kaka etrabyndaky Serdar pamyk egriji fabrigi, Baýramalynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky dokma toplumy, Tagtabazar etrabyndaky pagta egirme fabrigi, Baharly etrabyndaky Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýüplük we dokma fabrikleri, Türkmengala etrabyndaky Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky pagta egirme fabrigi, Sakarçäge etrabyndaky Gurbansoltan Atamyradowa adyndaky pagta egirme fabrigi degişlidir. Häzirki wagtda bu kärhanalaryň ählisi dünýä ülňülerine laýyk gelýän önümleri öndürýär. Şonuň üçinem, ol önümler daşary ýurtda uly islegden peýdalanýar. Ýokary hilli bu önümleriň 90%-e golaýy dünýä bazaryna çykarylyp, esasan, Germaniýa, ABŞ, Daniýa, Gollandiýa, Hindistan, Türkiýe döwletlerine satylýar.

Pagtaçylyk ýurduň oba hojalygynyň möhüm pudaklarynyň biridir. Pudagy ösdürmek mydama hormatly Prezidentimiziň üns merkezinde saklanýar. Täze müňýyllygyň başynda Prezidentimiziň pagtaçylaryň öňünde goýan esasy wezipesi hasyllylygy ýokarlandyrmagyň hasabyna pagta çig malynyň öndürilişiniň ösüşini ýokary depginlere ýetirmekden, şeýle hem pagtanyň inçe süýümli görnüşleriniň öndürilişini artdyrmakdan ybaratdyr.

Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllary içinde dünýäniň gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Maýa goýumlaryň hasabyna ulag ulgamynda buýsandyryjy uly gurluşyklar amala aşyryldy. Ýurdumyzyň gara ýollarynyň durky abatlanyldy, dünýä ülňülerine gabat gelýän ýollaryň birnäçesi çekildi. Aşgabat—Gökdepe, Aşgabat—Türkmenbaşy, Aşgabat—Daşoguz, Aşgabat şäheriniň ýollaryny abatlamak we başga-da birnäçe gara ýollaryň gurulmagy we ulanmaga berilmegi uly öwgä mynasypdyr.

Demir ýollary ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde aýratyn orna eýedir. Maýa goýumlaryň esasynda demir ýol gurluşygy uly ösüşe eýe boldy. Türkmen gurluşykçylarynyň Türkmenabat–Kerki–Kerkiçi, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýollarynyň gurulmagy muňa aýdyň mysal bolup biler. Umumy gymmaty 104 million ABŞ dollaryna deň bolan Tejen–Sarahs–Maşat demir ýol arkaly Pars aýlagyna göni çykmaklyga mümkinçilik döredi. Aşgabat—Daşoguz aralygynda gurlan demir ýol ýurdumyzyň demir ýol ulgamynyň üstüni ýetirdi. Şeýle-de

halkara demir ỳol halkasyna öwrüljek Demirgazyk–Günorta demir ỳoly bize Ỳewropa ỳurtlaryna çykmaga hem-de üstaşyr gatnaw ỳollarynyň çatrygyna öwrülmegimize mümkinçilik berer.

Türkmenistanda deňiz gämiçiligini ösdürmeklige hem uly üns berilýär. Türkmenbaşy duralgasynyň durkunyň abatlanylmagy munuň aýdyň mysalydyr. Ýurdumyzyň deňiz gämiçiligi Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow, Galkynyş we Türkmenbaşy ýaly halkara ülňülerine laýyk gelýän tehnologiýalar boýunça ýasalan gämileriň, konteýnerleri ýükleýjileriň, treýlerleriň, tirkegleriň hasabyna baýlaşdyryldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň howa ýollaryny ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy. Bu ugurdaky ilkinji ädimleriň biri paýtagtymyzda dünýä derejelerine laýyk gelýän halkara aeroportuň gurulmagy bilen başlandy. Netijede, uzynlygy 3800 metrlik ikinji uçuş-gonuş zolagy bolan Aşgabat aeroporty häzirki wagtda islendik görnüşdäki hem-de dürli ýük göterijilikdäki uçarlary kabul edip bilýär. Häzirki wagtda dünýä ülňülerine laýyk gelýän şeýle aeroportlar Mary we Türkmenbaşy şäherlerinde guruldy. Hereket edýän beýleki aeroportlary hem gysga wagtyň içinde dünýä ülňülerine laýyk getirmek göz öňünde tutulýar.

Uglewodorod çig mallaryna baý ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde we kämilleşdirmekde geçiriji turbalaryň ähmiýetini göz öňünde tutup ýurdumyzyň nebit-gaz geçiriji turbalaryny abatlamak we gurmak boýunça köp işler edilýär. Maýa goýumlaryň hasabyna Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Russiýa–Ukraina gaz geçirijisiniň Türkmenistana degişli böleginde abatlaýyş işleri ýerine ýetirildi. Şeýle-de Türkmenistan–Eýran gaz geçirijisiniň gurluşygy amala aşyryldy we 1997-nji ýylda ulanmaga berildi.

2007-nji ýylyň 29-njy awgustynda hormatly Prezidentimiziň hut özüniň şeýle-de Hytaýyň nebit-gaz korporasiýasynyň başlygynyň gatnaşmagynda Lebap welaýatynda umumy türkmen-hytaý gaz geçirijisiniň düýbi tutuldy. Bu gaz geçirijisi 2009-njy ỳylyň 14-nji dekabrynda ulanylmaga berildi. «Asyryň taslamasy» diỳip at alan bu geçirijiden her ỳylda 40 milliard kub metr tebigy gaz ugradylar. Hytaýa iberiljek tebigy gaz Amyderýanyň sag kenaryndaky gaz gorlarynyň

hasabyna amala aşyrylar. Türkmen we hytaý hünärmenleriniň geçiren barlaglarynyň netijesinde bu ýerde, takmynan, 1,3 trillion kub metr gaz gorlarynyň bardygy belli edildi.

Ýurdumyzyň elektrik energiýa önümçiliginiň geljekki mümkinçilikleriniň ýokarydygy göz öňünde tutulyp bu ugurda hem köp işler amala aşyryldy. Türkmen energetikleri Antguýy–Şybyrgan–Mazari–Şarif halkara elektrik geçirijisiniň Antguýudan–Şybyrgana çenli 70 kilometrlik böleginiň, şeýle-de Serhetabat–Hyrat aralygyndaky elektrik geçirijisiniň gurluşygyny amala aşyrdylar. Birnäçe elektrik stansiýalaryň durky täzelendi. Durky täzelenen elektrik stansiýalarynyň hataryna Balkanabat–Alyabat–400 ÝES-ini, Abadan GRES-ini degişli etmek bolar.

Täze Galkynyş eýýamynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda geçirilýän reformalaryň netijesinde syýahatçylyk ýurduň daşary ýurt maýa goýumlarynyň işjeň goýulýan pudagyna öwrüldi. Erkin ykdysady zolak diýlip yglan edilen, gojaman Hazaryň kenarynda düýbi tutulan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy muňa aýdyň mysaldyr. Taslama laýyklykda, bu syýahatçylyk zolagyň umumy uzynlygy 16 km bolup, ol 3 tapgyrda amala aşyrylar. Bu syýahatçylyk zolagyň çäklerinde jemi 60 myhmanhana, 4 sany çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezi, 5 sany ähli mümkinçilikleri bolan şypahana, şeýle-de iri sport merkezleri gurlar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gurluşygyna dünýäniň ady belli Buig, Graniti koza, Sehil, Içkale, Engin, Itera, Pars Enerji, Polimeks ýaly gurluşyk kompaniýalary gatnaşýarlar.

Bu taslamany durmuşa geçirmek üçin jemi 4 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýum goýmaklyk göz öňünde tutulýar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny gurmak bilen:

—dünýä ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň biri bolan syýahatçylygy özgertmegiň we ösdürmegiň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýasyny gazanmaklyk;

—Hazarýaka sebitinde tilsimat, ulag we sosial infrastrukturalary kämilleşdirmeklik;

—ilatymyzy täze iş ýerleri bilen üpjün etmeklik;

—raýatlarymyzyň we daşary ýurt syýahatçylarynyň saglygyny berkitmeklik;

—Hazaryň türkmen bölegindäki ägirt uly tebigy baýlyklary ýerlikli ulanmaklyk;

—ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmeklik, deňziň biodürlüligini saklamaklyk maksat edilýär.

Geljekde bu syýahatçylyk zolagynda dynç almaga isleg bildiren syýahatçylar we bu ýerde işleýän daşary ýurtly hünärmenler üçin ýeňillikli wiza düzgüni giriziler. Şeýle-de bu zolakda öz işini amala aşyrýan kompaniýalara salgyt we beýleki ýeňillikler berler.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistan halkara we sebitara maliýe guramalaryň birnäçesi bilen içgin aragatnaşyk saklap gelýär. Bu aragatnaşyklaryň ýurduň ykdysadyýeti üçin, halkara arenada syýasy abraýynyň ýokary bolmagy üçin uly ähmiýeti bardyr. Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň abraýly halkara we sebitara guramalary bolan: Halkara pul gaznasy, Ýewropa ösüş banky, Aziýa ösüş banky, Yslam ösüş banky bilen içgin aragatnaşyk saklaýar.

Şeýlelik bilen, Täze Galkynyş eýýamynda il-ýurt bähbitli beýik işleri amala aşyrýan hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygy esasynda alnyp barylýan üstünlikli maýa goýum syýasaty üznüksiz önümçiligi alyp barmagyň möhüm delili bolup, ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň baş ugurlarynyň wezipelerini ýerine ýetirmegiň barşynda durmuş meselelerini çözmäge we ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga ýardam berýär.

Daşary ykdysady syýasatyň işlenip düzülmegi we onuň işjeň durmuşa geçirilmegi bilen ýurdumyzda asyrlara barabar işler ýerine ýetirildi. Döwletimiz dünýä ykdysadyýetinde parahat, asuda, ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösýän döwlet hökmünde tanalyp başlady. Daşary ykdysady syýasatyň dogry amal edilmegi netijesinde ýurdumyz çig mal öndürýän döwletden taýýar önüm öndürip satýan döwlete öwrüldi. Maýa goýum syýasatynyň esasynda ýurdumyzyň gaýtadan işleýän senagatynyň düýbüniň tutulmagy dowam edýär. Gaýtadan işleýän senagatyň düýbüniň tutulmagy ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürmäge ýardam berdi. Häzir ýurdumyzyň gaýtadan işleýän senagatynyň taýýar önümleri dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýar. Ýurdumyzyň söwda hyzmatdaşlary ýyl-ýyldan artýar, bu bolsa öz gezeginde daşary söwda dolanyşygynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Häzirki wagtda ýurdumyz dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 40-dan gowrak halkara guramalaryň agzasy boldy. Bu döwletli işleriň ählisi hormatly Prezidentimiziň akylly-başly, öňdengörüjilikli, çuň oýlanyşykly daşary ykdysady syýasaty esasynda amal edildi.

Geljekde hem ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasatyna esaslanýan berk binýatly ykdysadyýetiň ösüşini dowam etdirmek üçin, öwrenilen we seljerilen maglumatlara görä, ýurdumyzyň daşary söwdasynda ýüze çykýan näsazlyklary aradan aýryp, daşary söwda dolanyşygyny ýokarlandyrmak maksady bilen:

– ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň geografiki düzüminiň giňeldilmegini gazanmak;

– daşary söwda dolanyşygynda importyň (azyk önümleriň) paýynyň peseldilmegini, eksportyň paýynyň (ýokary hilli nebit önümleriň, energetika, himiýa we dokma toplumlaryň önümleriniň) ýokarlandyrylmagyny gazanmak:

– gaýtadan işleýän senagaty bina etmeklige maýa goýumlaryň goýulmagyny dowam etdirmek ýaly işleriň ýerine ýetirilmegi wajyp bolup durýar.

Geljekde ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýlan maýa goýumlaryň özüni ödeýşini çaltlandyrmak aşakdaky çäreleriň amala aşyrylmagy esasynda amal ediler:

– pudaklaryň arasynda ýagny, çig mal pudaklary bilen gaýtadan işleýän pudaklaryň arasynda ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmak;

– çig mal pudaklarynyň önüm öndürişini ýokarlandyrmak we şonuň netijesinde önümçiligi doly derejede çig mal bilen üpjün etmek;

– hereket edýän we täze önümçilige girizilen kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklarynyň netijeli peýdalanylmagyny ýokarlandyrmak;

– ýokary ykdysady ösüşi saklamak üçin hökman nyrh emele getiriş syýasatyny, aýratyn hem işçi güýjüni kämilleşdirmek.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ỳurdy. Aşgabat, 2008.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. I tom. Aşgabat, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saỳlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saỳlanan eserler. II tom. Aşgabat. 2009.

6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.

7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.

9. Täze Galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy: 2007-nji ýyl. Aşgabat, 2008.

10. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2009.

11. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy (2008-nji ýylyň 26--njy sentýabry). «Türkmenistan» gazeti, 29.11.08.

12. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.

13. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2003.

14. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Aşgabat, 2010.

17 *Işangulyýew Ö. we beýlekiler.* Halkara ykdysady gatnaşyklar. Aşgabat, 2001.

18. *Işangulyýew Ö. we beýlekiler.* Dünýä ykdysadyýeti. Aşgabat, 2001.

19. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000—2009. Aşgabat, 2007.

20. *Ломакин В.К.* Мировая экономика. Учебник для вузов. М. ЮНИТИ. 2008.

21. *Рыбалкина В.Е.* Международные экономические отношения. Москва, 2008.

22. *Булатова А.С.* Мировая экономика. Москва, 2008.

23. *Хаширов О. А.* Предпринимательство в сфере услуг. Санкт-Петербург, 1993.

# MAZMUNY


**Giriş** ........................................................................................ 7
**1-nji bap. Halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň ähmiýeti** ...... 9
1.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde daşary bazaryň zerurlygy ................. 9
1.2. Häzirki zaman dünýä bazarynyň aýratynlyklary ...............................13
1.3. Dünýä söwdasynyň düzümi we kapital eksporty ..............................16
1.4. Senagat taýdan ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň esasy ykdysady meseleleri ..........................................................................................17
1.5. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň orny ................20

**2-nji bap. Halkara söwdadaky şertnamalar** ....................................... 23
2.1. Daşary ykdysady gatnaşyklaryň mazmuny .................................... 23
2.2. Haryt alyp-satmak hakyndaky şertnamalarynyň düzümi ................. 24
2.3. Şertnamalaryň görnüşleri we aýratynlyklary ................................... 28

**3-nji bap. Kapitalyň dünýä bazary we halkara karz** .......................... 33
3.1. Kapitalyň halkara hereketi daşary ykdysady gatnaşyklaryň bir görnüşidir ........................................................................................ 33
3.2. Ssuda kapitalynyň dünýä bazary ..................................................... 36
3.3. Halkara karzyň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti ............................... 40
3.4. Dünýä maýa bazaryndaky karz amallaryň görnüşleri ...................... 42
3.5. Türkmenistan dünýäniň maýa goýum merkezleriniň biridir ............ 43

**4-nji bap. Halkara söwdanyň karzlaşdyrylmasy** ................................ 46
4.1. Halkara söwdany karzlaşdyrmagyň görnüşleri ................................ 46
4.2. Halkara karzyň esasy şertleri ........................................................... 48
4.3. Lizing halkara söwdany karzlaşdyrmagyň bir görnüşi hökmünde ......................................................................................... 48
4.4. Türkmenistanyň eksportyny ösdürmekde halkara karzyň ähmiýeti ........................................................................................... 50

**5-nji bap. Inžiniring kompaniýalarynyň halkara söwdasy** ................ 53
5.1. Inžiniring we onuň mazmuny .......................................................... 53

5.2. Inžiniringiň aýratynlyklary ............................................................... 54
5.3. Inžiniring hyzmatlarynyň halkara söwdasyny guramak .................. 57
5.4. Inžiniring kompaniýalarynyň halkara bäsleşik ukybynyñ faktorlary ................................................................................................ 59
5.5. Inžiniring hyzmatlaryna baha kesmegiň aýratynlyklary .................. 61
5.6. Dünýäniň iri inžiniring kompaniýalary we olaryň häzirki akym meýilleri ..................................................................................................... 62

**6-njy bap. Dünýä nyrhlary we Türkmenistanyň eksport kuwwaty** ......................................................................................... 65
6.1. Dünýä bahasynyň emele gelşi ..........................................................65
6.2. Dünýä bahasyna täsir edýän faktorlar ..............................................69
6.3. Dünýä bahasynyň kesgitlenişi ..........................................................72
6.4. Dünýä bazarynda bahalaryň hereketi ...............................................75
6.5. Türkmenistanyň eksport edýän harytlarynyň dünýä bahasy .............87

**7-nji bap. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ulag üpjünçiligi** .............92
7.1. Ulaglaryň görnüşleri .........................................................................92
7.2. Ulag amallarynyň mazmuny .............................................................95
7.3. Halkara ulag ylalaşyklary we ulag amallaryny gurnamak ..................96
7.4. Ulag amallarynyň bazis şertleri .........................................................99

**8-nji bap. Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty** .....................104
8.1. Daşary ykdysady syýasatyň düýp mazmuny we aýratynlyklary ......104
8.2. Türkmenistanyň daşary söwda syýasaty ..........................................109
8.3. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlary .....118
Peýdalanylan edebiýatlar .....................................................................133

*Arslan Kazygulyýew, Oguljemal Geldimuhammedowa,*
*Orazjemal Çaryýewa*

# DAŞARY YKDYSADY IŞ

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy*

| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Halymowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Penaýew* |

Ýygnamaga berildi 21.01.2011. Çap etmäge rugsat edildi 15.04.2011.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 8,5. Şertli reňkli ottiski 34,38.
Hasap-neşir listi 8,25. Çap listi 8,5. Sargyt № 273. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň
Balkan welaýat çaphanasy.
Balkanabat, Magtymguly şaýoly, kw. 148, j. 1.